145.0 x 215.0 mm

**J. Hanaýewa, M. Babaýewa,**
**P. Ekäýew**

# ZÄHMETIŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2018

145.0 x 215.0 mm

UOK 378:331
H 21

**Hanaýewa J. we başg.**
**H 21** **Zähmetiň ykdysadyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

Zähmetiň ykdysadyýeti okuw dersiniň baş maksady geljekki ykdysatçy hünärmenlere jemgyýet tarapyndan önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda, ony maddy we ruhy taýdan höweslendirmekde, işçi güýjüni taýýarlamakda, zähmeti guramakda ykdysady kanunlaryň takyk usullarynyň ulanylyşyny öwretmek bilen, olarda şu babatdaky başarnyklary we endikleri kemala getirmekden ybaratdyr. Bu okuw kitaby ykdysady hünärler boýunça okaýan talyplara niýetlenip, ondan ykdysatçylar we zähmetiň ykdysadyýeti bilen gyzyklanýanlar peýdalanyp bilerler. Okuw kitabynyň I, V, VI, VIII, IX, X, XI, XII baplary J. Hanaýewa, II, III, IV, VII baplary P. Ekäýew we M. Babaýewa tarapyndan taýýarlanyldy.

TDKP № 210, 2018 KBK 66.72 (2) ýa 73

© J. Hanaýewa we başg., 2018.

145.0 x 215.0 mm



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

145.0 x 215.0 mm

145.0 x 215.0 mm



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

145.0 x 215.0 mm

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan içeri we daşary syýasatlarynda zähmet bilen baglanyşykly meseleler esasylaryň hatarynda durýar. Ilatyň zähmet girdejilerini yzygiderli artdyrmak, işgärleriň aýlyk haklaryny ýokarlandyrmak, zähmet baradaky kanunçylygy kämilleşdirmek, ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak babatda işleri durmuşa geçirmek ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş syýasatynyň mazmunyny düzýär. Toplumlaýyn amala aşyrylýan Döwlet Maksatnamalarynda, şol sanda «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasynda» ýurdumyzda durmuş-zähmet gatnaşyklaryny kämilleşdirmäge, ilatyň ýaşaýyş we zähmet medeniýetini ýokarlandyrmaga uly üns berilýär. Zähmetiň ykdysadyýeti ylmy hem, öz gezeginde, tutuş jemgyýetdäki we kärhanalardaky durmuş-zähmet gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri çözmegi wezipe edinýär. Şu nukdaýnazardan, «Zähmetiň ykdysadyýeti» dersi boýunça okuw kitabynyň taýýarlanmagynyň ähmiýeti örän ýokarydyr.

«Zähmetiň ykdysadyýeti» okuw kitabynyň esasy maksady hormatly Prezidentimiziň zähmet meselesi boýunça alyp barýan syýasatynyň mazmunyny talyp ýaşlara düşündirmekden, şeýle hem talyplaryň zähmet bilen baglanyşykly düşünjelerini has-da giňeltmekden we çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr.

Zähmetiň ykdysadyýeti ylym hökmünde zähmet gatnaşyklarynyň çäginde ykdysady kanunalaýyklyklary öwrenýär. Okuw kitabynda zähmet we zähmet gatnaşyklarynyň nazary we amaly taraplary giňden öwrenilýär.

Bu okuw kitaby ykdysady hünärler boýunça okaýan talyplara niýetlenip, ondan ykdysatçylar we zähmetiň ykdysadyýeti bilen gyzyklanýanlar peýdalnyp bilerler.

145.0 x 215.0 mm

# I BAP. BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ BAGTYÝARLYK DÖWRÜNDE ZÄHMETIŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÄHMIÝETI

## 1.1. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe durmuş-zähmet syýasatynyň häsiýetli taraplary

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, ykdysady ylymlaryň doktory Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynyň «Durmuş syýasaty düşünjesi, onuň wezipeleri, maksatlary hem mazmuny» bölüminde durmuş syýasatyna şeýle kesgitleme berilýär: «*Durmuş syýasaty* – jemgyýetçilik durmuşynyň durmuş-ykdysady şertlerini sazlaşdyrmak boýunça döwletiň alyp barýan işiniň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. *Durmuş syýasatynyň baş maksady* ilatyň dürli toparlarynyň içinde we olaryň arasynda sazlaşykly gatnaşyklary saklamak bilen, jemgyýetiň her bir agzasynyň mynasyp ýaşamagyny hem abadan ýaşaýşyň hözirini görmegini üpjün etmekden, ilatyň jemgyýetçilik önümçiligine işjeň gatnaşmagy üçin ykdysady höweslendirmeleriň döredilmegini kepillendirmekden ybaratdyr. Bu ugurdaky ýagdaýlar bolsa şu *görkezijiler* bilen kesgitlenilýär» [14; sah. 269].




*1-nji surat. Türkmenistanda amala aşyrylýan durmuş syýasatynyň esasy ugurlary*

145.0 x 215.0 mm

Şol sebäpden hem durmuş syýasatynyň öňünde:

– girdejileri, harytlary, hyzmatlary, ilatyň dowamat-dowamyny üpjün edýän maddy we durmuş amatlyklaryny dogry bölmek;

– ilatyň durmuş taýdan has ejiz gatlaklaryny goramak;

– adamlary saglyk we bilim hyzmatlary bilen ýokary derejede üpjün etmek;

– daşky gurşawy goramak ýaly möhüm wezipeler goýulýar.

## 1.2. Türkmenistanyň durmuş-zähmet syýasatynyň mazmuny we esasy ýörelgeleri

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan yglan edilen «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelge häzirki döwürde ýurdumyzda alnyp barylýan durmuş syýasatynyň mazmunyny düzýär. Ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak wezipesinden ugur alýan durmuş syýasaty häzirki döwürde köpugurlylyk we köpderejelilik häsiýetine eýedir (*2-nji surat*).




*2-nji surat. Durmuş syýasatynyň mazmuny we esasy ýörelgeleri*

Bu barada hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Biziň ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş syýasaty döwlet işiniň baş ugry bolmagynda galýar, onuň esasy maksady her bir raýatymyzyň my-

145.0 x 215.0 mm

nasyp, hil taýdan ýokary ýaşaýşyny üpjün etmekden ybaratdyr» [14; sah. 276]. Durmuş syýasatynyň mazmuny we ugry aýdyň kesgitlenen ýörelgeleriň tutuş bir toplumy arkaly öz beýanyny tapýar. Bu ýörelgeleriň esasy görnüşleri 2-nji suratda görkezilendir.

***Durmuş adalatlylygy*** (adamlaryň ýaşaýyş derejesiniň deňli (deňsizlik) ölçegi) – bu şert jemgyýetiň maddy we ruhy ösüşi bilen kesgitlenýär. Durmuş adalaty – munuň özi halkyň erk-isleginiň berkararlygydyr, raýatlaryň hemmesiniň kanunyň öňünde deňligidir, milletleriň iş ýüzünde deňhukuklylygydyr, şahsyýetiň sylanmagy we onuň ösmegi üçin hemme şertleriň döredilmegidir.

***Durmuş kepillikleri*** – olar jemgyýet tarapyndan her bir adamyň iş we ýaşaýyş jaý bilen üpjün edilmegini, oňa bilim, medeniýet, saglyk hyzmatlarynyň elýeter bolmagyny, ýaşy ötüşen adamlar, çagalar we eneler barada ählitaraplaýyn aladanyň kepillendirilmegini göz öňünde tutýar.

Jemgyýetiň ähli agzalarynyň ***durmuşynyň maddy we medeni hal-ýagdaýynyň derejesiniň ýokarlandyrylmagy*** adamlaryň zähmet we ýaşaýyş şertleriniň gowulandyrylmagy, daşky gurşawyň goralmagy ýaly meseleleri öz içine alýar.

***Jemgyýetiň hemme agzalarynyň durmuş işjeňliginiň artdyrylmagy*** – bu adamyň ähli döredijilik mümkinçilikleriniň ýüze çykarylmagydyr, baýlaşdyrylmagydyr hem netijeli peýdalanylmagydyr, durmuşyň maddy eşretleriniň bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlyklar bilen inçeden sazlaşdyrylmagydyr.

***Jemgyýetiň aýry-aýry bölekleriniň***, hususan-da, ýaşlaryň, zenanlaryň, ýaşulularyň ýaşaýyş we zähmet ukybynyň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, olaryň *hajatlaryny berjaý etmek we bähbitlerini nazarda tutmak* zerurlyk bolup durýar [14; sah. 275-276].

## 1.3. Türkmenistanyň durmuş-zähmet syýasatynyň kanunçylyk esaslary

Türkmenistanyň durmuş-zähmet syýasatynyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Zähmet kodeksine, «Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda» Türkmenistanyň Kodek-

sine, «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda», «Ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda», «Kärhanalar hakynda», «Administratiw hukuk tertibiniň bozulmalary hakynda», «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna esaslanýar hem-de durmuş-zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybarat bolup durýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda kepillendirilen *zähmete we peýda almaga raýatlaryň hukugyny üpjün etmek* göz öňünde tutulýar we *zähmet gatnaşyklarynda hukuk kemsidilmesi gadagan edilýär.*

Milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, ýaşyna, dini garaýşyna, syýasy ygtykatyna, partiýa degişlidigine ýa-da haýsydyr bir partiýa degişli däldigine, şeýle hem işgärleriň işewür sypatlary hem-de olaryň zähmetiniň netijeleri bilen baglanyşykly bolmadyk gaýry ýagdaýlara baglylykda zähmet hukuklarynda çäklendirmä ýa-da olary durmuşa geçirmekde *haýsydyr bir artykmaçlyklaryň alynmagyna ýol berilmeýär*.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy raýatlaryň esasy *zähmet hukuklaryny* zähmet-hukuk subýekti hökmünde *pugtalandyrýar* we *zähmet-hukuk maksadyny görkezýär*. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda her bir adamyň *zähmete, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine* hem-de zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän we onuň möçberi döwlet tarapyndan bellenilen iň pes zähmet hakynyň möçberinden az bolmadyk zähmet *hakyny almaga bolan hukugy* göz öňünde tutulandyr.

Raýatlaryň ýaşy boýunça, näsaglan, maýyp bolan, işe ukyplylygyny, ekleýjisini ýitiren, işsiz bolan halatynda we gaýry kanuny esaslar boýunça üpjünçiligine hukugy bardyr [17; 54-nji madda].

*Türkmenistanyň Zähmet kodeksi* guramaçylyk-hukuk we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, aýry-aýry şahsy taraplarda baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde *işleýän şahslaryň zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär* (*3-nji surat*).

145.0 x 215.0 mm




*3-nji surat. Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň maksatlary*

Türkmenistanyň durmuş-zähmet syýasatynyň kanunçylygynyň *esasy wezipeleri*:

– döwlet tarapyndan raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklaryny durmuşa geçirmekleri üçin, olara zerur bolan durmuş-hukuk şertlerini we kepilliklerini döretmekden;

– ykdysady ösüşi gazanmaga, adamlaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, zähmet bazarynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda, aýry-aýry şahsy taraplarda baglaşylan zähmet şertnamasynyň şertlerinde işleýän işgärleriň, iş berijileriň, döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň arasynda zähmet hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen durmuş-zähmet gatnaşyklaryny, şeýle hem zähmet bilen gös-göni baglanyşykly beýleki gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

# II BAP. «ZÄHMETIŇ YKDYSADYÝETI» DERSINIŇ PREDMETI, MAZMUNY WE ESASY DÜŞÜNJELERI

## 2.1. «Zähmetiň ykdysadyýeti» dersiniň predmeti we mazmuny

Zähmet adamyň hem-de jemgyýetiň ösmeginde uly orun eýeleýär. Zähmet jemgyýetçilik hadysasy bolup, ol diňe bir öndürijiniň islegini kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, jemgyýetçilik isleglerini hem öz içine alýar.

«Zähmetiň ykdysadyýeti» dersiniň ***predmeti*** dürli güýçleriň täsir etmeginiň netijesinde (tehniki, guramaçylyk, işgärler we ş.m.) emele gelýän durmuş-zähmet gatnaşyklarydyr.

***Zähmet*** – munuň özi jemgyýetçilik we şahsy isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan maddy hem-de ruhy gymmatlyklary öndürmäge gönükdirilen adamlaryň maksadalaýyk işidir. Ol ýer, sermaýa (kapital) we işewürlik bilen bir hatarda ykdysadyýetiň we kärhanalaryň önümçilik işiniň esasy güýçleriniň biridir.

***«Ykdysadyýet»*** sözi gelip çykyşy (etimologiýasy) boýunça türkmen diline ymykly aralaşan arap-pars sözleriniň hataryna girýär. Ykdysadyýet düşünjesi giň manyly bolup, ol önümçiligi, önümçilik bilen baglanyşykly dürli gatnaşyklary, hojalygyň ýörediliş usullaryny, onuň kanunlaryny aňladýar [41, sah.116].

Diýmek, ýurtda bar bolan önümçilik gatnaşyklarynyň jemine **ykdysadyýet** diýilýär. Olaryň hili we häsiýeti näçe ýokary bolsa, ýurduň ykdysady ösüşi hem şonça ýokary depgine eýe bolýar [48].

*Zähmet işiniň mazmuny* kesgitlenende, şu aşakdakylar hasaba alynýar:

1. Zähmet adamlaryň we tebigatyň arasyndaky zatlaryň çalşygyny özünde jemleýär;
2. Zähmet tebigat bilen bir hatarda islendik baýlygyň çeşmesidir;
3. Zähmetiň umumy gidiş döwründe adam täze gymmaty – isleg ödeýiş gymmatyny döredýär, biologik hem-de sosial tebigaty onuň özüniň üýtgemegine getirýär. Adamda zähmete bolan ukyplylyk ösýär, bilim we önümçilik tejribesi toplanýar. Şunda zähmet adamyň ilkinji we esasy ýaşaýyş şertine öwrülýär;
4. Zähmet adamlaryň öňde goýan maksatlaryna ýetmek üçin alyp barýan işleridir;
5. Zähmetiň umumy gidiş döwrüniň aňly-düşünjeli guralmagy adamlary beýleki jandarlardan tapawutlandyrýar;
6. Zähmet kesgitli jemgyýetçilik toparlarynyň, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çäginde adamlaryň amala aşyrýan toplumlaýyn işleriniň jeminden ybaratdyr. Şeýlelikde, zähmet jemgyýetçilik görnüşe eýe bolýar we durmuş gatnaşyklarynyň kemala gelmeginiň esasyny emele getirýär.
7. Zähmetiň umumy gidiş döwrüniň (prosesiniň) dowamynda jemgyýetçilik ähmiýeti bolan maddy we ruhy gymmatlyklar döreýär.

Zähmetiň ykdysadyýeti dersiniň ***mazmuny*** jemgyýetçilik zähmetiň gurluşy we öndüriji güýçleriniň ösüşi bilen önümçilik gatnaşyklarynyň arabaglanyşygyndan ybaratdyr.

Zähmet döräli bäri ol jemgyýetçilik görnüşe eýe bolup, köplenç halatda, onuň köpçülikleýin alnyp barylmagy bilen baglanyşyklydyr.

Zähmetiň ykdysadyýeti dersi zähmet gatnaşyklarynyň çäginde durmuş-ykdysady kanunalaýyklyklary öwrenýär. Bu kanunalaýyklyklar:

– zähmeti guramakdan;

– zähmete hak tölemekden;

– zähmet öndürijiligini kesgitlemekden;

– zähmet görkezijilerini seljermekden;

– işgärleri taýýarlamagyň, gaýtadan taýýarlamagyň we hünärini ýokarlandyrmagyň usullaryny öwrenmekden;

– zähmet prosesini kadalaşdyrmakdan;

– zähmet şertlerini we goraglylygyny guramakdan we ş.m. ybaratdyr.

## 2.2. Zähmetiň ykdysadyýeti ylym hökmünde. Onuň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy

Zähmetiň ykdysadyýeti ylym hökmünde diňe bir adamyň tebigata bolan gatnaşygyny ýa-da takyk zähmetiň maddy tarapyny däl-de, eýsem, zähmeti tehniki tarapdan guramagyň kadalaryny hem öwrenýär. Şeýle hem zähmetiň ykdysadyýeti jemgyýet tarapyndan önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda, ony maddy we ruhy taýdan höweslendirmekde, işçi güýjüni taýýarlamakda, zähmeti guramakda ykdysady kanunlaryň takyk usullarynyň ulanylyşyny öwrenýär. Öwrenilýän dersiň mazmuny jemgyýetçilik zähmetiniň guralyşyndan we öndüriji güýçleriň ösüşi bilen önümçilik gatnaşyklarynyň arabaglanyşygyndan ybaratdyr.

Zähmetiň adamlaryň durmuşy we jemgyýet üçin zerur bolup durýandygy sebäpli, şeýle hem zähmetiň köptaraplaýyn häsiýeti onuň birnäçe ylymlar tarapyndan öwrenilmegini şertlendirýär. Zähmete degişli meseleleri öwrenýän ylymlaryň her biri zähmetiň özboluşly aýratynlyklaryna seredip geçýär (*4-nji surat*).

145.0 x 215.0 mm




*4-nji surat. Zähmeti öwrenýän ylymlaryň şertleýin bölünişi*

Agzalan dersleriň her biri özara baglanyşyklydyr, sebäbi olaryň hemmesiniň öwrenýän obýekti zähmet prosesidir. Mysal üçin, *zähmetiň sosiologiýasy* zähmeti durmuş şertleri bilen arabaglanyşykda öwrenýär.

**Zähmetiň ykdysadyýeti ylmynda** statistiki maglumatlar, barlaglary geçirmekde toparlama, ortaça, indeksleýin usullar giňden ulanylýar. Öz gezeginde, *zähmetiň statistikasy* zähmeti guramak boýunça «Zähmetiň ykdysadyýeti» dersiniň gelen netijelerinden peýdalanýar. Bu ylymlaryň arabaglanyşygy zähmet öndürijiligi, kärhanalarda işçileriň sany we hili, zähmete hak tölenilişi öwrenilende has hem berkeýär. Zähmet görkezijileri zähmet boýunça statistiki hasabatyň görkezijilerini kesgitleýär.

«Zähmetiň ykdysadyýeti» dersi *«Zähmet proseslerini kadalaşdyrmak»* dersi bilen hem arabaglanyşyklydyr, ýagny zähmet öndürijiligi hasaplananda, işçileriň sany kesgitlenende, zähmeti guramagyň görnüşleri kämilleşdirilende, zähmete hak tölenilişi kesgitlenende zähmeti kadalaşdyrmagyň maglumatlaryndan peýdalanylýar, şeýle-de, zähmet kadalaşdyrylanda zähmetiň ykdysadyýetiniň netijeleri ulanylýar.

Zähmet prosesiniň psihofiziologiýa taraplary birnäçe *biologiýa ylymlarynyň* üsti bilen öwrenilýär, şeýle-de *«Zähmetiň gigiýenasy»,*

*«Zähmetiň fiziologiýasy», «Zähmetiň psihologiýasy»* ýaly ylmy dersler muňa mysal bolup biler. Bu ylymlar ykdysady hadysalara baha bermäge, zähmet prosesini we zähmeti guramagy kämilleşdirmegiň usullaryna gowy düşünmäge mümkinçilik berýär.

«Zähmetiň ykdysadyýeti» dersi *«Zähmet hukugy»* dersi bilen hem aýrylmaz arabaglanyşyklydyr. Zähmet hukugy zähmet gatnaşyklaryny, kärhanalaryň, işgärleriň hukuklaryny we borçlaryny sazlaşdyrýar. Zähmet hukugy zähmeti guramaga uly täsir edýär, çünki adamlaryň zähmet çekmäge bolan hukuklarynyň ýerine ýetirilmegine, işgärler bilen üpjünçilik meselesiniň çözülmegine, zähmet düzgüniniň berkidilmegine, zähmete hak tölenilişiniň ýörelgeleriniň berjaý edilmegine onuň täsiri örän uludyr.

«Zähmetiň ykdysadyýeti» dersi bilen *«Zähmeti goramak»* dersiniň arasynda içgin arabaglanyşyk bardyr. Zähmeti goramagyň we tehniki howpsuzlygyň talaplarynyň doly hem-de dogry berjaý edilmegi zähmeti guramagyň, şeýle-de, onuň netijeliligini ýokarlandyrmagyň möhüm şertleriniň biri bolup durýar.

Agzalyp geçilen jemgyýetçilik we tebigy ylymlar zähmetiň dürli taraplaryny öwrenýärler. Zähmetiň ykdysadyýeti bolsa olaryň hemmesini birikdirip, zähmet syýasatyny alyp barmakda ulanylýar.

## 2.3. «Zähmetiň ykdysadyýeti» dersiniň esasy düşünjeleri

***Zähmeti guramak*** – bu önümçilikdäki işgärleriň arasyndaky netijeli gatnaşyklardyr. Zähmeti guramak bilen önümçiligi guramagy tapawutlandyrmak bolýar. *Zähmeti guramagyň maksady* önümçilikde adamyň zähmeti üçin oňaýly şertleri döretmekden ybaratdyr. *Önümçiligi guramagyň maksady* bolsa ulanylýan çig mallary we enjamlary ýokary netijeli peýdalanmakdan durýar. Bu hadysalar özara baglanyşyklydyr. Zähmeti, önümçiligi guramak, täze tehnikanyň, tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy bilen üýtgeýär we kämilleşýär. Şeýlelikde, öndüriji güýçleriň ösmegi we önümçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegi zähmeti hem-de önümçiligi guramagyň özgermegine getirýär (*5-nji surat*).

145.0 x 215.0 mm




*5-nji surat. Zähmeti guramagyň görnüşleri*

Zähmeti guramagyň görnüşleriniň her biri önümçiligiň derejesine görä bellibir wezipeleri çözýär.

Olaryň her biri zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we işgärler üçin oňaýly şertleri döretmek maksadyndan ugur alyp, anyk wezipeleri çözýärler.

Mysal üçin, halk hojalygynyň derejesinde zähmeti guramak ykdysadyýetde döredilýän täze iş orunlaryny, olaryň pudaklaryň arasynda paýlanylyşyny, bir pudakdan başga bir pudaga işçileriň geçmeginiň sebäbini we sanyny öwrenýär. Zähmeti halk hojalygynyň pudaklarynda (senagatda, oba hojalygynda, gurluşykda, ulag pudagynda) guramak her bir pudaga degişli wezipeleri çözýär. Şunda pudaga degişli kärhanalaryň hojalyk aragatnaşygynyň berkligini hem-de zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin pudakda bar bolan şertleriň doly ulanylmagyny gazanmak esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Kärhanalarda zähmeti guramak has takyk wezipeleri çözýär. Bir pudaga degişli aýry-aýry kärhanalarda hem zähmeti guramagyň dürli görnüşleri ulanylýar. Ilkinjiden, her bir kärhanada enjamlaryň ulanylyşynyň, tehnologik prosesleriň, ýokary hünärli işgärleriň sanynyň dürli-dürlüdigi bilen baglanyşyklydyr. Kärhanada zähmeti guramagyň esasy wezipesi – işgärler bilen ulanylýan enjamlaryň, zähmet serişdeleriniň we çig mallaryň arasyndaky önümçilik gatnaşygyny gowulandyrmakdan ybaratdyr.

Zähmet hadysalaryny öwrenmek zähmeti guramagyň ýene-de bir wezipeleriniň biridir. Önümçilikdäki işi ýerine ýetirmek üçin, kabul edilen zähmet hereketleri işçiniň we enjamyň sarp edýän wagtyna, işçiniň ukybyna, öndürilýän önümiň mukdaryna we hiline uly täsir

145.0 x 215.0 mm

edýär. Zähmet usulynda enjamyň netijeli ulanyljak wagtyny we ony seresaply ulanmagyň düzgünini, şeýle-de, enjamyň işleýşine düşünýän işgäri saýlap almak göz öňünde tutulmalydyr.

Zähmet usullary öwrenilende, olary üç bölege bölmek maksadalaýyk hasaplanylýar (*6-njy surat*).




*6-njy surat. Zähmet usullarynyň görnüşleri*

Önümçilikde iş ornuny dogry guramak köp zada baglydyr. «Iş orny» diýen düşünje işçiniň zähmet çekýän ornuny, onuň zerur bolan enjamlar, gurallar, çig mallar, ulag we aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün edilmegini, şeýle-de, olaryň işiniň guralmagyny ýola goýmagy aňladýar.

Iş ornuny dogry guramagyň esasy wezipeleriniň biri zähmet prosesini ýerine ýetirmek üçin öňdebaryjy tejribeleri ulanmaga amatly şertleriň döredilmegidir. Bu bolsa, öz gezeginde, işi ýerine ýetirmek üçin wagtyň az sarp edilmegine, işçiniň we enjamyň ýokary netijeli peýdalanylmagyna, işçiniň iş ukybynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Zähmeti guramagyň wezipeleri **üç topara bölünýär** (*7-nji surat*):




*7-nji surat. Zähmeti guramagyň wezipeleri*

**Zähmeti guramagyň ykdysady wezipeleri** – bu zähmet prosesine gatnaşýan zähmet gorlaryny we ulanylýan enjamlary, gurallary, çig mallary netijeli peýdalanmakdan ybaratdyr.

**Zähmeti goramagyň durmuş wezipeleri** – bu zähmet şertlerini kämilleşdirmekden, zähmetiň ugurlaryny üýtgetmekden, işçileriň zähmete bolan höwesini artdyrmakdan ybaratdyr.

**Psihofiziologiýa taýdan zähmeti guramak** – bu işçileriň saglygyna zeper ýetirmezden, olaryň işe ukyplylygynyň ýokarlanmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Zähmeti guramagyň esasy ýollaryna:

– önümçilige ornaşdyrylýan täze enjamlary göz öňünde tutup, zähmetiň netijeli usullaryndan peýdalanmak;
– iş ornuna hyzmat edilişini we onuň guralyşyny gowulandyrmak;
– oňaýly iş şertlerini döretmek;
– iş we dynç alyş wagtynyň möçberini kesgitlemek, olary kämilleşdirmek;
– hünär taýýarlygynyň netijeli görnüşlerini we usullaryny ulanyp, ýokary hünärli, işe ukyply we höwesli işçileri taýýarlamak;
– zähmeti maddy we ruhy taýdan höweslendirmek degişli bolup durýar.

**Zähmeti guramagyň esasy elementleri**

Zähmeti guramak işçi güýjüniň netijeli peýdalanylmagyny üpjün edýän çäreler toplumyndan ybaratdyr. Başgaça aýdylanda, olara **zähmeti guramagyň elementleri** diýilýär. Zähmeti guramagyň esasy elementleri:

1) zähmet bölünişiginden we birleşmeginden;
2) zähmet hakyndan we zähmeti kadalaşdyrmakdan;
3) işgärleri taýýarlamakdan we olaryň hünärini ýokarlandyrmakdan;
4) zähmet düzgün-nyzamyndan;
5) iş ornuny guramakdan we olara hyzmat etmekden;
6) zähmet şertlerinden we zähmeti goramakdan ybaratdyr.

***Zähmet bölünişigi we zähmetiň birleşmegi*** zähmet prosesiniň oňaýly geçmegini üpjün edýän tehniki we tehnologik serişdelere baglydyr, sebäbi olar zähmet bölünişiginiň esasyny emele getirýärler, şeýle hem dürli önümçilik prosesleriniň böleklere bölünmeginiň

145.0 x 215.0 mm

ýa-da birleşmeginiň netijeli usullaryny ýüze çykarýarlar we işi ýerine ýetirmegi yzygiderlilikde alyp barýarlar.

Zähmet bölünişigi we zähmetiň birleşmegi zähmeti guramagyň esasyny düzýär. Olar *her bir işgäriň zähmet prosesindäki ornuny, onuň wezipesini we borçlaryny, şeýle hem* ***zähmetiň hiline we işgärleriň hünärine bolan talaplaryny, zähmet hakyny kesgitleýärler.***

Tehnikanyň we önümçilik tehnologiýasynyň kämilleşmegi bilen işgärleriň hünärlerine bolan talaplar yzygiderli artýar. Şol sebäpli ***işgärleri taýýarlamak we olaryň hünärmenlik derejesini ýokarlandyrmak*** zähmeti guramagyň esasy elementleriniň biri bolup durýar.

Zähmeti guramak diňe bellibir kärdäki we hünärli adamlaryň önümçilik üçin zerur bolan sanyny hasaplamak bilen çäklenmän, eýsem, olary önümçilige ornaşdyrmak, işleriň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini gazanmak ýaly çäreleri hem öz içine alýar. Şeýlelikde, ***zähmet düzgün-nyzamy zähmeti guramakda*** ähmiýetli elementleriň biri bolup durýar.

Zähmeti guramagyň esasy elementi hökmünde zähmet düzgün-nyzamy Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň X bölüminiň 160-170-nji maddalary zähmet düzgün-nyzamyny kadalaşdyrmaga bagyşlanandyr.

*Zähmet düzgün-nyzamy*–munuň özi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda ähli işgärler üçin özüňi alyp barmagyň kesgitlenen kadalaryna boýun egmegidir.

Zähmet düzgün-nyzamy kadaly iş üçin zerur bolan durmuş-ykdysady we guramaçylyk-tehniki şertleri döretmek, yhlasly zähmet çekýän işgärleri höweslendirmek, işe sowuk-sala garaýan işgärlere temmi çärelerini ulanmak arkaly düzgünleşdirýär.

Iş beriji Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda, işgärleriň zähmet düzgün-nyzamyny berjaý etmek üçin zerur şertleri döretmäge borçludyr. Kärhanada zähmet çekmegiň tertibi içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen utgaşdyrylýar.

Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary Türkmenistanyň Zähmet kodeksine we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda işgärleri işe kabul etmegiň we işden boşatmagyň tertibini, zäh-

met şertnamasynyň taraplarynyň esasy hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, iş düzgünini, dynç alyş wagtyny, işgärlere ulanylýan höweslendiriş we temmi çärelerini, şeýle hem kärhanada zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän beýleki meseleleri öz içine alýar.

Işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan tertipnamalar, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalar hereket edýärler.

Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da kärhananyň işgärleriniň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tassyklanylýar. Kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) goşundysy bolup durýar.

Işgäre işde gazanan üstünligi üçin höweslendirme çäreleri ulanylýar. Höweslendirmäniň görnüşleri, olary ulanmagyň tertibi, artykmaçlyklaryň we ýeňillikleriň berilmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmet düzgün-nyzamy hakynda zähmet ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tertipnama we düzgünnama bilen kesgitlenilýär. Işgärler jemgyýetiň we döwletiň öňünde bitiren aýratyn zähmet hyzmatlary üçin döwlet sylaglaryna hödürlenip bilner.

Zähmete hak tölemegiň ulgamy tarapyndan göz öňünde tutulan goşmaça tölegleri, goşmaça haklary, sylaglary we beýleki tölegleri goşmak bilen zähmet haky höweslendirmäniň görnüşlerine degişli däldir.

Düzgün-tertip nyzamynyň temmisiniň hereket edýän möhletiniň dowamynda işgäre höweslendiriş çäreleri ulanylmaýar. Zähmet üçin höweslendirme çärelerine şular degişlidir:

1. Minnetdarlyk bildirmek;
2. Birwagtlaýyn baýrak bermek;
3. Gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglamak;
4. Hormat haty bilen sylaglamak.

Köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen höweslendirmegiň beýleki çäreleri hem göz öňünde tutulyp bilner. Işgäriň sylaglary we höweslendirmeleri hakyndaky maglumatlar zähmet depderçesine girizilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy üçin şu aşakdaky düzgün-nyzam temmileri göz öňünde tutulýar:

1. Duýduryş;
2. Käýinç;
3. Berk käýinç;
4. Üç aýa çenli pes aýlyk tölenýän işe ýa-da pes wezipä geçirmek;
5. Işden çykarmak.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň kanunçylyk namalary, tertipnamalar, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalar bilen işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin beýleki düzgün-nyzam temmileri hem ulanylyp bilner.

Korrupsiýa bilen bagly ýa-da korrupsiýa üçin şertleri döredýän hukuk bozulmany edendigi üçin döwlet gullukçysy ýa-da oňa deňleşdirilen adam babatda düzgün-nyzam temmisi Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde bellenilen tertipde ulanylýar.

Düzgün-nyzam temmileri ulanylanda, işgäriň eden etmişiniň agyrlygy, ol amal edilendäki ýagdaýlar, işgäriň şol etmişden öňki döwürde özüni alyp barşy, işe bolan garaýşy göz öňünde tutulýar. Iş beriji edilen etmişiň agyrlyk häsiýetine baglylykda zähmet düzgün-nyzamynyň bozulandygy üçin düzgün-nyzam temmi çäreleriniň islendigini ulanmaga haklydyr. Zähmet hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda, tertipnamalarda, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnamalarda göz öňünde tutulmadyk düzgün-nyzam temmilerini ulanmaga ýol berilmeýär.

***Düzgün-nyzam temmisi*** – bu işgäri işe kabul etmäge (saýlamaga, tassyklamaga we wezipä bellemäge) hukuk berlen edara ýa-da adam tarapyndan ulanylýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna, tertipnama, düzgün-nyzam hakyndaky düzgünnama laýyklykda, düzgün-nyzam jogapkärçiligini çekýän işgärlere düzgün-nyzam temmileri, edaranyň ýokarda duran edaralary tarapyndan hem berlip bilner. Saýlawly wezipeleri eýeleýän işgärler diňe olary saýlan edaranyň karary boýunça we diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça işden boşadylyp bilner.

Düzgün-nyzam temmisini ulanmazdan öň, işgärden ýazmaça düşündiriş talap edilýär. Işgäriň ýazmaça düşündirişi ýazmakdan ýüz öwürmegi onuň öň eden etmişine temmini ulanmak üçin päsgel bolup bilmeýär. Her bir etmiş üçin diňe bir düzgün-nyzam temmisi ulanylýar.

Işgäriň ýazmaça düşündirişi ýazmakdan ýüz döndermegi oňa gatnaşan şaýatlary görkezmek arkaly nama bilen resmileşdirilýär.

145.0 x 215.0 mm

Düzgün-nyzam temmisi gös-göni etmiş ýüze çykandan soň, bir aýdan gijä goýman, ýöne şol etmiş edilenden alty aý geçmedik bolsa, işgäriň kesel bolan wagtyny ýa-da onuň zähmet rugsadynda bolan wagtyny hasaba almazdan, derňewiň netijeleri, maliýe-hojalyk işiniň barlagynyň ýa-da auditor barlagynyň netijeleri boýunça, onuň amal edilen gününden iki ýyldan gijä goýman berilýär. Görkezilen möhletlere jenaýat işi boýunça önümçiligiň wagty goşulmaýar. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar delillerini görkezmek bilen işgäre üç iş gününiň dowamynda gol çekdirilip mälim edilýär. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, onuň çykarylan gününden başlap, karar bilen tanyşdyrylmadyk işgäriň düzgün-nyzam temmisi ýok hasap edilýär. Düzgün-nyzam temmisi hakynda buýruk, karar bilen tanyşmakdan ýüz öwren işgäre, oňa gatnaşan şaýatlary görkezmek arkaly nama bilen resmileşdirilýär. Şeýle halatda işgär düzgün-nyzam temmisiniň ulanylandygy hakyndaky buýruk, karar bilen tanyşdyrylan hasap edilýär.

Eger bir ýylyň dowamynda işgäre ulanylan düzgün-nyzam temmisinden soň, oňa täze düzgün-nyzam temmisi berilmedik bolsa, onda onuň düzgün-nyzam temmisi ýok hasaplanýar. Şunda düzgün-nyzam temmisi buýruk, karar çykarylmazdan öz-özünden aýrylýar.

Düzgün-nyzam temmisini ulanan iş beriji, eger temmi berlen täze etmiş etmän we özüni ynamly işgär hökmünde görkezen bolsa, bir ýyl dolmanka hem öz başlangyjy, işgäriň haýyşy, kärdeşler arkalaşygy guramasynyň teklipnamasy ýa-da zähmetkeşler toparynyň, şeýle hem gös-göni işgäriň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça temmini aýyrmaga haklydyr.

Iş beriji öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary tarapyndan zähmet hukugynyň kadalaryny özünde jemleýän Türkmenistanyň kanunçylygy, köpçülikleýin şertnamanyň, ylalaşygyň şertleri bozulan halatynda kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasynyň ýüztutmasyna seretmäge we onuň netijeleri hakynda kärdeşler arkalaşygyna ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasyna habar bermäge borçludyr. Eger düzgün bozulmalar hakyndaky ýagdaýlar tassyklanylsa, iş beriji öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kärhananyň ýolbaşçysyna, onuň orunbasarlaryna eýeleýän wezipesinden boşadylmagyna çenli düzgün-nyzam temmisini bermäge borçludyr.

145.0 x 215.0 mm

Zähmetiň aýratyn häsiýeti bolan işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň düzgün-nyzam jogapkärçiliginiň aýratynlyklary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kesgitlenilýär.

Düzgün-nyzam temmisine Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, bellenilen tertipde şikaýat edilip bilner. Zähmet jedellerine seredýän edara edilen etmişiň agyrlygyny, onuň amala aşyrylan ýagdaýlaryny, işgäriň ozalky tertibini, onuň zähmete bolan garaýşyny, şeýle hem eden etmişiniň agyrlygynyň düzgün-nyzam temmisine laýyklygyny göz öňünde tutmaga borçludyr. Düzgün-nyzam temmisi edilen etmişiň agyrlygyna laýyk gelmeýär diýip hasap eden mahalynda zähmet jedellerine garaýan edara düzgün-nyzam temmisini ulanmak hakyndaky buýrugy ýatyrýar.

# III BAP. ZÄHMET BAZARYNDA DURMUŞ-ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ DÖWLET TARAPYNDAN KADALAŞDYRYLYŞY

## 3.1. «Durmuş-zähmet gatnaşyklary» adalgasynyň mazmuny we ähmiýeti

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasyndaky *durmuş syýasaty* we *zähmet gatnaşyklary* baradaky taglymatlarynda: «Durmuş syýasaty jemgyýetçilik durmuşynyň durmuş-ykdysady şertlerini sazlaşdyrmak boýunça döwletiň alyp barýan işiniň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar», şeýle-de, «... tutuş jemgyýetçilik önümçiliginiň sazlaşykly ýöremegi üçin kadaly şertleri döretmek boýunça döwlet tarapyndan amala aşyrylýan toplumlaýyn çäreleriň saldamly bölegini düzýän durmuş syýasatynyň ýurtda emele gelen umumy ykdysady ýagdaýlary bilen gönüden-göni bagly bolup durýandygy» delillendirilýär [14; sah. 269].

Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek meselesi islendik döwlet üçin möhüm ähmiýete eýe bolýar. Şol sebäpli Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüne mahsus bolan beýik işleri amala

145.0 x 215.0 mm

aşyrmaga ukyply bolan hünärmenlere dünýä ülňülerine laýyk gelýän ykdysady bilimleri bermekden ugur alyp, geljekki hünärmenleriň durmuş-zähmet gatnaşyklary babatynda özleşdirmeli düşünjelerini we ele almaly başarnyklaryny 8-nji suratyň maglumatlary häsiýetlendirýär (*8-nji surat*).

Durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň mazmunyna, onuň görnüşleriniň dürli-dürlüdigine göz ýetirmek

↓

Ýüze çykýan durmuş-ykdysady gatnaşyklara täsir edýän sebäpleri öwrenmek, olara özbaşdak häsiýetnama bermegi başarmak

↓

Türkmenistanda kemala gelen durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň aýratynlyklaryny tapawutlandyryp bilmek

↓

Durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň öňdebaryjy görnüşleriniň ýüze çykmagynda halkara guramalaryň tutýan ornuna göz ýetirmek

↓

Ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň ýüze çykyş taryhy bilen ýakyndan tanyşmak

↓

*8-nji surat. Durmuş-zähmet gatnaşyklary barada hünärmenleriň ele almaly başarnyklarynyň häsiýetnamasy*

Islendik jemgyýeti ösdürmegiň durmuş-ykdysady konsepsiýasy durmuş-zähmet gatnaşyklaryny kemala getirmek we olary düzgünleşdirmek wezipesinden ugur alýar. Durmuş-zähmet gatnaşyklary bilen baglanyşykly meseleleriň öwrenilmegi bolsa birnäçe düşünjeleriň özleşdirilmegi üçin mümkinçilikleri döredýär (*9-njy surat*).

145.0 x 215.0 mm

Durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň kemala gelşini we ösüşini aňladýan esasy düşünjeler barada umumy bilim almak, ol gatnaşyklaryň häsiýetlerini öwrenmek

Durmuş-zähmet gatnaşyklarynda işçi güýçleriniň hakyky ýerleşişine baha bermek mümkinçiligini öwrenmek

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady şertlerine gabat gelýän täze durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň mazmunyny we olaryň geljekki ösüşini çaklamak

Zähmet ulgamynda özüňi alyp barmagyň delillerini we yzygiderliligini kesgitlemek

*9-njy surat. Durmuş-zähmet gatnaşyklary bilen bagly meseleleriň häsiýetnamasy*

«Durmuş-zähmet gatnaşyklary» diýen düşünje soňky ýyllaryň dowamynda giňden ulanylyp başlanan ykdysady düşünjedir. Bazar ykdysadyýetiniň ösmegi bilen adam faktorynyň ähmiýetiniň has-da artmagy durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň düýp manysyna göz ýetirmek zerurlygyny döretdi. Ykdysady nazaryýet ylmynda ýörgünli bolan «ykdysady adam» düşünjesi häzirki taryhy döwürde bolup geçýän hadysalary ýeterlik derejede düşündirip bilmeýär. Dünýä derejesinde bolup geçýän ykdysady ýagdaýlaryň we hadysalaryň sebäplerini kesgitlemek zähmet prosesinde adamyň aňy bilen baglanyşykly meseleleriň düýpli öwrenilmegini talap edýär.

Ykdysady prosesler amala aşyrylanda, adam «zähmet gorlarynyň» wekili, jemgyýetçilik ösüşiň netijesi, şol bir wagtda ol şahsyýet hökmünde çykyş edýär. Adam tebigatyna mahsus bolan häsiýetleriň ykdysady gatnaşyklara edýän täsiri öwrenilende, bu düşünjeden peýdalanylýar.

**Durmuş-zähmet gatnaşyklary** – bu zähmet prosesinde subýektleriň özara täsir etmegi esasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň netijesi bolup, ahyrky maksat subýektleriniň durmuş hilini düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

## 3.2. Bazar şertlerinde durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň subýektleri

Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny emele getirýän düzüm bölekleri:

– subýektlerden we durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň derejelerinden;
– durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň predmetinden we olaryň düzüminden;
– durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň görnüşlerinden we esasy ýörelgelerinden ybaratdyr.

Öwrenilýän gatnaşyklaryň ***subýektleri*** bolup, şahslar ýa-da toparlar çykyş edýärler. Şahsy durmuş-zähmet gatnaşyklarynda *iş beriji bilen aýratyn işgäriň arasynda, toparlaýyn ýa-da tutuşlaýyn görnüşde işgärleriň (iş berijileriň) arasynda* gatnaşyklar amala aşyrylýar. Şoňa laýyklykda bu gatnaşyklaryň derejeleri tapawutlandyrylýar. Kesgitli şertlerde *dünýä bileleşiginiň islendik döwleti* durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň subýekti bolup çykyş edip biler.

Belli bolşy ýaly, durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň täze görnüşiniň emele gelmegi, ilkinji nobatda, şahsyýetiň täze görnüşiniň kemala gelmegi bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Şahsyýetiň derejesine laýyk gelýän gatnaşyklaryň soňra ýüze çykýandygy aýratyn bellärliklidir.

Türkmen döwletiniň bazar gatnaşyklaryna geçmegi durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň subýektleriniň ykdysady we hukuk ýagdaýlarynyň özgermegine getirýär. Hususan-da, şahslaryň, toparlaryň we sosial gatlaklaryň dünýägaraýyşlarynda, olaryň gymmatlyklar ulgamynda uly öwrülişikler bolup geçýär. Şol bir wagtda täze häsiýetli gatnaşyklara gabat gelýän özüňi alyp barmagyň döwrebap görnüşleri ýüze çykýar.

***Durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň esasy ýörelgeleri*** aşakdakylardan ybaratdyr:

1. **Raýdaşlyk** – şahsy jogapkärçilige we ylalaşyga, bähbitleriň umumylygyna esaslanýan adam jemgyýetiniň bilelikdäki jogapkärçiligi.

2. **Hyzmatdaşlyk** – taraplaryň öz bähbitlerini goramaga gönükdirilen gatnaşyklary.

3. **Jedelleri çözmek** – bu ýörelge zähmet gatnaşyklarynda gapma-garşylyklaryň güýçlenmegi bilen baglanyşykly bolýar.

145.0 x 215.0 mm

Jedelleriň ýüze çykmagy ykdysadyýetde kanunalaýyk hadysa bolup, bellibir derejede ol durmuş ösüşiniň zerur sebäplerini emele getirýär. Jedeller wagtlaýyn häsiýete eýe bolan ýagdaýynda ol innowasion özgertmelere ýol açýar, şeýle-de, ol özara düşünişmäge we hyzmatdaşlyk etmäge goşmaça mümkinçilikleri döredýär.

Işçi güýji, iş beriji, kärdeşler arkalaşygy we döwlet bazar ykdysadyýetine häsiýetli bolan durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň subýekti bolup çykyş edýärler (*10-njy surat*).

**Işçi güýjüniň eýesi** ýa-da hakyna tutulan işgär – iş beriji bilen zähmet şertnamasyny baglaşan raýatdyr. Täze durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe ýaş boýunça, ýagny durmuş gymmatlyklary, zähmet delilleri we psihologik aýratynlyklary bilen düýpli tapawutlanýan nesilleriň çalyşmagy esasy orun eýeleýär. Hakyna tutulan işgärleriň özlerini alyp baryşlaryndaky aýratynlyklar hünär taýdan taýýarlyk derejelerinde hem tapawutlaryň bolmagyna getirýär. Zähmet gatnaşyklarynyň ösmegi hakyna tutulan işgärleriň bähbitlerini goramaga ukyply bolan täze institutyň – kärdeşler arkalaşygynyň döremegi bilen baglanyşyklydyr.




*10-njy surat. Durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň subýektleri*

**Iş beriji** – iş bilen meşgullygyň derejesiniň halkara toparlandyrylyşyna (klassifikasiýasyna) laýyklykda özbaşdak işleýän we hemişe bir ýa-da ondan köp adamy işe kabul edýän subýekt hökmünde häsiýetlendirilýär. Iş berijiniň önümçilik serişdeleriniň eýesi bolup çykyş etmegi alamatlandyryjy görkezijileriň esasydyr. Türkmenistanyň şertlerinde işgärler bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaga hukukly bolan ykdysadyýetiň döwlet böleginiň ýolbaşçysy iş berijiniň statusyna eýedir.

**Kärdeşler arkalaşygy** – zähmet we onuň bilen baglanyşykda beýleki durmuş-ykdysady hukuklara we bähbitlere wekilçilik etmek hem-de olary goramak, zähmeti gorap saklamak we onuň şertlerini gowulandyrmak üçin, hünär bähbitleriniň umumylygy esasynda raýatlar tarapyndan meýletin döredilýän özbaşdak jemgyýetçilik guramalardyr [20; 1-nji madda].

**Döwlet** zähmeti goramak babatda işgärleriň hukuklaryny goramagy kepillendirýär, zähmeti goramak işini guramagy üpjün edýär, zähmeti goramak boýunça talaplaryň berjaý edilmegine döwlet gözegçilik barlagyny we gözegçiligi amala aşyrýar, şeýle hem Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi belleýär [18; 174-nji madda].

## 3.3. Durmuş-zähmet gatnaşyklarynda döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleri

Durmuşa gönükdirilen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda **döwletiň maksady**, ilkinji nobatda, durmuş ykdysadyýetini emele getirmegiň hukuk esaslaryny döretmäge gönükdirilýär.

Döwlet tarapyndan dolandyryşyň esasy wezipesi – ýurduň Esasy Kanunynda – **Konstitusiýada** beýan edilýär. Konstitusiýada durmuş-ykdysady ulgamyň maksady, bu maksada ýetmegiň ýollary, döwletiň ykdysady, syýasy we durmuş esaslary beýan edilýär. Konstitusion düzgünlerden ugur alyp, kanun çykaryjy häkimiýet kanunlary kabul edýär (*11-nji surat*).




*11-nji surat. Döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleriniň häsiýetnamasy*

Konstitusion düzgünlerden ugur alyp, **kanun çykaryjy häkimiýet** kanunlary kabul edýär.

145.0 x 215.0 mm

**Ýerine ýetiriji häkimiýet** bolsa durmuşa gönükdirilen ykdysadyýetiň emele gelmegi boýunça kanunçylyk namalaryň mehanizmlerini döretmek boýunça çäreleri geçirýär.

Kazyýet häkimiýeti kabul edilen kanunlary berk ýerine ýetirmek we kabul edilen çözgütleri amala aşyrmak boýunça çözgütleri kabul edýär.

Hukuk döwletinde **raýatlaryň hukuklary aýratyn goragda saklanylýar**. Adam hukuklaryny goramak boýunça ýörite edara döredilýär. Bu edara adam hukuklaryny goramak boýunça halkara guramalar bilen berk gatnaşykda işleri alyp barýar. Eýeçiligiň eýeleriniň, telekeçileriň we sarp edijileriň bähbitlerini goramak boýunça ýurduň kanunlary kabul edilýär. Kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri döwleti dolandyrmagyň bitewi ulgamyny düzýär. Bular durmuşa gönükdirilen ykdysadyýetiň emele gelmeginde we durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmeginde esasy orny eýeleýärler.

## 3.4. Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgedilmegi we bes edilmegi

Işgär bilen iş berijiniň arasynda zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin, esas hökmünde zähmet şertnamasy baglaşylýar we şu ýagdaýlar, ýagny:

– adamyň saýlawly wezipä saýlanylmagy;

– adamyň degişli wezipäni çalyşmak üçin bäsleşik boýunça saýlanylmagy;

– adamyň wezipä bellenilmegi ýa-da wezipä tassyklanylmagy;

– adamyň ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan bellenilen möçberiň hasabyna işe ugradylmagy;

– harby gullugy we içeri işler edaralarynda çagyryş boýunça gullugy geçen döwri tamamlanandan soňra, saýlawly edaralarda ygtyýarlyklaryň möhleti gutarandan soň, iş berijiniň ugratmagy boýunça okuwyny ýa-da işini, şol sanda daşary ýurtdaky okuwyny ýa-da işini tamamlandan soňra adamyň wezipä bellenilmegi;

– işden bikanun boşadylan adamyň kazyýetiň çözgüdi boýunça işe dikeldilmegi göz öňünde tutulýar [18; 15-nji madda].

**Zähmet şertnamasy** – munuň özi iş beriji bilen işgäriň arasyndaky zähmet gatnaşyklarynda taraplaryň özara esasy hukuklaryny we borçlaryny belleýän ylalaşyk bolup, oňa laýyklykda iş beriji şertlenilen zähmet borçlary boýunça işgäre iş (iş ýerini) bermäge, Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde we ýurdumyzyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan zähmet şertlerini üpjün etmäge, zähmet hakyny öz wagtynda we doly möçberde tölemäge borçlanýar, işgär bolsa şu şertnamada kesgitlenilen zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge, kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryny we zähmet şertnamasynda, köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan gaýry kanuny borçnamalary berjaý etmäge borçlanýar.

Zähmet şertnamasy adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda iş berijiniň ony işe kabul etmek hakyndaky buýrugy çykarmagy arkaly baglaşylýar.

**Zähmet şertnamalary şu aşakdaky möhletlere baglaşylyp bilner:**

1) kesgitsiz möhlete (möhletsiz);

2) kesgitli möhlete (möhletli), ýöne bäş ýyldan köp däl.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde we ýurdumyzyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, haçanda zähmet gatnaşyklary hemişelik häsiýete eýe bolmasa, ýa-da edilmeli işiň häsiýetiniň ýa-da ony ýerine ýetirmegiň şertiniň hasaba alynmagy bilen kesgitsiz möhlete bellenip bolmaýan ýagdaýlarda möhletli zähmet şertnamasy baglaşylýar [18; 18-nji madda].

**Möhletli zähmet şertnamasy:**

1) wagtlaýyn ýok işgäri çalyşmak üçin, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýeri saklanyp galanda;

2) betbagtçylykly hadysalaryň, heläkçilikleriň, weýrançylyklaryň, epidemiýalaryň, epizootiýalaryň öňüni almak boýunça gyssagly işleri geçirmek üçin, şeýle hem görkezilen we beýleki adatdan daşary ýagdaýlaryň netijelerini düzetmek üçin;

3) daşary ýurda işe iberilýän adamlar bilen;

4) wagtlaýyn (iki aýa çenli) işleriň, şeýle hem möwsümleýin işleriň ýerine ýetirilýän wagty üçin, şonda tebigy şertleriň esasynda iş diňe kesgitli wagtyň (möwsümiň) dowamynda geçirilende;

145.0 x 215.0 mm

5) agyr ýa-da aýratyn howa şertleri (suwsuz, çöllük) bolan ýerlerdäki kärhanalara işe girýän adamlar bilen, eger bu iş ýerine göçmek bilen baglanyşykly bolsa;

6) kiçi telekeçiligiň subýektlerine – iş berijilere, şeýle hem fiziki şahslar – iş berijilere işe girýän adamlar bilen;

7) kärhananyň adaty işiniň çäklerinden çykýan işleri geçirmek üçin (durkuny täzelemek, gurnamak, sazlap-goýberiş we ş.m.), şeýle hem önümçiligiň mälim bolan wagtlaýyn (bir ýyla çenli) giňeldilmegi ýa-da bitirilýän hyzmatlaryň möçberiniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly işleri geçirmek üçin;

8) görnetin anyk döwür üçin ýa-da görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin döredilen kärhanalara işe girýän adamlar bilen;

9) işiň ýerine ýetirilmegini (tamamlanmagyny) anyk sene bilen kesgitläp boljak halatlarda, görnetin anyk işi ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän adamlar bilen;

10) işgäriň tälim alşy we hünär öwredilmegi bilen gös-göni baglanyşykly işler üçin;

11) degişli bilim edarasynyň ýolbaşçysynyň rugsady bolanda, okuwlaryň gündizki görnüşi boýunça okaýan adamlar bilen;

12) şol kärhanada esasy işi bilen utgaşykly işleýän adamlar bilen;

13) ýaşy boýunça pensiýa alýanlar bilen, şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda saglyk ýagdaýy boýunça diňe wagtlaýyn häsiýetli işe rugsat edilen adamlar bilen;

14) köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, kinematografiýa guramalarynyň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň döredijilik işgärleri bilen we eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, ökde türgenler bilen;

15) Türkmenistanyň kanunçylygynda döwlet häkimiýet ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namasynda bellenilen tertipde geçirilen bäsleşigiň netijesinde kesgitli möhlet üçin zähmet şertnamalaryny baglaşan ylmy, mugallymçylyk we beýleki işgärler bilen;

16) saýlawly edaranyň düzümine ýa-da tölenýän işdäki saýlawly wezipä bellibir möhlete saýlanan mahalynda, şeýle hem döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda, şeýle hem syýasy partiýalarda we beýleki jemgyýetçilik birleşiklerinde saýlawly

145.0 x 215.0 mm

edaralaryň agzalarynyň ýa-da wezipeli adamlaryň işini gös-göni üpjün etmek bilen baglanyşykly işe girilen mahalynda;

17) iş bilen üpjün edýän döwlet edarasy (gullugy) tarapyndan wagtlaýyn işlere, şol sanda jemgyýetçilik işlerini geçirmäge iberilen adamlar bilen;

18) guramaçylyk-hukuk görnüşlerine we eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalaryň ýolbaşçylary, ýolbaşçylaryň orunbasarlary hem-de baş hasapçylary bilen baglaşylyp bilner.

Eger zähmet şertnamasynda onuň hereket ediş möhleti görkezilmese, onda şertnama ***kesgitsiz möhlete baglaşylan*** diýlip hasap edilýär.

***Zähmet şertnamasy*** adamyň ýazmaça arzasynyň esasynda çykarylan buýruga ***iş beriji tarapyndan gol çekilen gününden*** ýa-da iş berijiniň (onuň ygtyýarly wekiliniň) ygtyýary bilen ýa-da tabşyrmagy boýunça işgäriň işe (gulluga) hakyky goýberilen gününden ***güýje girýär*** [18; 20-nji madda].

***Zähmet şertnamasynyň üýtgedilmegi we bes edilmegi*** (ýatyrylmagy) Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 3-nji we 4-nji baplarynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

# IV BAP. BAZAR ŞERTLERINDE ZÄHMET ÖNDÜRIJILIGI WE ONY KESGITLEMEGIŇ USULLARY

## 4.1. Zähmet öndürijiliginiň mazmuny

Ykdysadyýetiň ösüşi üçin zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak hemişe esasy meseleleriň biri bolup durýar. Häzirki wagtda zähmet öndürijiliginiň ähmiýeti has hem artýar. Bu ýagdaý bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde eýeçiligiň köpdürlüligi we bäsleşigiň giňden ýaýbaňlanmagy bilen düşündirilýär.

Häzirki döwürde zähmet öndürijililigini ýokarlandyrmakda innowasion syýasatyň alnyp barylmagy uly ähmiýete eýedir. «Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, döwletleriň aglabasynda gazanylýan ***innowasion ösüşler senagat syýasatyna daýanýar***. Diňe ýerlikli

3. Sargyt № 1975

ykdysady syýasaty saýlap alan, özbaşdak innowasion mümkinçiliklerini artdyrmak barada yzygiderli aladalanýan, Bütindünýä zähmet bölünişigine sazlaşykly aralaşýan, daşary ýurt maýalaryny çekmekde işjeňlik görkezýän, täze tilsimatlary yzygiderli önümçilige ornaşdyrýan döwletlere ykdysady töwekgelçiliklerden daşda durup, durnukly ösüşiň has belent basgançaklaryna çykmak başardýar» [14; sah. 112].

Ykdysadyýetiň önüm öndürýän böleginde gazanylýan ösüşleriň esasy bölegini senagat pudaklary üpjün edýär. «Senagaty ösdürmekde ýetilýän belent sepgitler önümçiligiň depginini artdyrmagyň, ýagny *zähmet öndürijiligini* ýokarlandyrmagyň, şeýle-de, önümçilik kuwwatlyklarynyň binýadynyň yzygiderli pugtalandyrylmagynyň hasabyna gazanylýar» [14; sah. 64].

Türkmenistanda kabul edilen Döwlet Maksatnamalarynda «...serişde tygşytlaýan we ekologiýa taýdan howpsuz döwrebap tehnologiýalary girizmegiň esasynda bäsdeşlige ukyply ýokary hilli önümleriň öndürilişini giňeltmek, pudagyň önümçilik we ylmy-tehnologik kuwwatlyklaryny döwrebap enjamlar bilen ýokary hilli enjamlaşdyrmak, munuň netijesinde *zähmet öndürijiligi* we esasy serişdeleriň önüm berijiligini düýpli ýokarlandyrmak» [21], şeýle-de, «...*zähmet öndürijiligini* ýokarlandyrmagyň esasynda ýurduň ykdysadyýetiniň depginli we deňeçer ösüşini dowam etdirmek», döwlet eýeçiliginiň dolandyrylmagynda *zähmet öndürijiliginiň* derejesini has-da ýokarlandyrmak ýaly wezipeler öňde goýulýar [22].

**Zähmet öndürijiligi** diýip, önüm öndürilýän hadysanyň netijeliligine düşünilýär. Zähmet öndürijiligi bellibir wagtyň dowamynda öndürilen önümiň mukdary bilen ölçelýän görkezijidir. Zähmet öndürijiliginiň *göni* we *garşylyklaýyn görkezijilerini* tapawutlandyrýarlar.

Zähmet öndürijiliginiň ***göni görkezijisi*** bellibir wagtda öndürilýän önümiň mukdarynyň artmagyny aňladýar.

Zähmet öndürijiliginiň ***garşylyklaýyn görkezijisi*** bellibir önüm birligini öndürmek üçin sarp edilýän iş wagtyny azaltmakdan ybaratdyr. Başgaça, öndürijiligiň garşylyklaýyn görkezijisine ***önümiň zähmet talap edijiligi*** diýilýär.

Zähmet öndürijiligi öwrenilende, *janly* hem-de *jemgyýetçilik* zähmet öndürijiligini tapawutlandyrýarlar.

***Janly zähmetiň öndürijiligi*** kärhanada önümiň bir işgäre görä öndürilişini görkezýär.

***Jemgyýetçilik zähmet öndürijiliginiň*** görkezijisi hökmünde önümçilige gatnaşýan işgärleriň hersine düşýän milli girdejiniň ululygy çykyş edýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy ykdysady ösüşiň ýeke-täk çeşmesi bolup durýar. Öndürilen önümiň mukdarynyň we milli girdejiniň artdyrylmagynyň esasy ýollary hökmünde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy ýa-da işgärleriň sanynyň artmagy çykyş edýär. Işgärleriň sanyny köpeldip, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak bellibir derejede çäklidir. Şol sebäpli zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak önümiň mukdaryny we milli girdejini artdyrmagyň amatly ýoly hasaplanylýar.

Ylmy tejribede *zähmet öndürijiligi* we *zähmetiň öndürijilik güýji* diýen düşünjeler tapawutlandyrylýar.

*Zähmetiň öndürijilik güýji* bellibir önümçilik şertlerinde öndürip boljak önümiň mukdaryny aňladýar. Öndürilen önümiň hakyky mukdaryny bolsa *zähmet öndürijiligi* görkezýär.

*Zähmet* öndürijiligini we zähmetiň öndürijilik güýjüni tapawutlandyrmak zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň mümkinçiliklerini açyp görkezmäge we esaslandyrmaga amatly şert döredýär. Şol mümkinçilikleri aşakdaky deňlemäniň üsti bilen görkezip bolar:

$$M = Z_{ög} - Z_{ö},$$

bu ýerde $M$ – zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň mümkinçiligi, $Z_{ög}$ – zähmetiň öndürijilik güýçleri, $Z_{ö}$ – zähmet öndürijiligi.

Deňlemeden görnüşi ýaly, ***zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň mümkinçilikleri*** zähmetiň öndürijilik güýjüniň umumy mümkin bolan derejesiniň we onuň hakyky derejesiniň arasyndaky tapawut boýunça hasaplanylýar. Bu bolsa zähmet öndürijiligi-

ni ýokarlandyrmagyň şertlerini we täsir edýän güýçleri peýdalanmak bilen baglydyr. Şol şertleriň we täsir edýän güýçleriň biri hem zähmetiň dartgynlylygydyr. Zähmetiň öndürijilik güýji önüm öndürmek üçin sarp edilýän wagtyň dowamlylygyny kemeldýär. Şeýlelikde, zähmetiň öndürijilik güýji bilen bir hatarda, zähmetiň dartgynlylyk derejesini hem tapawutlandyrýarlar.

***Zähmetiň dartgynlylygy*** önümçilik işinde zähmetiň alnyp barlyşynyň depgininiň derejesini görkezýär. Ol işçiniň fiziki we nerw energiýasynyň sarp edilişi bilen ölçenilýär. *Zähmetiň öndürijilik güýji* bilen *zähmetiň dartgynlylygynyň* arasynda umumylyk bar. Olaryň ikisi hem bellibir wagtyň dowamynda önümiň mukdaryny artdyrmaga täsir edýär. Haçanda, zähmet öndürijiligi ýokarlananda, önümiň özüne düşýän gymmaty peselýän bolsa, onda zähmetiň dartgynlylygynyň güýçlenmegi önümiň özüne düşýän gymmatyna täsir etmeýär.

Kärhanalarda zähmet dartgynlylygynyň kadaly ýagdaýlarda bolmagy hökmany şertleriň biridir, sebäbi zähmetiň dartgynlylygy kadaly bolanda, işçiniň fiziki hem-de nerw güýçleriniň sarp ediliş derejesi dogry ulanylýar we olaryň zähmete bolan ukyby kadaly ösýär.

Her bir jemgyýetde önümçiligiň şertlerine görä, ortaça zähmet dartgynlylygy döreýär. Zähmetiň kadaly dartgynlylygy zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň möhüm şertleriniň biridir. Zähmetiň dartgynlylygynyň aşa pes bolmagy ýa-da juda ýokary bolmagy jemgyýet üçin peýdaly däldir. Zähmetiň dartgynlylygy ýokary bolanda, işçi güýjüniň döremeginde, ony peýdalanmakda ýaramaz netijeler ýüze çykýar. Zähmet prosesinde olaryň sarp eden energiýalary öz wagtynda dikeldilmeýär. Zähmetiň dartgynlylygynyň aşa pes bolmagyna, köp halatlarda zähmeti we önümçiligi guramagyň kemçilikleriniň netijesi hökmünde baha berilýär. Ol, öz gezeginde, kärhanada artykmaç işgärleriň saklanmagyna, işçi güýjüniň pes derejede peýdalanylmagyna we zähmet öndürijiliginiň pes bolmagyna getirýär.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak jemgyýetiň ösmegi üçin möhüm ykdysady, syýasy, durmuş we medeni şertleriň biridir, şeýle

145.0 x 215.0 mm

hem zähmet öndürijiligi öndürilýän önümiň mukdarynyň artmagy, sarp edilýän wagtyň tygşytlanmagy, halkyň maddy we durmuş derejesiniň ýokarlanmagy bilen kesgitlenilýär. Bu bolsa zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda, anyk durmuş, ykdysady we guramaçylyk wezipeleriniň çözülmegini talap edýär.

Zähmet öndürijiligi, bir tarapdan, öndüriji güýçleriň ösüşiniň görkezijisi we netijesi hökmünde çykyş edýär. Önümçilik serişdeleriniň artmagy we kämilleşmegi, işgärleriň medeni we tehniki derejesiniň ýokarlanmagy, olaryň hünärmenlik derejesiniň artmagy zähmet öndürijiliginiň ösmegine getirýär. Beýleki tarapdan, zähmet öndürijiligi öndüriji güýçleriň ösüşiniň çeşmesi bolup, önümçiligiň maddy-tehniki binýadynyň berkemegine täsir edýär. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy senagatyň, oba hojalygynyň ösmegine, hyzmatlar ulgamynyň giňelmegine, mahlasy, ykdysadyýetiň sazlaşykly ösmegine alyp barýar.

Zähmet öndürijiligini häsiýetlendirýän görkezijiler zähmetiň netijeliligini aňladýar, şeýle hem ol bellibir wagtda öndürilen hemme önümi göz öňünde tutýar. Zähmet öndürijiligini ölçemek özara bagly bolan iki usuldan ybarat bolup durýar:

1. Zähmet öndürijiliginiň ykdysady mazmunyny kesgitleýän usul;

2. Zähmet öndürijiliginiň ösüşini ölçemäge ýardam berýän görkezijileri kesgitleýän usul.

Kärhanalarda önümçiligiň, ulanylýan enjamlaryň, çig mallaryň aýratynlyklaryna, ykdysady barlaglara we gözegçiligiň maksadyna görä zähmet öndürijiliginiň dürli görkezijileri we ölçeg usullary peýdalanylýar.

Önümiň mukdary zähmet öndürijiliginiň derejesiniň görkezijisidir, şeýle hem zähmet öndürijiligi işi ýerine ýetirmek ýa-da önüm öndürmek üçin sarp edilýän wagtyň dowamlylygyny aňladýar. Önümiň mukdary bilen birlikde zähmet öndürijiliginiň derejesiniň görkezijisi hökmünde zähmet talap edijiligi hem ulanylýar. Zähmet talap edijiligi, ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, zähmet öndürijiliginiň garşylykly görkezijisidir. Ol bellibir önüm birligini öndürmek üçin sarp edilen wagtyň dowamlylygyny görkezýär.

## 4.2. Zähmet öndürijiligini kesgitlemegiň usullary

Zähmet öndürijiligi *hakyky (natural)*, *zähmet, gymmat* usullarynda hasaplanylýar.

***Hakyky (natural) usulda*** önümiň mukdary fiziki ölçeglerde aňladylýar. Mysal üçin, öndürilen önüm agramy (*kg, t*), göwrümi ($m^3$, $sm^3$), uzynlygy (*sm, m, km*) boýunça ölçenilýär. Zähmet öndürijiligini kesgitlemegiň hakyky (natural) usulynyň käbir ýetmezçilikleri bolup, ol zähmet öndürijiligini diňe birmeňzeş önüm öndürýän önümçiliklerde ulanyp bolýandygy bilen baglanyşyklydyr. Hakyky (natural) usulda zähmet öndürijiligini kesgitlemek tokaý hojalygynda, ýangyç senagatynda giňden ulanylýar. Dürli görnüşli önüm öndürilýän pudaklarda hem-de tutuş halk hojalygynyň möçberinde hakyky (natural) görkezijileri peýdalanmagyň mümkinçilikleri çäklidir. Sebäbi, dürli görnüşli önümleriň gymmaty, olara sarp edilen zähmet dürli-dürli bolýar. Şonuň üçin hakyky (natural) ölçegler jemleýji görkeziji bolup hyzmat edip bilmeýärler.

Hakyky (natural) ölçegleri (*kg, t,* $m^3$, $km^2$, *sm, m we ş.m.*) ulanmak bilen bir adamyň zähmet öndürijiligi umumy öndürilen önümiň mukdaryny işgärleriň sanyna ýa-da sarp edilen wagta bölmek arkaly hasaplanylýar:

$$Z_{ön} = Q/I_s,$$

bu ýerde $Z_{ön}$ – natural görnüşde bir adamyň zähmet öndürijiligi, $Q$ – öndürilen önümiň mukdary, $I_s$ – önümi öndürmäge gatnaşan işçileriň sany.

Mysal üçin, 20 sany işçi 1 ýylyň dowamynda 220 *tonna* önüm öndüren bolsa, bir işçiniň zähmet öndürijiligi 11 *tonna* deň bolar (220:20). Hakyky (natural) usul janly zähmetiň öndürijiligini takyk häsiýetlendirýär, şeýle hem bu usul birmeňzeş önüm öndürýän birnäçe kärhanalaryň zähmet öndürijiligini deňeşdirmekde giňden ulanylýar.

***Zähmet usuly.*** Dürli görnüşli önüm öndürýän önümçilik bölümlerinde, sehlerde, iş ýerlerinde zähmet öndürijiliginiň görkezijilerini kesgitlemek üçin *zähmet ölçegleri* ulanylýar.

Zähmet ölçegleri *bellibir wagtyň dowamynda öndürilen önümiň mukdaryny görkezýär*. Tutuş pudagyň zähmet öndürijiligini kesgitlemek üçin zähmet ölçeglerini ulanyp bolmaýar, sebäbi önüm öndürmek üçin sarp edilýän wagtyň dowamlylygy hemme kärhanalar üçin deň däldir. *Sarp edilýän zähmetiň mukdary kärhananyň işçi güýjüniň hiliniň, tehniki taýdan ornaşdyrylyşynyň aýratynlyklaryna bagly bolýar*.

Zähmet öndürijiligini **zähmet usulynda** hasaplamak üçin zerur bolan maglumatlar 4.1-nji tablisada görkezilen.

*4.1-nji tablisa*

**Öndürijiligi zähmet usulynda hasaplamagyň mysaly**

| **Öndürilen önüm (sany)** | | **1 önüm üçin sarp edilmeli wagt (norma-*sagat*)** |
|---|---|---|
| **Başlangyç döwür** | **Hasabat döwri** | |
| 960 | 1150 | 7,0 |
| 700 | 920 | 5,1 |
| 580 | 670 | 2,2 |

***Çözülişi.***

Ilki bilen, başlangyç döwürde öndürilen önümiň mukdaryny tapýarys:

(960·7,0)+(700·5,1)+(580·2,2)=11566 norma-*sagat*.

Soňra hasabat döwründe öndürilen önümiň mukdaryny hasaplaýarys:

(1150·7,0)+(920·5,1)+(670·2,2)=14216 norma-*sagat*.

Şeýlelikde, zähmet öndürijiliginiň ösüşini kesgitleýäris:

(14216:11566)·100-100 = 22,9%.

Zähmet usulynda zähmet öndürijiligini indeksler arkaly hem aňladyp bolýar. Mysal üçin, başlangyç döwründe işçiler 20 müň norma-*sagatlyk* işi ýerine ýetiripdirler. Hakykatda olar 18 müň norma-*sagat* işläpdirler. Hasabat döwründe bolsa, 28,5 müň norma-*sagat* işi 24 müň norma-*sagatda* ýerine ýetiripdirler.

Bu mysaly ýerine ýetirilen işiň mukdarynyň we sarp edilen iş wagtynyň indekslerini tapyp, çözýäris:

145.0 x 215.0 mm

$$I_{öö(b)} = \frac{28{,}5}{20{,}0} = 1{,}42,$$

$$I_{öö(h)} = \frac{24{,}0}{18{,}0} = 1{,}33.$$

Şeýlelikde,

$$I_{zö} = \frac{1{,}42}{1{,}33} = 1{,}07.$$

Bu ýerde zähmet öndürijiliginiň indeksi 1,07-ä deň bolup, ýagny zähmet öndürijiligi 7% ýokarlanypdyr.

Biz bu netijäni başga usul bilen hem alyp bileris, ýagny:

$$(28{,}5:24):(20:18)= 1{,}19:1{,}11=1{,}07\%.$$

Zähmet usulynda zähmet öndürijiligini wagt ölçegi boýunça hem kesgitläp bolýar. Wagt ölçeginde ýerine ýetiriliş kada boýunça işlenilmeli wagt hakyky işlenilen wagta bölünip hasaplanýar.

Mysal üçin, 8 *sagatlyk* iş gününde 15 sany işçi 24 iş gününiň dowamynda 3300 *sagatlyk* işi ýerine ýetirýär. Şeýlelikde, zähmet öndürijiligi 114,6% ýokarlanypdyr:

$$(3300 \cdot 100):(24 \cdot 8 \cdot 15)=114{,}6\%.$$

Şu usuly peýdalanyp, öndürilmeli önümiň möçberini hem hasaplap bolýar, ýöne iki ýagdaýda-da hakyky işlenen wagtyň arasyndaky boş durmalar we ýitgiler göz öňünde tutulmaýar.

***Gymmat usuly.*** Zähmet öndürijiligi *gymmat usulynda* hem kesgitlenilýär. Onda öndürilen önümiň mukdary *gymmat ölçeglerinde* (*manat, teňňe*) aňladylýar. Ol şu aşakdaky deňleme arkaly hasaplanýar:

$$Z_ö = \sum_{i=l}^{n} Q_n \cdot B_l : I_s,$$

bu ýerde $Q_n$ – önümiň hakyky arassa görnüşindäki mukdary, $B_l$ – önümiň birliginiň lomaý bahasy, $I_s$ – işgärleriň sany.

Zähmet öndürijiligini gymmat usulynda kesgitlemek hakyky görkezijilere garanyňda has giňden ulanylýar. Bu usuly dürli görnüşli önüm öndürilýän kärhanalarda, pudaklarda we tutuş halk hojalygynda ulanmak mümkin.

Zähmet öndürijiligini gymmat usulynda kesgitlemegiň hem birnäçe ýetmezçilikleri bar. Hususan-da, önümçiligiň ýöriteleşdirilişine

görä, öndürilýän önümleriň düzüminiň we görnüşleriniň üýtgemegi umumy önümiň gymmatynyň üýtgemegine getirip biler, şeýle hem önümi gaýtadan işleýän pudaklarda öndürilen önüm gaýtadan hasaba alynýar.

Öndürilen önümiň mukdaryny häsiýetlendirmek üçin harytlyk önüm görkezijisi ulanylýar. Harytlyk önüm kärhananyň satuw üçin taýýarlan senagat häsiýetli önümini aňladýar, şeýle hem önümiň mukdary ýene-de bir görkeziji arkaly, ýagny satylan önüm arkaly aňladylýar. Gymmat usulynda zähmet öndürijiligini kesgitlemegiň esasy ýetmezçilikleriniň biri hem onda diňe bir sarp edilen janly zähmet däl, eýsem, geçen zähmet hem hasaba alynýar. Bu bolsa zähmet öndürijiliginiň derejesiniň ýoýulmagyna getirip biler. Zähmet öndürijiligi häsiýetlendirilende, geçen zähmetiň täsirini azaltmak üçin dokma, tikin, aýakgap öndürilýän kärhanalarda gaýtadan işlenýän önümiň normatiw gymmaty hem ulanylyp bilner.

Zähmet öndürijiligini gaýtadan işlenýän önümiň normatiw gymmaty boýunça hasaplamak usuly onçakly çylşyrymly hem däl.

Mysal üçin, bir adama düşýän gaýtadan işlenen önümiň normatiw gymmatyny aşakdaky ýaly kesgitlemek bolar:

Eger önümiň umumy mukdary kärhananyň goýberiş bahasynda – 110250 *manat* bolsa, normatiw boýunça esasy çykdajylaryň paýy aşakdaky ýaly bölünýär:

– esasy işçileriň zähmet haky – 9%;
– sehleriň çykdajysy – 13%;
– kärhananyň umumy çykdajylary – 8%;
– çig mallar we esasy serişdeler – 36%;
– başga kärhanalardan gelýän serişdeler – 20%;
– kärhanada işçileriň ortaça sany – 218 adam.

Ilki bilen, umumy öndürilen önümde gaýtadan işlenen önümiň normatiw gymmatyny kesgitleýäris:

$N_{gö}=9+13+8=30\%$;

$B_{ö}=110250$ *manat* · 0,3=33075 *manat*;

$Z_{ö}=33075:218 \cdot 100=15172$ *manat*.

Şeýlelikde, bir işgäre görä gaýtadan işlenen önümiň normatiw gymmaty 15172 *manada* deň bolýar.

Zähmet öndürijiligini önümiň normatiw gymmaty arkaly aňlatmagyň esasy mazmuny kärhananyň ýerine ýetiren işiniň mukdaryny normatiwler boýunça kesgitlemekden durýar. Ol normatiwler bolsa kärhananyň işçileriniň ortaça zähmet hakynyň, durmuş ätiýaçlandyrmasyna we öndürilen önüm birligi üçin edilýän çykdajylaryň jeminden ybaratdyr.

Zähmet öndürijiligi sap önüm görkezijisi arkaly kesgitlenilende, geçen zähmetiň täsiri täze önümde doly ýitýär. Ol sap önüm öndürilen önümiň mukdaryndan sarp edilen zähmet predmetleriniň we zähmet serişdeleriniň harajatlarynyň gymmatyny aýyrmak arkaly kesgitlenilýär. Bu görkeziji diňe senagat önümçiliginde ulanylýar. Zähmet öndürijiliginiň sap önüm arkaly hasaplanylmagy wagt birliginde senagatda milli girdejiniň ululygynyň artyşyny görkezýär.

Zähmet öndürijiligi bellibir wagta, ýagny bir sagat, bir gün, bir aý ýa-da bir ýyl üçin kesgitlenýär.

Zähmet öndürijiliginiň görkezijisi bolan önümiň zähmet talap edijiligi önüm öndürmek üçin sarp edilen wagty önümiň mukdaryna bölmek arkaly tapylýar:

$$Z_s = B{:}M,$$

bu ýerde $B$ – önüm öndürmek üçin sarp edilen wagt, $M$ – öndürilen önümiň mukdary.

Önümiň zähmet talap edijiliginiň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

1. Tehnologik zähmet talap edijiligi;
2. Önümçilige hyzmat etmek üçin zähmet talap edijiligi;
3. Önümçilik zähmet talap edijiligi;
4. Önümçiligi dolandyrmak üçin zähmet talap edijiligi;
5. Doly zähmet talap edijiligi.

**Tehnologik zähmet talap edijiligi** ($Z_{t(t)}$) – bu, esasan, işçileriň tehnologik işi ýerine ýetirmek üçin sarp edýän zähmetini aňladýar.

**Önümçilige hyzmat etmek üçin zähmet talap edijiligi** ($Z_{t(h)}$) diýip, kömekçi işçileriň esasy önümçilige hyzmat etmek üçin sarp edýän zähmetine düşünilýär.

**Önümçilik zähmet talap edijiligi** ($Z_{t(ö)}$) diýip, önümçilik işini ýerine ýetirmek üçin gatnaşýan esasy hem-de kömekçi işçileriň sarp

edýän zähmetine aýdylýar. Önümçilik zähmet talap edijiligi aşakdaky deňlemäniň üsti bilen hasaplanýar:

$$Z_{t(ö)} = Z_{t(t)} + Z_{t(h)}.$$

**Önümçiligi dolandyrmak üçin sarp edilýän zähmet** ($Z_{t(d)}$) dolandyryş işgärleriniň sarp edýän zähmetini öz içine alýar.

**Doly zähmet sarp edijiligi** ($Z_{t(doly)}$) kärhanada zähmet çekýän işgärleriň hemmesiniň sarp edýän zähmetini göz öňünde tutýar we şu deňleme boýunça hasaplanýar:

$$Z_{t(doly)} = Z_{t(t)} + Z_{t(h)} + Z_{t(d)} = Z_{t(ö)} + Z_{t(d)}.$$

Önümçiligiň tejribesinde zähmet sarp edijiligiň kadalaşdyrylan, şertleýin, hakyky we meýilnamalaşdyrylan görnüşleri ulanylýar. Zähmet prosesiniň alnyp barylýan ýerine görä, zähmet talap edijiligi kärhana, önümçilik bölümi ýa-da iş orny üçin kesgitlenilýär.

Zähmet öndürijiliginiň görkezijileri kesgitlenilende, pudaklaryň aýratynlyklary göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, oba hojalygynda zähmet öndürijiliginiň görkezijileriniň önümçiligiň möwsümleýin häsiýete eýedigine we köp halatlarda tebigy şertlere baglydygyna üns berilýär. Şonuň üçin oba hojalygynda zähmet öndürijiliginiň görkezijileri bir ýylyň netijesi boýunça hasaplanylýar we bolup geçýän üýtgeşmeler bolsa, birnäçe ýylyň orta hasaby boýunça hasaba alynýar.

## 4.3. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlar

Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlar bellibir ýagdaýlarda herekete girýärler. Şeýle ýagdaýlar önümçiligiň *tebigy, maddy-tehniki, ykdysady, guramaçylyk* aýratynlyklaryna bagly bolýar. Şunda bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň ýa-da pese düşmeginiň sebäplerini bilmek zerurlygy ýüze çykýar.

***Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlar*** diýip, onuň derejesiniň üýtgemegine getirýän sebäplere düşünilýär. Olar birnäçe toparlara bölünýärler (*12-nji surat*).

145.0 x 215.0 mm

1. Önümçilik serişdeleriniň ösüşi we ulanylyşy bilen bagly bolan *maddy-tehniki* faktorlar

2. Önümçiligi alyp barmak bilen bagly bolan *guramaçylyk* faktorlary

3. Işçi güýjüni dogry we doly ulanmak bilen bagly *durmuş-ykdysady* faktorlar

4. Önümçiligi we işgärleri dolandyrmak bilen bagly *dolandyryş* faktorlary

5. Jemgyýetçilik önümçiliginde adamyň orny bilen bagly bolan *durmuş-psihologik* faktorlar

*12-nji surat. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlaryň häsiýetnamasy*

Tejribede zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlary toparlara bölmegiň dürli görnüşlerine duş gelinýär. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga täsir edýän faktorlary toparlara bölmegiň ***möhüm ähmiýeti:***

1. *Olaryň bar bolan mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga hem-de dogry ulanmaga ýardam berýänligi bilen baglanyşyklydyr*.

2. Täsir edýän faktorlary toparlara bölmek *zähmet öndürijiligindäki üýtgemeleri dogry kesgitlemäge mümkinçilik döredýär*.

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň ***esasy şertleri:***

1. Jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ösen derejesi;

2. Önümçilik gatnaşyklarynyň ösen derejesi;

3. Tebigy şertler.

Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlar öwrenilende, ***göni we gytaklaýyn faktorlary*** tapawutlandyrýarlar. Bu ýerde zähmet öndürijiligine täsir edýän faktorlaryň özara baglanyşyklydygy aýratyn bellärliklidir.

145.0 x 215.0 mm

***Ylmy-tehniki ösüşiň*** ilerlemegi zähmet öndürijiligine täsir edýän faktorlaryň esasylarynyň biridir. Onuň zähmet öndürijiligine edýän täsiriniň esasy ugurlary 13-nji suratda görkezilendir. Ylmy-tehniki ösüşiň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagy, ilkinji nobatda, tehnologik zähmet talap edijiliginiň peselmegine getirýär (*13-nji surat*).




*13-nji surat. Ylmy-tehniki ösüşiň zähmet öndürijiligine edýän täsiriniň esasy ugurlary*

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda guramaçylyk çäreleriniň hem möhüm ähmiýeti bardyr. ***Zähmet öndürijiligini ösdürmegiň guramaçylyk faktorlaryň häsiýetnamasy*** *14-nji suratda berlen*.




*14-nji surat. Zähmet öndürijiligini ösdürmegiň guramaçylyk faktorlary*

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň **durmuş-ykdysady** faktorlaryna işgärleriň medeni, tehniki we hünärmenlik derejesiniň ýokarlanmagy degişlidir.

145.0 x 215.0 mm

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga täsir edýän ***dolandyryş faktorlary*** önümçiligi dolandyrmagyň kämilleşdirilmegini, hojalyk gurallarynyň ösdürilmegini, önümçiligi dolandyrmakda guramaçylyk düzümleriniň kämilleşdirilmegini öz içine alýar.

Häzirki wagtda işçiniň enjamlar bilen, şeýle-de, öz aralaryndaky baglanyşygyny görkezýän ***durmuş-psihologik faktorlarynyň*** ähmiýeti artýar. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň durmuş-psihologik faktorlaryna zähmet şertlerini gowulandyrmak, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak, hyzmatlar ulgamyny ösdürmek, kärhanada sosial-psihologik klimaty gowulandyrmak, işgärleriň işden boş wagtlaryny rejeli peýdalanmagyny guramak we ş.m. degişlidir.

## 4.4. Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleri

Zähmet öndürijiligi öwrenilende, ***onuň ösüş mümkinçiliklerini ýüze çykarmak***, olary ***doly we dogry peýdalanmak*** esasy wezipe bolup durýar.

Zähmet öndürijiligine täsir edýän faktorlardan tapawutlylykda ***ösüş mümkinçilikleri diýip bar bolan, emma käbir sebäplere görä ulanylman galan mümkinçiliklere düşünilýär***.

Bar bolan mümkinçilikleriň doly ulanylmagy kärhanada ýa-da pudakda zähmet öndürijiliginiň derejesini ýokarlandyrýar. Mümkinçilikleri hakyky ösüşe öwürmek olary peýdalanmagyň esasy maksadydyr. Şol sebäpli jemgyýetçilik zähmetiniň sarp edilişini tygşytlaýan ähli guramaçylyk, hojalyk we tehniki çäreler bu mümkinçilikleri doly ulanmaga gönükdirilendir.

Islendik önümçilik işinde gorlaryň üç görnüşi ulanylýar. Şundan ugur alyp, ***zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini hem üç topara bölmek*** maksadalaýyk hasaplanýar (*15-nji surat*).




*15-nji surat. Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleriniň topara bölünişi*

145.0 x 215.0 mm

Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini şeýle toparlara bölmek olaryň gelip çykyşyny kesgitlemek üçin amatlydyr.

Köplenç, zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleri kärhananyň içinde döreýär we ulanylýar.

Zähmet öndürijiliginiň, önümçiligiň, ***kärhananyň içindäki ösüş mümkinçilikleri*:**

– zähmet serişdelerini dogry we doly ulanmak;

– işçi güýjüni dogry we doly ulanmak;

– iş wagtyny dogry we doly ulanmak;

– iş gününiň we iş çalşygynyň dowamyndaky ýitgileri kemeltmek bilen baglydyr.

Kähalatlarda olaryň kärhananyň içindäki ýagdaýlar bilen bagly bolmaýan ýagdaýyna hem gabat gelinýär. Şunuň bilen baglylykda, zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini önümçiligiň içindäki we daşyndaky mümkinçiliklere bölýärler. Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçiliklerini şeýle böleklere bölmek şertleýin häsiýete eýedir, sebäbi içerki we daşarky mümkinçilikler özara baglanyşyklydyrlar.

Zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň ***kärhananyň daşyndaky mümkinçilikleri*** hem üç topara bölünýär (*16-njy surat*).

| | | |
|---|---|---|
| 1. Tutuş halk hojalygynyň derejesinde ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler | 2. Pudaklaryň arasynda ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler | 3. Pudaklaýyn ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler |

*16-njy surat. Zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň kärhananyň daşyndaky mümkinçilikleri*

*Tutuş halk hojalygynyň derejesinde ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler* ylmy-tehniki ösüşiň netijelerini çalt we ýerlikli ulanmak, öndüriji güýçleri rejeli ýerleşdirmek, hojalyk gurallaryny netijeli ulanmak bilen baglydyr.

145.0 x 215.0 mm

Zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň *pudagara ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikleriniň* hem ähmiýeti uludyr. Olar halk hojalygynyň bir pudagynyň mümkinçilikleriniň beýleki pudaklarda ulanylmagyny aňladýar. Mysal üçin, pagta arassalaýan kärhananyň önüminiň hiliniň gowulanmagy şol önümleri çig mal hökmünde ulanýan başga bir dokma kärhanasynyň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýär. Şonuň üçin pudagara önümçilik aragatnaşyklarynyň berkemegi zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleriniň möhüm şertleriniň biridir.

Zähmet öndürijiliginiň *önümçiligiň içindäki ösüş mümkinçilikleri* kärhanada zähmet serişdelerini, işçi güýjüni, iş wagtyny dogry we doly ulanmak, şeýle hem iş gününiň, iş çalşygynyň dowamyndaky ýitgileri kemeltmek bilen baglydyr.

*Pudaklaýyn* ýüze çykarylýan we ulanylýan mümkinçilikler zähmet öndürijiliginiň gündelik we geljekde ulanyp boljak ösüş mümkinçilikleri bilen baglydyr.

Zähmet öndürijiliginiň *gündelik ulanyp boljak mümkinçiliklerine* bir ýylyň dowamynda ulanylýan mümkinçilikler degişlidir. Birnäçe ýyllaryň dowamynda ulanylýan mümkinçilikler zähmet öndürijiliginiň *geljekde ulanyp boljak mümkinçiliklerini* aňladýar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde ylmy-tehniki ösüş jemgyýetçilik durmuşynyň we ykdysadyýetiň ösüşiniň dürli taraplaryny öz içine alýar. ***Tehnika*** diýlip, adamlaryň öz zähmet endiklerine, tejribelerine esaslanyp, tebigatdan gerek bolan zatlary almaga hem-de önüm öndürmäge gönükdirýän zähmet serişdelerine düşünilýär. Önümçiligiň tehnologiýasy tehnikanyň elementidir. ***Tehnologiýa*** – bu zähmet önümleriniň taýýarlanyş usulydyr.

Ylmy-tehniki ösüş:

– *ylmyň we tejribäniň esasynda tehnikany ösdürmegi;*

– *zähmet serişdelerini san taýdan artdyrmagy;*

– *zähmet serişdelerini hil taýdan kämilleşdirmegi* göz öňünde tutýar.

Tehnikanyň ösüşi adamyň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. ***Tehnika*** zähmetiň öndürijilik güýjüni artdyrýan ulgam hökmünde ***adamlar tarapyndan döredilýär we kämilleşdirilýär***.

Tehnikany peýdalanmagyň **esasy maksatlary** (*17-nji surat*).

145.0 x 215.0 mm

Öndürilýän önümi artdyrmak

Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak

Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek

Önüme sarp edilýän wagty we zähmeti azaltmak

*17-nji surat. Tehnikany ulanmagyň maksatlary*

Ýokarda agzalanlar tehniki ösüşiň ykdysady mazmunyny we zähmet öndürijiligi bilen arabaglanyşygyny kesgitleýär.

Tehnikanyň önümçilikde ulanylmagy zähmeti we önümçiligi guramakda düýpli özgerişliklere getirýär. Zähmet serişdeleriniň kämil toparlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagy, energiýanyň dürli görnüşleriniň ulanylmagy, gaýtadan işlenýän çig mallaryň mukdarynyň artmagy zähmeti guramagyň we önümçiligi dolandyrmagyň netijeli görnüşleriniň ulanylmagyny talap edýär, ýöne bu ýerde zähmeti we önümçiligi guramagyň usullarynyň kämilleşdirilmegi bilen ylmy-tehniki ösüş diýen düşünjäni garyşdyrmak bolmaz. Elbetde, diňe önümçiligi guramagyň öňdebaryjy usullarynyň ornaşdyrylmagy tehnikany netijeli peýdalanmaga ýardam edýär. Ylmy-tehniki ösüşiň netijesinde önümçilik serişdeleri we tehnologiýasy kämilleşýär. Ylmy-tehniki ösüş ylmyň we tehnikanyň netijesini önümçilige köpçülikleýin ornaşdyrmak bilen häsiýetlendirilýär. Ol ykdysady ösüşi çaltlandyrýar we önümçiligiň maddy-tehniki binýadynyň düýpli özgermegine getirýär (*18-nji surat*).

| | | | |
|---|---|---|---|
| Zähmeti köp talap edýän pudaklary we agyr işleri *mehanizmleşdirmek* | Elektrofikasiýalaşdyrmagyň esasynda önümçiligi toplumlaýyn *mehanizmleşdirmek we awtomatlaşdyrmak* | Täze, ýokary öndürijilikli enjamlary we mehanizmleri önümçilige ornaşdyrmak | Önümçiligiň tehnologiýasyny yzygiderli kämilleşdirmek we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak |

*18-nji surat. Ylmy-tehniki ösüşiň netijelerinden peýdalanmagyň esasy ugurlary*

4. Sargyt № 1975

***Mehanizmleşdirmek*** (grek dilinden terjime edilende «*mechanik*» sözi «maşyn», «gural» diýen manyny aňladýar) – el zähmet gurallaryny (serişdelerini) maşynlara we mehanizmlere çalşyrylmagyny aňladýar.

Mehanizmleşdirmek zähmet öndürijiligini çaltlandyrýar, adamy basym ýadadýan we köp zähmetli işlerden boşadýar, çig mallary, serişdeleri, energiýany has tygşytly ulanmaga mümkinçilik berýär, önümiň özüne düşýän gymmatyny azaltmaga we onuň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

***Awtomatlaşdyrmak*** (grek dilinden terjime edilende «*automates*» sözi «awtomatik hereket edýän» diýen manyny aňladýar) – adamlaryň zähmetini abzallaryň (enjamlaryň) kömegi bilen sazlaşdyrmak. Bu mehanizmleşdirmegiň ýokary derejesidir.

**Ylmy-tehniki ösüşiň ähli ugurlary özara baglanyşyklydyr.** Şol sebäpli önümçiligiň netijeliligini we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda ylmy-tehniki ösüşiň ähli ugurlaryny netijeli ulanmak zerurdyr.

Ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak, ilki bilen, el zähmetiniň paýynyň azalmagyna mümkinçilik döredýär. Tehniki ösüşiň gazananlaryny ornaşdyrmagyň netijesinde zähmetiň tehniki üpjünçiligi artýar. *Zähmetiň tehniki üpjünçiligi bir işgäre düşýän esasy önümçilik gaznasynyň ululygy bilen ölçenilýär*. Bu bolsa, öz gezeginde, önümçiligiň mehanizmleşdiriliş we awtomatlaşdyrylmagynyň derejesini aňladýar. **Önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy** dört tapgyrdan ybaratdyr (*19-njy surat*).

1. *Bölekleýin mehanizmleşdirmek* – işleriň köp böleginiň enjamlaryň kömegi bilen, bellibir böleginiň bolsa el zähmetiniň üsti bilen ýerine ýetirilmegi

2. *Toplumlaýyn mehanizmleşdirmek* – esasy tehnologik proses enjamlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilip, el zähmetiniň diňe enjamlara hyzmat etmekde hem-de olary dolandyrmakda ulanylýar

145.0 x 215.0 mm

3. *Bölekleýin awtomatlaşdyrmak* – mehanizmleşdirmegiň bir tapgyry bolup, tehnologik prosesiň bellibir böleginiň awtomatik serişdeleriň üsti bilen amala aşyrylmagy

4. *Toplumlaýyn awtomatlaşdyrmak* – mehanizmleşdirmegiň iň ýokary tapgyry bolup, ähli tehnologik prosesleriň awtomatlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilmegi we işçileriň diňe gözegçilik, enjamlary sazlamak wezipelerini ýerine ýetirmegi

*19-njy surat. Önümçiligi mehanizmleşdirmegiň we awtomatlaşdyrmagyň tapgyrlary*

**Mehanizmleşdirmek** – bu, bir tarapdan, enjamlaryň ulanylyş usulyny aňsatlaşdyrýar, beýleki tarapdan bolsa, işçileriň zähmet wezipeleriniň üýtgemegi bilen häsiýetlendirilýär.

Esasy önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi kömekçi önümçilikleriň hem mehanizmleşdirilmegini talap edýär, sebäbi esasy we kömekçi önümçilikleriň arasyndaky baglanyşyk umumy zähmet öndürijiliginiň derejesine mese-mälim täsir edýär. ***Zähmeti mehanizmleşdirmegiň esasy maksady*** zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakdan we önümiň mukdaryny artdyrmakdan ybaratdyr.

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy işçi güýçlerini netijeli peýdalanmak üçin hem mümkinçilikleri döredýär.

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň we awtomatlaşdyrylmagynyň derejesine mehanizmleşdiriliş we awtomatlaşdyrylyş koeffisiýentleri arkaly häsiýetnama berilýär.

***Önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň we awtomatlaşdyrylmagynyň koeffisiýenti*** mehanizmleriň, awtomatlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilen işleriň möçberini umumy ýerine ýetirilen işleriň möçberine bölmek arkaly tapylýar, ýagny:

$$K_{m(ön)} = \frac{Q_m}{Q} \cdot 100,$$

bu ýerde $K_{m(ön)}$ – önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň koeffisiýenti, $Q_m$ – mehanizmleşdirilen iş, $Q$ – umumy ýerine ýetirilen iş.

Önümçiligiň mehanizmleşdirilmeginiň koeffisiýenti ulanylýan zähmete doly häsiýetnama bermeýär, sebäbi bu görkeziji arkaly el zähmetiniň ulanylyşy barada doly maglumat almak mümkin däldir. Şol sebäpli ***zähmetiň mehanizmleşdiriliş koeffisiýenti*** ulanylýar. Zähmetiň mehanizmleşdiriliş koeffisiýenti mehanizmleşdirilen zähmet bilen meşgul bolan işçileriň sanyny işçileriň umumy sanyna bölmek arkaly tapylýar:

$$K_{zm} = \frac{I_m}{I} \cdot 100,$$

bu ýerde $K_{zm}$ – zähmetiň mehanizmleşdiriliş koeffisiýenti, $I_m$ – mehanizmleşdirilen zähmet bilen meşgullanýan işçileriň sany, $I$ – işçileriň umumy sany.

Mysal üçin, kärhanada işleýän 250 işçiniň 150-si mehanizmleşdirilen işlerde işleýär. Şeýlelikde, zähmetiň mehanizmleşdiriş koeffisiýenti 0,6-a deňdir. Diýmek, işçileriň 60%-i mehanizmleşdirilen iş bilen, galan 40%-i bolsa el zähmeti bilen meşgullanýarlar.

Ylmy-tehniki ösüşiň esasy ugurlarynyň biri hem ***kärhananyň energiýa üpjünçiligini ýokarlandyrmakdan*** ybaratdyr. Energiýa bilen üpjünçilik ylmy-tehniki ösüşiň beýleki ugurlaryna-da öz täsirini ýetirýär. Mysal üçin, önümçiligiň we zähmetiň mehanizmleşdirilmegi we awtomatlaşdyrylmagy köp babatda energiýa bilen üpjünçilik meselesiniň çözülişine baglydyr. Energiýa bilen üpjünçilik bellibir wagtyň dowamynda bir işçä görä sarp edilýän energiýany aňladýan görkezijidir.

Önümçilik işini amala aşyrmakda ***tehnikanyň we işçi güýjüniň möhüm ähmiýeti*** bardyr. Önümçilikde ulanylýan tehnologiýalara laýyklykda dürli hünärdäki işçiler gerek bolýar. Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde işçileriň zähmetiniň hiline, olaryň hünärmenlik derejesine bolan talaplar ýokarlanýar. Işçileriň ýörite bilimi, ýokary hünär taýýarlygy, olaryň umumy medeniýeti zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynyň möhüm şertine öwrülýär. Önümçiligiň maddy üpjünçiligi bilen bir hatarda işçileriň zähmetiniň hiliniň kämilleşmegi zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýär. Işçileriň zähmetiniň hiliniň täsiri häzirki zaman önümçiliginde ýerine ýetirilýän

145.0 x 215.0 mm

işleriň mazmunynyň hem-de wezipeleriniň üýtgemegi bilen has-da ýokarlanýar.

Şeýlelikde, zähmet öndürijiligine işçi güýjüniň zähmete bolan ukybynyň ösmegi hem täsir edýär. Şol ukyplaryň ösmegi, ilki bilen, ilatyň bilim we medeni derejesiniň artmagy esasynda gazanylýar. Şu ýerden işçileriň medeni we tehniki derejesi diýen düşünje gelip çykýar. ***Işçileriň medeni we tehniki derejesi*** diýip, olaryň medeniýetine, umumy hem-de ýörite bilimine, önümçilik endigine we tejribesine düşünilýär.

Işçileriň medeni we tehniki derejesi birnäçe görkezijileriň üsti bilen häsiýetlendirilýär. Şeýle görkezijilere okaýanlaryň umumy sany hem-de her ýyl okuw mekdeplerini tamamlaýanlaryň sany ýaly görkezijiler degişlidir.

Türkmenistanyň hünär okuw mekdepleriniň dürli görnüşlerinde okaýanlar baradaky maglumatlar *4.2-nji tablisada* getirilýär.

*4.2-nji tablisa*

**2007–2016-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanyň hünär okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany (müň adam)**

| | 2007 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 | 2015 | 2016 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Başlangyç hünär okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany | 24,8 | 69,7 | 51,1 | 51,8 | 49,2 | 37,4 | 34,1 | 35,5 |
| Orta hünär okuw mekdeplerine kabul edilen okuwçylaryň sany | 1,6 | 3,6 | 4 | 5,8 | 6,6 | 7,8 | 8,4 | 8,5 |
| Orta hünär okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany | 3,9 | 6,2 | 8,3 | 11,6 | 14,5 | 17,2 | 20 | 21,5 |
| Orta hünär okuw mekdeplerini tamamlanlar | 1,6 | 1,6 | 1,9 | 2,5 | 3,6 | 4,9 | 5,4 | 7,0 |

145.0 x 215.0 mm

*4.2-nji tablisanyň dowamy*

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ýokary okuw mekdeplerine kabul edilen talyplaryň sany | 4,6 | 5,4 | 6,1 | 6,7 | 7 | 8 | 8,3 | |
| Ýokary okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany | 17 | 23,7 | 25,6 | 27,4 | 29,8 | 32,6 | 35,5 | |
| Ýokary okuw mekdeplerini tamamlan hünärmenleriň sany | 3,9 | 3,5 | 3,9 | 4,7 | 4,4 | 4,9 | 5,2 | |

**Çeşme:** *Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2017ý., sah. 206-213.*

Tablisadan görnüşi ýaly, Türkmenistanda okaýanlaryň sany ýylsaýyn artýar. 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 2016-njy ýylda başlangyç hünär okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany 1,4 esse, orta hünär okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany 5,5 esse, ýokary okuw mekdeplerinde okaýanlaryň sany 2,2 esse artdy. Bu görkezijiler zähmetiň hiliniň we zähmetkeşleriň medeni, tehniki we hünär derejesiniň ýokarlanmagy üçin edilýän tagallalaryň artýandygyna şaýatlyk edýär.

Işgärleriň medeni-tehniki derejesini olaryň hünärmenlik derejesi kesgitleýär, şeýle hem işçileriň hünärmenlik derejesi bilimleriň we önümçilik endikleriniň jemi bilen kesgitlenilýär. Hünärmenlik derejesi işgäriň hünär taýdan taýýarlygyny, şol bir wagtda nädereje-de agyr işi ýerine ýetirip biljekdigini görkezýär.

Işgärleriň medeni-tehniki derejesiniň ýokarlanýandygyny olaryň hünär derejesindäki bolup geçýän özgerişlikler görkezýär. Ol özgerişlikler zähmetiň mehanizmleşdirilen we awtomatlaşdyrylan görnüşleri bilen meşgul işçileriň sanynyň artmagynda içgin görünýär. Bu bolsa, öz gezeginde, işçiniň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getirýär.

145.0 x 215.0 mm

# V BAP. KÄRHANALARDA ZÄHMET PROSESI

## 5.1. «Zähmet prosesi» hakynda düşünje, onuň düzümi we görnüşleri

***Zähmet prosesi*** diýip, önümçilik işiniň tutuşlygyna ýa-da bölekleýin ýerine ýetirilmesiniň jemine düşünilýär.

**Zähmet prosesiniň düzümi** şulardan ybaratdyr:

1. Adamlaryň maksadalaýyk işleri, ýagny zähmetiň özi;
2. Zähmet predmetleri;
3. Zähmet serişdeleri;
4. Zähmet tehnologiýasy.

Adam zähmetiniň gönükdirilen zatlaryna **zähmet predmeti** diýilýär. Ol öndüriljek önümleriň maddy esasyny düzýär. Zähmet predmeti iki bölekden durýar.

Onuň **bir bölegi tebigatyň hakyky öz zatlaryndan** ybaratdyr. Muňa daşkömür, gazylyp alynýan magdanlar, tokaý giňişlikleri mysal bolup biler.

Zähmet predmetiniň ***beýleki bir bölegine***, ýagny öňki zähmetiň önümine **çig mal** diýilýär. Mysal üçin, çörek zawodynda peýdalanylýan un, gurluşykda sement, dokma fabriginde ýüplük çig mal hasaplanylýar.

Zähmet predmetlerine täsir etmek üçin zähmet serişdeleriniň bolmagy hökmandyr. Adamlaryň zähmet predmetlerine täsir etmek üçin ulanýan zatlaryna **zähmet serişdeleri** diýilýär. Maşynlar, enjamlar, geçiriji enjamlar, gurallar we ş.m. zähmet serişdeleriniň düzüminde esasy orun tutýar. Bulardan başga-da, olaryň hataryna önümçilik jaýlary, desgalar, demir we gara ýollar, kanallar we ş.m. girýärler. Ýer bolsa ählumumy zähmet serişdesi hökmünde çykyş edýär. Oba hojalygynda bolsa ol zähmet serişdesi we zähmet predmeti bolup hyzmat edýär [49].

Şeýlelikde, zähmet serişdeleri *iki görnüşe bölünýär (20-nji surat)*.

145.0 x 215.0 mm




*20-nji surat. Zähmet serişdeleriniň görnüşleri*

**Zähmet tehnologiýasy** (grek dilinden terjime edilende «*techne*– – sungat, *logos* – ylym, taglymat» diýen manylary aňladýarlar) – önümi öndürmekde, serişdeleri işläp taýýarlamakda we gaýtadan işlemekde maddalary, energiýany we maglumatlary özgertmegiň usulydyr.

Zähmet serişdeleri we zähmet predmetleri birleşip, ***önümçilik serişdelerini*** emele getirýärler.

Zähmet prosesini doly öwrenmek üçin, oňa ***ikitaraplaýyn çemeleşme*** ulanylýar (*21-nji surat*).




*21-nji surat. Zähmet prosesini öwrenmekde ulanylýan çemeleşmeler*

Önümçilik prosesinde adamlar diňe bir tebigat bilen däl, eýsem, biri-birleri bilen hem zerur bolan önümçilik gatnaşyklaryna girýärler. Zähmet prosesinde adamlaryň arasyndaky döreýän aragatnaşyklar zähmetiň jemgyýetçilik häsiýetini emele getirýärler.

***Zähmet prosesiniň görnüşleri:***

1. El;
2. El-maşyn;
3. Maşyn;
4. Enjamlaşdyrylan;
5. Awtomatlaşdyrylan.

***El zähmetiniň prosesi*** – bu el zähmet serişdesini ulanmak arkaly ýa-da onsuz işçi tarapyndan amala aşyrylýan işdir (tebigy bölünen ýa-da çapylan ýarymtaýýar önümleri ýasamak).

***El-maşyn prosesi*** – bu işçiniň tehnologik enjamlaryny ulanmak arkaly amala aşyrýan işidir (şöhlat önümini öndürmek üçin zerur bolan üwelen eti taýýarlamak). Zähmet prosesiniň şu görnüşinde zähmet predmetine maşyn we işçi tarapyndan bir wagtda täsir edilýär.

***Maşyn prosesi*** – bu işçiniň gözegçiliginde tehnologik enjamlary işletmek arkaly amala aşyrylýan işdir (akym liniýalarynda konserw bankalaryny ýasamak). Prosesiň dowamynda işçiler maşynlary sazlaşdyrmak, olaryň işleýşine gözegçilik etmek we olardan ýüki düşürmek (ýüklemek) ýaly işleri alyp barýarlar. Bu hyzmat işleri el bilen ýa-da bölekleýin mehanizmleşdirilen görnüşde ýerine ýetirilýär.

***Enjamlaşdyrylan proses*** – bu zähmet predmetine energiýanyň dürli (ýylylyk, elektrik, himiki) görnüşleriniň täsir etmeginde ýörite enjamlarda (peçlerde, kameralarda) ýerine ýetirilýän işler. Bu prosesde işçiler tehnologik prosesleri sazlaşdyryp, abzallaryň abat işleýşine gözegçilik edýärler, emma çig mallary ýüklemek we taýýar önümleri düşürmek ýaly işleri mehanizmleşdirilen görnüşinde ýa-da el bilen ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, bulara wakuum enjamlaryna hyzmat etmek işleri degişlidir.

***Awtomatlaşdyrylan proses*** – bu tehnologik enjamlar (abzallar) bilen işi dolandyrmakdyr. Mysal üçin, bular ýaly prosese doňdurmanyň, doragyň, süýdüň, gatygyň awtomatlaşdyrylan pasterizasiýalaşdyrmak işi degişlidir. Işiň dowamynda işçiler zähmet prosesiniň dogry we durnukly gidişine, wagtynda çig malyň ýüklenilmegine we taýýar önümiň (ýarymtaýýar önümleriň) düşürilmegine gözegçilik edýärler hem-de wagtal-wagtal enjamlary barlap durýarlar.

**Zähmet prosesiniň dowamlylygy boýunça kesgitlenilişi**

Zähmet prosesi öz ***dowamlylygy*** boýunça 2 görnüşde kesgitlenilýär:

1. Üznüksiz zähmet prosesi;
2. Üznükli zähmet prosesi.

**Üznüksiz zähmet prosesinde** çig maly ýüklemek, gaýtadan işlemek we taýýar önümi öndürmek ýaly işler bilelikde alnyp barylýar. Mysal üçin, arassalanan (zyýansyzlandyrylan) süýdi we doragy bölekleýin usul bilen üznüksiz mehanizmleşdirilen liniýalarda paketlerde öndürmek.

145.0 x 215.0 mm

**Üznükli zähmet prosesinde** enjamlary çig mal we ýarymtaýýar önümler bilen üpjün etmekde hem-de olary gaýtadan işlemekde önümçiligiň indiki tapgyryna geçmek üçin, arakesme edilýär. Mysal üçin, süýdi uýatmak.

Üznükli proses siklleýin we siklleýin däl görnüşlere bölünýär.

***Siklleýin prosese*** gysga dowamly, arasy bölünýän we gaýtalanýan tehnologik prosesler degişlidir. Mysal üçin, ýagy öndürmek üçin ýöriteleşdirilen enjamlarda aram-aram ony bulap durmak.

***Siklleýin däl prosese*** gaýtalanmaýan ýa-da dürli yzygiderlilikde gaýtalanýan we arasy bölünýän işler degişlidir. Mysal üçin, dürli şöhlat önümlerini öndürmekde ýöriteleşdirilen enjamlarda we bulawaçlarda üwelen eti gaýtadan işlemek.

Bulardan başga-da, işçileriň zähmet prosesi şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1. Esasy önümçilik bölümlerinde önüm öndürmek;
2. Kömekçi önümçilik bölümlerinde işlemek;
3. Esasy we kömekçi önümçilik bölümlerinde iş orunlaryna hyzmat etmek.

Zähmet proseslerini ***toparlandyryş boýunça tapawutlandyrmak*** zähmeti kadalaşdyrmakda we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň esasy güýçlerini ýüze çykarmakda uly ähmiýete eýedir, ýagny:

1) *el we el-maşyn işlerinde* iş gününden doly peýdalanmak, öňdebaryjy usullary ulanmak we enjamlary kämilleşdirmek;

2) *maşyn prosesinde* kuwwatlylygy doly ulanmak, ýüklemek koeffisiýentini ýokarlandyrmak, gaýtadan işlemek, tehnologiýanyň tertibini berk gözegçilikde saklamak, şeýle hem el işini enjamyň işi bilen utgaşdyrmak.

## 5.2. Zähmet prosesiniň ýönekeý pursatlary

Adamzadyň durmuşy örän çylşyrymly bolup, ol halk hojalygynyň dürli pudaklarynda ýerine ýetirilýän köpgörnüşli işlerden ybaratdyr. Muňa önüm öndürmek, dürli hyzmatlary etmek, ylmy işleri alyp barmak, aňyýet we syýasat bilen baglanyşykly ýüze çykýan köpsanly işleri ýerine ýetirmek mysal bolup biler.

145.0 x 215.0 mm

Şularyň içinde adamlaryň ***maddy nygmatlary öndürmek*** bilen baglanyşykly işlerine aýratyn orun degişlidir, sebäbi önüm öndürmek jemgyýetiň ykdysady esasyny düzýär. Jemgyýetçilik önümçiliginiň yzygiderli ösmegi adamlaryň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagyna alyp barýar. Bu adamzadyň ýaşaýşynyň esasy şertidir, çünki adamlaryň syýasat ýa-da sungat bilen meşgul bolmagynyň esasynda olaryň iýip-içmegi, geýinmegi, ýaşaýyş jaýynyň bolmagy ýaly durmuş zerurlyklary durýar. Şundan ugur alsak, maddy nygmatlary öndürmek – munuň özi jemgyýetiň agzalarynyň ýaşaýşynyň maddy esasydyr. Munuň şeýledigini Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mysalynda aýdyň görmek bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda ýokary depginli ykdysady ösüş gazanylýar. Ilatyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetinde diwersifikasiýalaşdyrmak we senagatlaşdyrmak meýilleriniň geçirilmeginiň netijesinde ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň möçberiniň ösüş depgini ýylsaýyn artýar.

Maddy nygmatlary öndürmek üçin, adamlaryň zähmet çekmegi hökmany şert bolup durýar. Başgaça aýdylanda, zähmet prosesi durmuşy şert hökmünde ýola goýulmalydyr. Zähmet prosesi, ozaly bilen, adamlaryň we tebigatyň arasyndaky özara baglanyşygy aňladýar. Adamlar tebigata täsir etmek bilen öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur önümleri öndürýärler.

Zähmet prosesi islendik jemgyýetde zähmetiň özüni, zähmet predmetlerini we zähmet serişdelerini öz içine alýar. Olar hemişe özara baglanyşykly, berk utgaşykly prosesi emele getirýärler (*5.1-nji tablisa*).

*5.1-nji tablisa*

**Zähmet prosesiniň ýönekeý pursatlary**

<table>
<tr><th>Zähmet</th><th>Zähmet predmetleri</th><th>Zähmet serişdeleri</th></tr>
<tr><td rowspan="2">Adamyň maksadalaýyk işi</td><td>Adamyň zähmet prosesinde täsir edýän zatlary</td><td>Adamyň zähmet predmetine täsir etmek üçin peýdalanýan zatlary</td></tr>
<tr><td colspan="2">Önümçilik serişdeleri</td></tr>
</table>

145.0 x 215.0 mm

Zähmet prosesinde işçi güýji sarp edilýär. **Işçi güýji** – bu adamyň fiziki we akyl güýjüniň jemidir, onuň zähmete bolan ukybydyr. Işçi güýjüniň sarp edilmegi, ýagny onuň herekete getirilmegi jemgyýetçilik önümçiliginiň amala aşyrylmagynyň zerur şerti bolup durýar.

Zähmet prosesinde adam özüniň işi arkaly tebigatyň zatlaryny üýtgedýär we olary öz islegini kanagatlandyrmak üçin peýdalanýar. **Zähmete bolan ukyplylyk, akylly-paýhasly zähmet çekmek diňe adama mahsusdyr.**

Zähmet diňe bir tebigaty üýtgetmän, adamyň özüni hem üýtgedýär. Zähmet çekmek bilen her bir adam özüniň tejribesini, hünärini ýokarlandyrýar. Şu nukdaýnazardan seredilende, zähmetiň adamyň akyl-paýhasynyň kämilleşmeginde esasy şert bolup hyzmat edendigi ykrar edilýär.

Önümçiligiň ýa-da zähmet prosesiniň amala aşyrylmagy üçin diňe bir zähmetiň bolmagy ýeterlik däldir. Onuň üçin zähmet predmetiniň we serişdeleriniň bolmagy hem hökmandyr.

## 5.3. Zähmet prosesiniň önümçilik işine (operasiýasyna) bölünişi

**Önümçilik işi** – bu zähmet prosesiniň aýratyn bölegi bolup, kesgitlenen iş ýerinde bir adam ýa-da işçi topary tarapyndan belli zähmet predmetiniň üstünde ýerine ýetirilýär. Onuň esasy häsiýeti zähmet predmetiniň, iş ýeriniň we ýerine ýetirijileriň durnuklylykda bolmagyndan ybaratdyr.

***Önümçilik amallary*** – bu zähmet prosesiniň aýratyn bölegidir. ***Önümçilik amallary*** diýlip şol bir iş ornunda kesgitli zähmet predmetiniň üstünde bir adamyň ýa-da işçiler toparynyň ýerine ýetirýän amallaryna düşünilýär. Zähmet predmetiniň, iş ornunyň we ýerine ýetirijileriň hemişeligi önümçilik amallarynyň häsiýetli aýratynlyklaryny emele getirýär.

*Zähmet prosesiniň amallara bölüniş derejesi we olaryň mazmuny* önümçiligiň göwrümine we ýöriteleşmesine, önümçilik prosesleriniň, tehnologiýalaryň, enjamlaryň guralyşynyň görnüşlerine, zähmet bölünişigine, önümçiligiň möwsümleýin üýtgemelerine bagly bolup durýar.

Maksady boýunça *amallaryň üç görnüşi* tapawutlandyrylýar. Olar:

1. Tehnologik amal;
2. Ulag amaly;
3. Gözegçilik amaly.

***Tehnologik amallaryň*** netijesinde zähmet predmetiniň hil we mukdar taýdan üýtgemesi bolup geçýär (mysal üçin, süýdüň ýagynyň alynmagy we ş.m.).

***Ulag amallary*** diýlip, çig mallaryň, serişdeleriň, ýarymtaýýar önümleriň, önümçilik galyndylarynyň we taýýar önümleriň bir ýerden başga bir ýere ornuny üýtgetmegine düşünilýär (mysal üçin, iri et bölekleriniň asma ýollary boýunça başga önümçilik bölümine ugradylmagy).

Çig mallaryň, serişdeleriň, ýarymtaýýar önümleriň we taýýar önümleriň hiline gözegçilik etmek boýunça ýerine ýetirilýän amallar ***gözegçilik amallaryna*** degişlidir.

*Amallar* ýerine ýetirilende ýerine ýetirijileriň gatnaşygy dürli bolup biler: *zähmet predmetine göni täsir etmek, enjamyň işine syn etmek we gözegçilik etmek.*

Ulanylýan zähmet serişdeleri we zähmetiň häsiýeti boýunça önümçilik amallary el bilen ýerine ýetirilýän, maşyn-el bilen, maşyn (enjamlaýyn) we awtomatlaşdyrylan amallara bölünýär.

*Amallar* – zähmet prosesiniň, önümçiligi meýilnamalaşdyrmagyň we önümçilik hasaplarynyň esasy elementi bolup durýar.




*22-nji surat. Amallaryň toparlandyrylyşy*

Önümçilik amallary ***zähmet, tehnologik we beýleki alamatlary*** boýunça birnäçe toparlara bölünýärler (*22-nji surat*).

*Tilsim* – amallaryň gutarnykly bölegi bolup durýar. Her bir tilsimiň özüniň anyk mazmuny we özbaşdak ähmiýeti bardyr. Kadalaşdyrmak üçin tilsimleri toplumlara birleşdirmek maksadalaýykdyr. Bu köpsanly tilsimlerden ybarat bolan amallara degişlidir.

*Zähmet hereketleri* – bu amallar ýerine ýetirilende işçiniň, onuň göwresiniň, aýagynyň, eliniň, barmaklarynyň birgezekleýin ornuny üýtgetmegini aňladýar.

Zähmet hereketleriniň aşakdaky esasy görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

– *Tutmak* – eliň barmaklary bilen zähmet predmetini ýa-da zähmet serişdesiniň bir bölegini tutmak;

– *Ondan-oňa geçiş* – elini uzatmak ýa-da zähmet predmetini eliň bilen başga bir ýere geçirmek;

– *Boşadyş* – işgäriň elini zähmet predmetinden boşatmak.

***Zähmet amallary*** diýlip üznüksiz ýerine ýetirilýän we bir maksat bilen birleşdirilen birnäçe zähmet hereketleriniň jemine düşünilýär.

Amallaryň böleklere bölünmegi barlagyň maksatlaryna baglydyr. Wagt kadasyny bellemek üçin amallar tilsimlere bölünýär. Amallaryň zähmet hereketlerine bölünmegi diňe artykmaç hereketler ýüze çykarylanda, işiň öňdebaryjy tilsimleri we usullary öwrenilende hem-de umumylaşdyrylanda, şeýle-de, wagt kadalary işlenip taýýarlanylanda maksadalaýyk hasaplanýar.

Tehniki taýdan esaslandyrylan kadalary bellemek üçin käbir halatlarda amallary zähmet alamaty boýunça bölmek ýeterlik däldir. Hususan-da, bu gaýtadan işleýän kärhanalarda, ýagny gaplaryň önümçiliginde, abatlaýyş işleri bilen meşgullanýan önümçiliklerde ýerine ýetirilýän amallara degişlidir. Şeýle ýagdaýlarda amallaryň ýerine ýetirilişiniň maksadalaýyk yzygiderliligini ýola goýmaga mümkinçilik berýän amallaryň tehnologik bölünişi ulanylýar. **Tehnologik alamaty** boýunça amallar enjamlara *(gurluşlara), geçişlere* we *geçelgelere* bölünýärler.

***Enjam (gurluş)*** diýlip predmet bir gezek berkidilende ýerine ýetirilýän amallaryň bir bölegine düşünilýär.

***Geçiş*** diýlip işlenilýän üstüni we enjamyň iş tertibini üýtgetmän, şol bir gural bilen ýerine ýetirilýän amallaryň bir bölegine düşünilýär. Görkezilen sebäpleriň haýsy-da bolsa biriniň üýtgemegi täze geçişiň ýüze çykmagyna getirýär. Geçişler, köplenç, birmeňzeş, gaýtalanyp durulýan böleklerden ybaratdyr.

Serişdäniň işlenilýän üstünden bir gatlagyň aýrylmagy bilen baglanyşykly geçişiň her bir gaýtalanýan bölegine ***geçelge*** diýilýär.

Amallaryň *enjamlara (gurluşlara), geçişlere* we *geçelgelere* bölünmegi, detallar işlenende olaryň takyk yzygiderliligini ýola goýmaga, şeýle-de, zerur gurallary kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şunda artykmaç enjamlar (gurluşlar) we gurallaryň ýygy-ýygydan täzelenmegi aradan aýrylýar, şeýle-de amallaryň ýerine ýetirilmegi üçin sarp edilýän umumy wagt gysgalýar.

Maddy çeşmeleriň, enjamlaryň, zähmetiň we tehnologiýanyň birikmegi netijesinde bellibir önümiň (önümleriň ýa-da hyzmatlaryň) emele gelmek prosesi **ykdysady işiň görnüşi** diýlip atlandyrylýar. Bir iş görnüşi bir ýönekeý prosesden ybarat bolup durýar. Meselem, dokmaçylyk, bu iş birnäçe işleri öz içine alýar we olar, öz gezeginde, aýratyn toparlandyryş (klassifikasion) bölümlerine girýär. Meselem, awtomobil önümçiligi bir iş görnüşi diýlip hasaplanylýar, emma, muňa garamazdan, bu toplumlaýyn proses birnäçe kiçi prosesleri öz içine alýar, ýagny guýma, kebşirleme, ýygnama, reňkleme we ş.m.

Häzirki döwürde ýurdumyzda «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy tarapyndan 2012-nji ýylda tassyklanan «Ykdysady işleriň görnüşleriniň döwlet klassifikatory» hereket edýär. Bu klassifikator hasap, statistika, seljerme we çaklaýyş üçin niýetlenendir. Onda 100-e golaý ykdysady işiň görnüşleriniň iri toparlary we 600-den gowrak kiçi toparlary getirilýär.

Zähmet prosesiniň kadalaşdyrylmagy Türkmenistanyň Zähmet kodeksine we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda amala aşyrylýar.

145.0 x 215.0 mm

# VI BAP. KÄRHANALARDA IŞ WAGTYNYŇ WE DYNÇ ALYŞ WAGTYNYŇ HUKUK TAÝDAN DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI

## 6.1. Kärhanalarda iş wagtynyň düzgünleşdirilişi

**Iş wagty** kesgitli wagt bolup, onuň dowamynda işgär kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalaryna, iş tertibine ýa-da zähmet şertnamasynyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) şertlerine laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmeli, şeýle hem wagtyň beýleki döwürleri bolup, olar Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda iş wagtyna degişlidir.

**Iş wagtynyň kadaly dowamlylygy hepdede 40 sagatdan ýokary geçmeli däldir.** Iş beriji her bir işgäriň hakyky işlän wagtynyň hasabyny ýöretmäge borçlanýar (*23-nji surat*).




*23-nji surat. Iş wagtynyň gysgaldylan görnüşleri*

Işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleriniň öň ýanyndaky günde işgärleriň iş gününiň dowamlylygy bäş günlük hem-de alty günlük iş hepdesinde bir sagat gysgaldylýar.

Önümçiligiň (işiň) şertleri boýunça işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama gününiň öň ýanyndaky günde işiň (çalşygyň) dowamlylygyny azaltmak mümkin bolmadyk üznüksiz işleýän kärhanalarda we işiň aýry-aýry görnüşlerinde işgäriň islegine görä goşmaça dynç alyş wagtyny bermek ýa-da iş wagtyndan daşary edilen iş üçin bellenilen kadalar boýunça hak tölemek bilen artyk işlenen işiň öwezi dolunýar.

**Alty günlük iş hepdesinde dynç gününiň öň ýanyndaky gün işiň dowamlylygy 5 sagatdan ýokary geçmeýär.**

*Agşam sagat 22-den ir sagat 6-a çenli bolan wagt gijeki wagt hasap edilýär.* Gijelerine işlenilýän mahalynda işiň (çalşygyň) bellenilen dowamlylygy 1 sagat gysgaldylýar. Bu düzgün özleri üçin iş wagtynyň gysgaldylmagy ozal göz öňünde tutulan işgärlere degişli däldir. Gijelerine işlemegiň dowamlylygy önümçiligiň şertlerine görä zerur bolýan halatlarda, hususan-da, üznüksiz önümçiliklerde, şonuň ýaly-da bir dynç alyş günli alty günlük iş hepdesi mahalyndaky çalşykly işlerde gündizki iş bilen deňleşdirilýär.

Işgär bilen iş berijiniň arasynda ylalaşylyp, işe kabul edilen mahalynda doly däl iş güni ýa-da doly däl iş hepdesi bellenilip bilner.

*Göwreli aýalyň, şonuň ýaly-da 14 ýaşyna çenli çagasy (18 ýaşa çenli maýyp çagasy) bolan ata-enelerden biriniň* ýa-da olaryň ornuny tutýan adamyň şeýle hem lukmançylyk netijenamasyna laýyklykda maşgalanyň syrkaw agzasyna seredýän adamyň haýyşy boýunça iş beriji olara doly däl iş gününi ýa-da doly däl iş hepdesini bellemäge borçludyr.

Iş beriji *iş wagtynyň kadaly dowamlylygyndan daşary işleri* Türkmenistanyň Zähmet hakyndaky kanunçylygynyň talaplaryna laýyklykda diňe aýratyn halatlarda ulanyp bilýär (*24-nji surat*).

145.0 x 215.0 mm

**Iş beriji iş wagtyndan daşary işleri diňe şu aşakdakylar ýaly aýratyn halatlarda ulanyp biler:**

1. Tebigy betbagtçylygyň, önümçilik heläkçiliginiň öňüni almak we olaryň netijelerini gyssagly düzetmek, betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak, saglygy goraýyş edaralarynyň işgärleri tarapyndan has gyssagly lukmançylyk kömegini bermek üçin gerek bolan işler geçirilen mahalynda

2. Suw we gaz üpjünçiliginiň, ýyladyşyň, yşyklandyryşyň, lagymyň, ulagyň, aragatnaşygyň kadaly işlemegini bozýan tötänleýin ýa-da duýdansyz ýagdaýlary ýok etmek üçin zerur jemgyýetçilik işleri geçirilýän mahalynda

3. Önümçiligiň tehniki şertlerine görä garaşylmadyk bökdençlik sebäpli kadaly iş sagatlarynyň dowamynda ýerine ýetirilip (tamamlanyp) bilinmejek başlanylan işi ýerine ýetirmek ýa-da tamamlamak zerur bolan mahalynda (eger şunda başlanylan işiň ýerine ýetirilmezligi döwlet emläginiň we iş berijiniň emläginiň zaýalanmagyna ýa-da ýok bolmagyna getirip biljek bolsa)

4. Mehanizmleriň ýa-da desgalaryň näsazlygy işgärleriň ep-esli sanynyň işleriniň duruzylmagyna getirjek halatlarda şol mehanizmleri ýa-da desgalary abatlamak we dikeltmek baradaky wagtlaýyn işler geçirilýän mahalynda

5. Çalşylýan işgär işe gelmedik mahalynda şol işi dowam etdirmek üçin, eger iş arakesme edilmegine mümkinçilik bermeýän bolsa, şunuň ýaly halatlarda iş beriji şol işläp duran işgäri beýleki işgär bilen çalyşmak üçin derrew çäreleri görmäge borçludyr

*24-nji surat. Iş berijiniň iş wagtyndan daşary işleri ulanýan halatlary*

145.0 x 215.0 mm

Işgär üçin doly däl iş wagty şertlerinde işlemek rugsadyň dowamlylygynyň, zähmet döwrüniň hasaplanylmagynyň haýsy-da bolsa beýleki zähmet hukuklarynyň hiç hili çäklendirilmegine getirip bilmez. Iş berijiniň başlangyjy boýunça işgäriň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygyndan daşary eden işi, gündelik işi (çalşygy), şeýle hem hasabat döwründe (aýda, çärýekde, ýylda) iş sagatlarynyň kadaly sanyndan artyk edilen iş, **iş wagtyndan daşary iş** diýip hasap edilýär. Iş wagtyndan daşary işler kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalarynyň pikirini hasaba almak bilen, işgäriň ýazmaça razylygy bilen geçirilip bilner.

Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça şu aşakdakylar **iş wagtyndan daşary işlere goýberilmeýär:**

1. *Göwreli aýallar*;
2. *18 ýaşa ýetmedik işgärler*.
3. *Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleriň beýleki toparlary.*

**Iş wagtyndan daşary işler her bir işgär üçin yzygider iki günüň dowamynda dört sagatdan we ýylda 120 sagatdan köp bolmaly däldir.** Iş beriji her bir işgär tarapyndan iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işleriň takyk hasabyny ýöretmäge borçludyr.

Iş wagtynyň düzgüni iş hepdesiniň dowamlylygyndan, işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin kadalaşdyrylmadyk iş güni bolan işden, gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygyndan, iş wagtynyň başlanýan we gutarýan wagtyndan, işdäki arakesmeleriň wagtyndan, iş we iş däl günleriň gezekleşmeginden, gije-gündizdäki çalşyklaryň sanyndan we işgärleriň bir çalşykdan beýleki çalşyga geçmeginiň tertibinden ybaratdyr.

Iş wagtynyň düzgüni köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) ýa-da kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary ýa-da çalşygyň tertipnamalary bilen, olar bolmadyk mahalynda bolsa döwlet häkimiýetiniň ýerli ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp, işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da gaýry wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

Kärhanada işiň aýratynlygyny hasaba almak bilen, iki dynç alyş günli bäş günlük iş hepdesi ýa-da bir dynç alyş günli alty günlük iş hepdesi ýa-da, dynç günlerini üýtgäp durýan tertipnama boýunça bermek bilen iş hepdesi bellenilip bilner.

145.0 x 215.0 mm

Bäş günlük ýa-da alty günlük iş hepdesi işiň aýratynlygyny, zähmetkeşler köpçüliginiň pikirini hasaba almak bilen döwlet häkimiýetiniň ýerli we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp, kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen bilelikde iş beriji tarapyndan bellenilýär.

Bäş günlük iş hepdesinde gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşyk grafikleri) bilen kesgitlenilýär.

**Alty günlük iş hepdesinde gündelik işiň dowamlylygy** şu aşakdakylardan ýokary geçip bilmez:

1. 40 *sagatlyk* hepdelik kadasynda – 7 *sagatdan*;
2. 36 *sagatlyk* hepdelik kadasynda – 6 *sagatdan*;
3. 24 *sagatlyk* hepdelik kadasynda – 4 *sagatdan*.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan hünärleriň sanawyna laýyklykda kinematografiýa guramalarynyň, tele we wideo surata düşüriji kollektiwleriň, teatrlaryň, teatral we konsert guramalarynyň, sirkleriň döredijilik işgärleri we eserleri döretmäge we (ýa-da) ýerine ýetirmäge gatnaşýan beýleki adamlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri, tanymal türgenler, tälimçiler üçin gündelik işiň (çalşygyň) dowamlylygy Türkmenistanyň kanunçylygyna, zähmet şertnamasyna ýa-da köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) laýyklykda bellenilip bilner.

**Kadalaşdyrylmadyk iş güni** aýratyn iş düzgüni bolup, oňa laýyklykda aýry-aýry işgärler iş berijiniň buýrugy boýunça zerur mahalynda iş wagtynyň kadaly dowamlylygynyň çäklerinden aňyrda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmäge çekilip bilner. Şunda gündelik işiň dowamlylygy on iki sagatdan ýokary geçip bilmez.

Üznüksiz işleýän kärhanalarda, şeýle hem aýry-aýry önümçiliklerde, önümçilik bölümlerinde, ýerlerde önümçiligiň (işiň) şertlerine görä işgärleriň şol toparlary üçin bellenilen iş wagtynyň gündelik ýa-da hepdelik dowamlylygy berjaý edilip bilinmejek işleriň käbir görnüşlerinde hasaba alynýan döwür içindäki iş wagtynyň dowamlylygy bellenilen iş sagatlarynyň kadaly sanyndan geçmez ýaly, işgärleriň kärdeşler arkalaşygy hem-de beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyp, iş wagtyny jemläp hasaba almak düzgüniniň girizilmegine ýol berilýär.

Iş wagtyny jemläp hasaba almagy girizmegiň tertibi kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary bilen bellenilýär.

Zähmetiň aýratyn häsiýetiniň bolmagy sebäpli, zerur bolan işlerde gündelik iş wagtynyň umumy dowamlylygynyň iş gününiň bellenilen dowamlylygyndan artyk bolmazlyk şerti bilen iş güni böleklere bölünip bilner. Iş gününiň dowamyndaky arakesmeleriň wagty iş gününe goşulmaýar. Iş gününi böleklere bölmegiň tertibi iş beriji tarapyndan zähmetkeşler köpçüligi bilen bilelikde kesgitlenilýär.

Kärhanalarda gündelik işiň (çalşygyň) başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary (çalşygyň tertipnamalary) bilen bellenilýär.

Önümçilik prosesiniň uzaklygy gündelik işiň ýol berilýän dowamlylygyndan ýokary geçen halatlarynda, şeýle hem enjamy has netijeli peýdalanmak, çykarylýan önümiň ýa-da ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň möçberini artdyrmak maksady bilen iki, üç ýa-da dört çalşykdaky iş girizilýär.

Çalşykly işde işgärleriň her bir topary bir çalşygyň iş wagtynyň bellenilen dowamlylygynyň içinde işi geçirmelidirler.

Işgärler çalşyklar boýunça deňme-deň gezekleşdirilip işledilýär. Bir çalşykdan beýleki çalşyga geçirilende, işiň aýratynlygyny we zähmetkeşler köpçüliginiň pikirlerini hasaba almak bilen, işgärleriň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, iş beriji tarapyndan tassyklanylan çalşyk grafikleri bilen kesgitlenilýär. Çalşyk tertipnamalary güýje girizilmeginden bir aýdan gijä galman işgärleriň dykgatyna ýetirilýär.

Çalşyklaryň arasyndaky arakesmeler on iki sagatdan az bolmaly däldir. Işgäri yzygider iki çalşygyň dowamynda işe çekmek gadagan edilýär.

## 6.2. Kärhanalarda dynç alyş wagtynyň düzgünleşdirilişi

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 50-nji maddasyna laýyklykda: «Her bir adamyň dynç almaga hukugy bardyr we ol iş hepdesiniň çäklendirilen dowamlylygynyň bellenilmeginden, her ýylky tölegli zähmet rugsatlarynyň, her hepdede dynç günleriniň berilmeginden ybaratdyr.

Döwlet adam üçin dynç almaga we boş wagtyny peýdalanmaga amatly şertleri döredýär».

145.0 x 215.0 mm

**Dynç alyş wagty** – bu kesgitlenen wagt bolup, onuň dowamynda işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirmekden azatdyr we ol ony öz islegine görä peýdalanyp biler.

Dynç almak hem-de naharlanmak üçin, işgärlere dowamlylygy bir sagatdan az bolmadyk, ýöne iki sagatdan köp bolmadyk arakesme berilýär. Arakesme wagty iş wagtyna goşulmaýar.

Dynç almak we naharlanmak üçin arakesme kada hökmünde iş başlanandan her 4 sagatdan soň berilmelidir. Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty kärhananyň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary arkaly kesgitlenilýär.

Işgärler arakesmäni özleriniň makul bilşine görä peýdalanýarlar. Şol wagtyň içinde olar iş ýerinden gidip bilerler.

Önümçiligiň şertleri boýunça arakesmäni kesgitlemek mümkin bolmadyk işlerde, şol sanda üznüksiz işleýän kärhanalarda işgäre iş wagtynyň dowamynda dynç almak we naharlanmak üçin wagt hem-de ýer berilmelidir. Şeýle şertlerde arakesme her dört sagatdan 30 *minuta* çenli dowamlylygy bilen berlip bilner. Şunuň ýaly işleriň sanawy, dynç almagyň we naharlanmagyň wagty, ýeri işgärleriň kärdeşler arkalaşygy ýa-da beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşylyp, iş beriji tarapyndan bellenilýär.

*Ýylyň yssy (sowuk) wagtynda açyk howada ýa-da jaýyň içini ýelejirediş (sowadyş, ýyladyş) ulgamlary bolmadyk, ýapyk jaýlardaky işlerde işgärlere arakesmeler berilýär ýa-da iş wagtlaýynça arasy kesilip (bes edilip) bilner.* Arakesmäniň başlanýan we gutarýan wagty iş beriji tarapyndan kesgitlenýär we degişli buýruk bilen resmileşdirilýär.

Howanyň ýokary (pes) temperaturasy netijesinde ýylyň yssy (sowuk) wagtynda iş bes edilen mahalynda iş beriji işgäri zähmetiň has amatly şertleri bolan başga işe wagtlaýyn geçirmäge haklydyr.

Işgärlere arakesme berilýän ýa-da işiň wagtlaýyn arasy kesilip (bes edilip) bilinjek howanyň temperatura düzgüni Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Bäş günlük iş hepdesi mahalynda işgärlere hepdede 2 dynç alyş güni, alty günlük iş hepdesi mahalynda bolsa 1 dynç alyş güni berilýär.

Ýekşenbe güni umumy dynç alyş günüdir. *Eger 2 dynç alyş güni Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilmedik bolsa, onda bäş günlük iş hepdesi mahalynda şol 2-nji dynç alyş güni kärhananyň iş*

*çalşygynyň tertipnamasy bilen bellenilýär* we *umumy dynç alyş güni bilen bassyr berilmelidir*.

Önümçilik-tehniki şertlere görä ýa-da ilata üznüksiz hyzmat edilmegi netijesinde işi duruzmak bolmaýan kärhanalarda (howa menzillerinde, demir ýol menzillerinde we ş.m.), şonuň ýaly-da üznüksiz önümçilikli beýleki kärhanalarda dynç alyş günleri kärhananyň çalşyk tertipnamalaryna laýyklykda işgärleriň her bir toparyna hepdäniň dürli günlerinde nobatma-nobat berilýär.

Ilata hyzmat etmek zerurlygy sebäpli umumy dynç alyş gününde işiň arasy kesilip bilinmejek kärhanalarda (dükanlar, teatrlar, muzeýler, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar we ş.m.) dynç alyş günleri döwlet häkimiýetiniň ýerli ýa-da ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen ylalaşylyp, iş berijiler tarapyndan bellenilýär.

Her hepdede üznüksiz dynç almagyň dowamlylygy 42 sagatdan az bolmaly däldir. Dynç alyş günlerinde işe çekmäge diňe işgäriň razylygy bilen ýol berilýär. Işgäriň şu aşakdaky işleri ýerine ýetiren halatlary muňa degişli däldir:

1. Jemgyýetçilik ýa-da tebigy betbagtçylygyň, önümçilik heläkçiliginiň öňüni almak ýa-da betbagtçylyk hadysalarynyň ýetiren zyýanlaryny derrew ýok etmek bilen bagly işler;

2. Köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) ýa-da iş beriji-fiziki şahs bilen işgäriň arasynda baglaşylan zähmet şertnamasynyň esasynda.

Işgärler dynç alyş günlerinde iş berijiniň ýazmaça buýrugy boýunça işe çekilýär.

2017-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň Zähmet kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 81-nji maddasyna laýyklykda aşakdaky **ählihalk baýramçylyk we hatyra günlerinde** kärhanalarda, guramalarda we edaralarda **işlenilmeýär:**

1. Täze ýyl – 1-nji ýanwar;
2. Halkara zenanlar güni – 8-nji mart;
3. Milli bahar baýramy – 21-22-nji mart;
4. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni – 18-nji maý;
5. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni – 27-nji sentýabr;

145.0 x 215.0 mm

6. Hatyra güni – 6-njy oktýabr;
7. Halkara Bitaraplyk güni – 12-nji dekabr;
8. Gurban baýramy – Gurban baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen kesgitlenilýär;
9. Oraza baýramy – Oraza baýramynyň anyk senesi her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen kesgitlenilýän dynç alyş günleri berilmezden (eger olar iş günlerine gabat gelse), baýramçylyk we hatyra günleri hem bellenilýär.

Bu Kanun 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizildi.

## VII BAP. ZÄHMETE HAK TÖLEMEGIŇ BAZAR MEHANIZMI

### 7.1. Zähmet hakynyň mazmuny, ýerine ýetirýän wezipeleri

Zähmet haky sarp edilen zähmetiň hiline we mukdaryna görä tölenýän hakdyr.

Häzirki döwürde zähmet hakyny tölemek babatynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler:

– işçileriň we gullukçylaryň aýlyk iş haklarynyň ortaça möçberini ýokarlandyrmak we zähmet hakyny tölemekde esaslandyrylmadyk differensiasiýany (dürli ugurlara, derejelere bölmegi) aradan aýyrmak, kanunçylykda ylalaşyklar we köpçülikleýin şertnamalar bilen berkidilen kepillikleriň berjaý edilmegini gazanmak;

– döwlet tarapyndan aýlyk iş haklarynyň iň pes derejedäki kepillikleriň bellenilmegi, sarp ediş býujetiniň iň pes möçberi kesgitlenende, onuň sarp edilen işçi güýjüniň öwezini dolmak üçin harçlanan serişdelere doly kybap bolmagyny gazanmak;

– döwlet işçileriniň, býujet ulgamynda zähmet çekýän adamlaryň aýlyk iş haklaryny has netijeli düzgünleşdirmek;

– ilatyň satyn alyş ukybyny saklamak;

– aýlyk iş hakynyň monitoringini guramak, işçileriň we gullukçylaryň aýlyk haklarynyň möçberiniň, ýaşaýyş bahalarynyň üýtgemegi bilen baglylykda ýüze çykýan hadysalary öwrenmek;

145.0 x 215.0 mm

– ilatyň girdejileriniň jemi içerki önümdäki paýynyň 60%-e çenli artmagyny gazanmak meselelerine gönükdirilýär [14; sah. 317].

Zähmete hak tölemek işgärleriň zähmete bolan höwesini artdyrmakda esasy orny eýeleýär. Zähmet haky zähmetkeşleriň maddy hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmagyň esasy çeşmesidir. Zähmet haky döwlet kärhanalarynda işleýänler we gullukçylar üçin milli girdejiniň sarp ediş gaznasyndan pul görnüşinde düşýän paýydyr.

***Zähmete hak tölemek 2 sany wezipäni ýerine ýetirýär*:**

1. Zähmetkeşleriň girdejisiniň esasy çeşmesi we durmuş derejesiniň ýokarlanmagynyň şerti hökmünde.

2. Zähmetkeşleri önümçiligiň netijeliligini artdyrmaga maddy taýdan höweslendiriji şerti hökmünde.

***Zähmete hak tölemegi guramak*:**

– paýlamagy zähmetiň netijesi boýunça, onuň mukdary we hiline görä guramak;

– zähmete hak tölenişini guramakda kärhanalaryň özbaşdaklygyny giňeltmek;

– zähmetiň ýokary netijeliligini gazanmak üçin maddy taýdan höweslendirmek;

– zähmet hakyny yzygiderli artdyrmak;

– şahsy we jemgyýetçilik bähbitlerini göz öňünde tutmak;

– hak tölenişiniň sada we durnukly görnüşlerini ulanmak ýörelgelerine esaslanýar.

Zähmet haky hiline we mukdaryna laýyklykda alnan netijelere görä tölenilýär. **Zähmetiň mukdary** diýip – janly zähmetiň, ýagny zähmet prosesinde adamyň muskul we nerw energiýasyny sarp etmegine düşünilýär.

Zähmetiň mukdary iş wagtynyň dowamlylygy bilen kesgitlenilip, sagatda, günde ölçenilýär we bellibir wagtda sarp edilen zähmetiň jemi boýunça kesgitlenilýär.

**Zähmetiň hili** diýip – işleriň hünärmenlik derejesine, zähmetiň şertlerine, zähmetiň ykdysady ähmiýetine, zähmetiň agyrlyk derejesine düşünilýär.

Ýokary hünärmenligi talap edýän zähmete, kyn işe, elbetde, ýeňil zähmete garanyňda, artyk hak tölenilýär. Zähmet haky işgärlere

bellenýän aýlyk hakynyň, tarif ulgamynyň, tölegleriň görnüşleriniň hem-de goşmaça tölegleriň üsti bilen sazlanylýar.

Zähmete hak tölenilişiniň differensirlenmegi işgärleriň zähmetiniň netijeliligini artdyrmaga, maddy taýdan höweslendirmäge mümkinçilik döredýär. Zähmete hak tölemegiň pudaklaryň arasynda differensirlenmek ýörelgesi uly ähmiýetlidir, sebäbi bu ýörelge zähmet hakynyň möçberini her pudagyň halk hojalygynyň ösmegine edýän täsirine görä kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Şol sebäpli senagatyň esasy pudaklarynda zähmet hakynyň derejesi ýokary bolýar. Zähmetiň mukdary we hili önümçilikde her işgäriň zähmetine aýratynlykda doly häsiýetnama bermeýär. Şonuň üçin bir kärhananyň çäginde zähmet haky differensirlenende, ozaly bilen, işgäriň zähmetiniň netijesi, öndürilen önümiň sany, onuň hili, çig mallaryň, zähmet serişdeleriniň ulanylyş derejesi göz öňünde tutulýar. Şeýle görkezijiler her bir işgäriň zähmetine doly we dogry baha bermäge hem-de deň zähmet üçin deň zähmet hakyny tölemäge mümkinçilik döredýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe zähmet haky ilatyň girdejileriniň esasy çeşmesi bolup, olaryň derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugruny emele getirýär. Bu barada hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Işçileriň we gullukçylaryň aýlyk zähmet haklaryny we girdejilerini emele getirmekde öňe sürülýän syýasat sarp ediş isleglerini artdyrmagyň, adam faktorynyň ösmegini tijendirmegiň we şol esasda möhüm ykdysady ösüşleri gazanmagyň esasy faktorlarynyň biri bolar» [14; sah. 314].

Zähmete hak tölemegiň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsirini artdyrmakda onuň ahyrky netijesi bilen arabaglanyşygyny güýçlendirmegiň ähmiýeti uludyr. Ol işgärleriň zähmetiniň ahyrky netijeliligini ýokarlandyrmaga bolan isleglериniň artmagyna täsir edýär.

Zähmete hak tölemegi guramagyň ýene-de bir ýörelgesi işçileriň we gullukçylaryň zähmet hakynyň yzygiderli artmagyndan ybaratdyr. «Ýurdumyzda adamlaryň aýlyk zähmet haklary, pensiýalary, döwlet kömek pullary we talyp haklary yzygiderli ýokarlandyrylýar, şol bir wagtyň özünde-de sarp edilýän harytlaryň iň pes baha görkezijisiniň kesgitli bolmagy ilatyň gazanjyny ösdürmekde garaşylýan we iş ýüzünde gazanylýan derejesinde deňagramlylygy

saklamaga şert döredýär» diýmek bilen, Ýurt Baştutanymyz hakykat ýüzünde bu ýörelgä eýerilýändigini nygtaýar.

Häzirki döwürde **zähmet haky 2 görnüşde tapawutlandyrylýar:**

1. Bellenilen (nominal) iş haky;
2. Real (hakyky) iş haky.

***Bellenilen iş haky*** – bu hereket edýän pul birliginde alnan hakyň möçberini aňladýar. Nominal iş haky döwlet tarapyndan tarifleriň, işgärleriň aýlyk haklarynyň ýokarlandyrylmagy esasynda, kärhanalaryň serişdeleriniň hasabyna artdyrylyp bilner. ***Real (hakyky) iş haky*** bolsa nominal iş hakynyň artmagy hem-de harytlaryň, hyzmatlaryň bahasynyň üýtgemän galmagy ýa-da pese düşmegi sebäpli köpelip biler. Başgaça aýdylanda, real zähmet haky nominal zähmet hakynyň satyn alyp bilijilik ukybyny aňladýar. Nominal we real iş hakynyň hem-de harytlaryň, hyzmatlaryň bahalarynyň arasyndaky baglanyşygy aşakdaky deňlemäniň üsti bilen görkezip bolar:

$$I_r = I_n \cdot I_b,$$

bu ýerde $I_r$ – real iş hakynyň indeksi, $I_n$ – nominal iş hakynyň indeksi, $I_b$ – bahalaryň indeksi.

Zähmet haky paýlamagyň görnüşi bolmak bilen bir hatarda, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň ýoly, usuly, serişdesi hökmünde hem çykyş edýär. Zähmet haky işgärler bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşygy görkezýär, şeýle-de, zähmet haky işgärler bilen kärhananyň arabaglanyşygyny hem häsiýetlendirýär. Şeýlelikde, zähmet haky kärhananyň girdejisine bagly bolýar. Jemgyýetiň sarp edijilik gaznasynyň möçberi we kärhananyň zähmet haky üçin niýetleýän serişdeleriniň ululygy milli girdejiniň ösüşini üpjün edýän zähmet öndürijiliginiň derejesine bagly bolýar.

Zähmet haky oňa täsir edýän güýçleriň birnäçesiniň esasynda köpelip biler.

Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy, önümçiligiň netijeliliginiň gowulanmagy zähmet hakynyň artmagyna getirýän sebäplerdir. Elbetde, olaryň hersi zähmet hakynyň artmagyna dürli derejede täsir edýär. Her bir anyk ýagdaýlarda zähmet hakynyň art-

magy zähmet öndürijiliginiň haýsy güýçleriň täsiri astynda ýokarlanandygyna bagly bolýar. Mysal üçin, zähmet öndürijiligi ýa-da zähmetiň netijeliligi işçiniň fiziki energiýasynyň sarp edilişiniň artmagynyň hasabyna ýokarlanan bolsa, onda zähmet haky zähmet netijeliligi bilen deň derejede artýar. Eger-de netijelilik işgärleriň zähmet sarp edijiligine bagly bolman, eýsem, önümçilige täze, ýokary öndürijilikli tehnikanyň we tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy esasynda ýokarlanan bolsa, zähmet haky netijelilige görä pes derejede köpelýär.

Deň zähmet üçin, deň zähmet hakyny tölemek zähmete hak tölemegi guramagyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Ýerine ýetiriliş şerti, mukdary we hili boýunça işgäriň jynsyna, ýaşyna, milletine garamazdan, deň zähmet üçin deň zähmet haky tölenilýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde bu ýörelgäniň mazmuny üýtgeýär, sebäbi kärhanalaryň umumy görkezijileri, alýan girdejileri biri-birinden tapawutlanýarlar. Şonuň üçin şol bir kärde işleýän, meňzeş işi ýerine ýetirýän işçileriň kärhananyň girdejisine baglylykda dürli hak almagy mümkindir.

Zähmet hakynyň möçberi zähmet öndürijiligine, işçiniň hünärmenlik derejesine, işiň agyrlygyna, önümçilik we zähmet şertlerine görä, pudagyň halk hojalyk ähmiýetine we ş.m. baglylykda tapawutlanyp biler.

## 7.2. Zähmete hak tölemegiň umumy düzgünleri

Zähmet gatnaşyklarynyň taraplary bolan iş beriji bilen işgäriň arasyndaky gatnaşyklaryň ýüze çykmasynyň bir görnüşi hem zähmet hakydyr. Zähmete hak tölemegi guramak Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň VII, VIII, IX bölümleri zähmete hak tölemegi guramak bilen baglanyşyklydyr. Zähmete hak tölemegi guramagyň kanunçylyk tarapyndan düzgünleşdirilmegi kärhanalara, iş berijilere zähmet haky babatda dogry syýasaty alyp barmaga we zähmetiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn

çäreleri durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Şol sebäpli zähmete hak tölemegi guramagyň hukuk esaslarynyň öwrenilmegi geljekki hünärmenlerde bu babatda zerur başarnyklaryň kemala gelmegine şert döredýär.

Bu barada hormatly Prezidentimiz şeýle belläp geçýär: «Ilatyň girdejisi halkyň durmuş hal-ýagdaýynyň we milli ykdysadyýetiň ýeten derejesiniň baş görkezijisi bolup çykyş edýär. Jemgyýetiň her bir agzasynyň alýan girdejisi onda bar bolan maddy we ruhy (dynç almaga, bilim almaga, saglygyny bejertmäge, durmuşda isleýän hajatlaryny bitirmäge) mümkinçilikleriň ýaýrawyny görkezýär» [14; sah. 287 ].

**Zähmete hak tölemek** – munuň özi Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna, zähmet şertnamalaryna, köpçülikleýin şertnamalara (ylalaşyklara) laýyklykda, işgärlere olaryň zähmeti üçin iş beriji tarapyndan tölegleri bellemegi we amala aşyrmagy üpjün etmek bilen baglanyşykly durmuş-ykdysady we hukuk gatnaşyklarynyň ulgamydyr.

**Zähmet haky** – munuň özi iş düzgüni, zähmet şertleri bilen baglanyşykly, işgäriň hünärine, onuň ýerine ýetirýän işiniň çylşyrymlylygyna, mukdaryna we hiline baglylykda ýerine ýetiren işiniň, amala aşyran hyzmatynyň pul bilen aňladylmasydyr, şeýle hem höweslendiriş häsiýetli töleglerdir.[1]

**Zähmete hak tölemegiň tertibi** – munuň özi işgäriň zähmetiniň netijesine laýyklykda, oňa zähmet hakyny bellemäge mümkinçilik berýän, işgärleriň zähmetiniň netijeleri bilen işçi güýjüniň nyrhyny (tarif möçberini, aýlyk zähmet hakyny) baglanyşdyrmagyň usulydyr. Kärhanada zähmete hak tölemegiň potratlaýyn we sagatlaýyn tertibi bellenip bilner.

**Höweslendiriş häsiýetli tölegler** – munuň özi beýleki işgärler bilen deňeşdireniňde, işgärleri has ýokary we durnukly netijeler üçin sylaglamak maksady bilen iş berijiler tarapyndan ulanylýan goşmaça höweslendirme tölegleriniň, sylaglaryň, goşmaça haklaryň dürli görnüşidir.

---

[1] 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky kabul edilen «Zähmet kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., №3, 112-nji madda.

**Iň pes zähmet haky** – munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kepillendirilýän zähmet üçin höweslendirmäniň iň az möçberi bolup, ony zähmet borçlaryna hötde gelýän, öz iş ornunda kadaly zähmet şertlerinde iň ýönekeý işi ýerine ýetirýän işgär almalydyr.

**Ortaça zähmet haky** – munuň özi bellibir döwürde işlenilen wagt üçin işgäriň zähmet hakynyň ortaça ululygydyr. Ortaça zähmet haky bir aý üçin (ortaça aýlyk zähmet haky) we bir gün üçin (ortaça bir günlük zähmet haky) kesgitlenilýär.

**Tarif möçberi (aýlyk wezipe haky)** – munuň özi wagt birliginiň içinde anyk çylşyrymly (hünäriň) zähmet kadalarynyň (zähmet borçlarynyň) ýerine ýetirilendigi üçin işgäriň zähmetine hak tölemegiň bellenen ölçegidir.

**Iş düzgüni we zähmet şertleri bilen baglanyşykly tölegler** – zähmet goraglylygyny üpjün etmek hem-de kadaly iş şertlerinden daşlaşýan bellibir derejede saglyga täsir edýän zähmet şertleriniň öwezini dolmak maksady bilen, işgärleriň tarif möçberlerine (aýlyk zähmet haklaryna) dürli görnüşli goşmaça hak tölegleriň jemidir. Şeýle tölegler şu aşakdakylar degişlidir: zyýanly we (ýa-da) howply (aýratyn zyýanly we (ýa-da) aýratyn howply) zähmet şertlerinde, gijeki wagtda, dynç alyş, işlenilmeýän baýramçylyk ýa-da hatyra günlerinde, aýratyn howa şertleri bolan ýerlerde, kärleriň (wezipe) utgaşdyrylmagynda, iş wagtyndan daşary işlenilen işleri, şeýle hem sürüjileriň kadalaşdyrylmadyk iş güni üçin zähmet haklaryna goşmaça hak.

Iş beriji özüniň maliýe ýagdaýyna garamazdan, zähmete hak tölemegiň bellenilen şertlerine we möhletlerine laýyklykda işgäre ýerine ýetiren işi üçin hak tölemäge borçludyr. Iş beriji tarapyndan kepillendirilen zähmete hak tölemegiň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen iň pes zähmet hakyndan pes bolmaly däldir.

Zähmete hak tölemegiň döwlet nyrhlary býujet guramalarynyň we edaralarynyň anyk professional-hünär derejeli işgärleriň toparlary üçin, zähmete hak tölemegiň derejelerini kesgitleýän aýlyk tarif möçberleri we aýlyk zähmet haklarydyr.

Döwlet nyrhlary kemeldilmäge degişli däldir we býujet guramalarynda hem-de edaralarynda aýlyk haklarynyň we aýlyk wezipe haklarynyň anyk möçberlerini bellemek üçin esas bolup durýar.

Beýleki iş berijiler, eger bu barada köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan bolsa, döwlet nyrhlary işgärleriň zähmetine hak tölenmegi, möçberlerini bellemek üçin ulanylyp bilner.

Işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri, şol sanda öwezini dolma we höweslendirme häsiýetli goşmaça tölegler, täzeçillik teklipleri we oýlap tapyşlar üçin awtorlyk galam haklary iş beriji tarapyndan zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) esasynda bellenilýär.

Öwezini dolma häsiýetli tölegler iş beriji tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde we möçberlerde geçirilýär.

Döwlet gullukçylarynyň zähmetine hak tölemegiň görnüşleri, tertibi we möçberleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

Býujet edaralarynyň we guramalarynyň işgärleriniň zähmetine hak tölemegiň möçberleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarly eden edarasy tarapyndan bellenilýär.

Zähmete hak tölemegiň möçberlerini bellemek işgärleriň hünär derejesine, olaryň edýän işiniň çylşyrymlylygyna we dartgynlylygyna, iş şertlerine, sarp edilen zähmetiň mukdaryna we hiline baglylykda amala aşyrylýar.

Işgärleriň zähmet haky iň ýokary möçberler bilen çäklendirilmeýär.

Zähmete hak tölemegiň ulgamlaryna kärhananyň ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna emele gelýän gaznadan ýyllyk işiň jemleri boýunça kärhananyň işgärleriniň haky goşmaça bellenilip bilner. Hakyň möçberi işgäriň zähmetiniň netijelerini we onuň kärhanadaky üznüksiz iş döwrüniň dowamlylygyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

Ýyllyk işiň jemleri boýunça höweslendirmäni hasaplamagyň we tölemegiň tertibi hakynda düzgünnama kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça iş beriji tarapyndan tassyklanylýar.

Zähmet hakyny tölemek ***pul görnüşinde*** geçirilýär.

Işgäriň zähmetine hak tölemegiň möçberleri zähmet şertnamasy, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk), tarif ylalaşygy bilen düzgünleşdirilýär.

145.0 x 215.0 mm

Işgärleriň maddy gyzyklanmasyny, şeýle hem önümçiligiň netijeliligini we işiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen iş beriji zähmetiň netijeleri üçin sylaglamagyň we goşmaça haklaryň ulgamlaryny girizip biler:

1. Ýolbaşçylaryň, hünärmenleriň, gullukçylaryň we ylmy işgärleriň zähmetine hak tölemegiň aýratynlyklary olara, adatça, aýlyk zähmet haklary esasynda geçirilýändigi bilen baglanyşyklydyr. Aýlyk zähmet haklary iş beriji tarapyndan işgäriň wezipesine we hünärine laýyklykda bellenilýär.

Iş beriji ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar üçin zähmete hak tölemegiň başga görnüşini, hünär başarnygyna laýyklykda ýokarlandyrylan zähmet hakyny, şeýle hem höweslendirme töleglerini (düşen serişdäniň göteriminde, peýdadan alynýan paýlarda we başgalar) belläp biler.

Alymlyk derejesi alymlyk ady bolan ylmy we ylmy-mugallymçylyk işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýän tertipde zähmet hakyna goşmaça hak aýlyk bellenilýär;

2. Işçileriň zähmetine hak tölemegiň häsiýetli aýratynlyklary bardyr. Işçileriň zähmetine hak tölenende, tarif möçberleri, aýlyk zähmet haklary ulanylýar.

Zähmete hak tölemegiň görnüşini, tertibini, tarif möçberlerini aýlyk zähmet haklarynyň, sylaglaryň, höweslendirme we beýleki tölegleriň möçberlerini, şeýle hem işgärleriň aýry-aýry toparlarynyň arasynda olaryň möçberlerine bolan gatnaşygyny iş berijiler köpçülikleýin şertnamalaryň (ylalaşyklaryň) ýa-da tarif ylalaşyklarynyň esasynda özbaşdak kesgitleýärler.

Zähmete hak tölemegiň şertleri olaryň bellenilen tertibi ýaly üýtgedilýärler.

Zähmete hak tölemegiň şertleriniň işgäriň zyýanyna üýtgedilmegine işgär bilen ylalaşmazdan, şu ýagdaýda kadadan çykma hökmünde ýol berilýär, ýagny:

1. Önümçilik tehnologiýasynda, zähmeti guramakda zähmete hak tölemegiň ozalky şertleri saklanyp bilinmejek ýagdaýynda:

2. Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan işleriň (hyzmatlaryň) möçberleri, önüm öndürmegiň kadalary

145.0 x 215.0 mm

(kadalaşdyrmalary) üýtgände hak töleme şertleriniň hem üýtgedilmegine kadadan çykma hökmünde ýol berilýär.

Işgäre zähmete hak tölemegiň şertleriniň üýtgedilmegi hakynda bir aýdan gijä goýman duýdurylmalydyr.

## 7.3. Zähmete hak tölemegi guramagyň mehanizmi

Zähmete hak tölemegi guramakda işgärleri maddy taýdan höweslendirmek ýörelgesi hem ulanylýar. Zähmete hak tölemegiň guralyşy, ilki bilen, işgäriň öz şahsy zähmetiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen bolmalydyr.

Bazar gatnaşyklaryna geçiş şertlerinde zähmete hak tölemegi guramakda kärhanalaryň özbaşdaklygy artýar.

Zähmete hak tölemegi guramakda kärhanalaryň özbaşdak çözýän meselelerine aşakdakylar degişlidir:

1. Işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşlerini we ulgamyny kesgitlemek;

2. Işgärleriň zähmetine goşmaça hak tölemegiň ulgamyny we tertibini kesgitlemek;

3. Maddy taýdan höweslendiriş gaznasyny peýdalanmagyň takyk ýollaryny kesgitlemek;

4. Işgärlere baýrak bermegiň tertibini kesgitlemek.

Şeýlelikde, *zähmete hak tölemegi guramak* zähmeti kadalaşdyrmagyň, tarif ulgamynyň, hak tölenişiniň görnüşleriniň we ulgamlarynyň elementlerini öz içine alýar.

Zähmete hak tölemek guralanda, işçileriň işine hem-de pudagyň ähmiýetine görä tapawutlandyrmakda tarif ulgamy ulanylýar.

***Zähmete hak tölemegiň tarif ulgamy*** diýlip, işçilere hak tölemekde, gullukçylaryň we dolandyryş işgärleriniň aýlyklaryny bellemekde ulanylýan aýlyk zähmet haklaryna düşünilýär.

Aýlyk zähmet haklarynyň we aýlyklaryň derejesine birnäçe san we hil faktorlary täsir edýär:

1. *San faktorlaryna* zähmet öndürijiligi, zähmet depgini degişlidir.

145.0 x 215.0 mm

2. *Hil faktorlaryna* işiň agyrlyk derejesi, şerti, tejribe ähmiýeti degişlidir.

Tarif ulgamynyň elementlerine aýlyk zähmet haky, tarif görkezijisi, tarif möçberi (razrýady) hem-de «Hak tölemek babatda tapawutlandyrmagyň gollanmasy» (tarif-kwalifikasion maglumat beriji) degişlidir.

**«Hak tölemek babatda tapawutlandyrmagyň gollanmasy»** – bu işleriň görnüşi boýunça toparlara bölünip, işe we käre görä hünärleri häsiýetlendirýän kadalaşdyryjy (normatiw) resminamalaryň toplumydyr. «Hak tölemek babatda tapawutlandyrmagyň gollanmasy» işleri aýratynlygy boýunça tapawutlandyrmak hem-de işlere bildirilýän talaplary kesgitlemek üçin ulanylýar. Işleriň kär häsiýetnamasy 3 bölekden durýar:

1. Işiň häsiýeti – bu ýerde işçiniň derejesine görä ýerine ýetirmeli işleriniň häsiýetleri görkezilýär;

2. Bilmeli zatlar – bu işçiniň kärine we derejesine görä enjamyň, ulanylýan serişdeleriň fiziki we himiki häsiýetleri barada görkezilýär;

3. Ýerine ýetirilmeli işleriň düzümi boýunça mysallar getirilýär. Şol mysallar haýsy işiň haýsy derejä degişlidigini kesgitlemegi ýeňilleşdirýär.

Şunuň bilen baglylykda mysal hökmünde II derejeli abatlaýjy-kebşirleýjiniň işiniň kär häsiýetnamasyna seredeliň.

**Işiň häsiýeti.** Çylşyrymly we has çylşyrymly mehanizmleri sökmek, abatlamak, ýygnamak we synagdan geçirmek. Çylşyrymly enjamlary, maşynlary abatlamak we gurnamak hem-de abatlaýyş işi tamamlanandan soňra tabşyrmak.

Detallary we mehanizmleri işläp taýýarlamak. Çylşyrymly enjamlary abatlamak we gurnamak üçin taýýarlamak. Ýerine ýetirmeli bejeriş işleriniň düzümini kesgitlemek. Ýörite enjamlary, ýük göterijileri we ulag serişdelerini ulanmak arkaly rejeleýiş işlerini ýerine ýetirmek.

**Bilmeli zatlar.** Bejerilýän enjamyň, maşynlaryň düzümini, maşynlary sazlamagyň düzgünlerini, kemçiliklerini ýok etmegiň usullaryny, çylşyrymly barlag-ölçeg gurallarynyň düzümini we olaryň ulanylyş düzgünlerini, ulanylýan köpugurly we ýörite esbaplaryň

145.0 x 215.0 mm

gurluşyny, çylşyrymly bolmadyk dürli detallary bellik etmek we işläp taýýarlamak usullary we ş.m.

Soňra ýerine ýetirmeli işleriň düzümi getirilýär. Aýratynlyklaryna we guramaçylyk-tehniki şertlerine görä ýerine ýetirilýän işler birnäçe toparlara bölünýär. Ol işleriň hersine öz tarif derejesi bellenilýär. Häzirki wagtda halk hojalygynyň önümçilik pudagynda *ýerine ýetirilýän işler hünärmenlik derejesi boýunça II derejeli bolýar*, ýagny:

– işiň tarif derejesiniň tertip belgisi onuň haýsy hünärmenlik topara degişlidigini görkezýär.

Ýönekeý işler I tarif derejesine degişli bolýar.

Iş näçe çylşyrymlaşsa, onuň tarif derejesi hem ýokarlanýar.

Zähmete hak tölenende tarif torlarynyň we I derejeli işçileriň aýlyk wezipe haklarynyň ulanylýandygyny bellemek zerurdyr. Şeýlelikde, zähmete hak tölemek guralanda, kärhanalarda ýerine ýetirilýän işler we işçiler tarif derejeleri boýunça bölünýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda çykaran «Önümçilik pudaklarynyň işçilerini zähmetine görä tapawutlandyrmak we olara hak tölemek hakynda» 3924-nji belgili Kararyna laýyklykda önümçilik pudaklarynda hak tölemegiň şertlerini zähmete görä tapawutlandyrmagy (tarifikasiýany) kämilleşdirmek maksady bilen, 1998-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlap, önümçilik pudaklarynyň işçilerini hak tölemek babatda zähmetine görä tapawutlandyrmagyň iki derejeli düzgüni girizildi [30].

Täze düzgün boýunça berlen birinji işçi derejesi ulanylýan «Hak tölemek babatda tapawutlandyrmagyň ýeke-täk gollanmasyndaky» *birinji işçi derejesi – I–III derejelere, ikinji işçi derejesi bolsa şol gollanmadaky IV–VI derejelere laýyk gelmelidir.*

Ikinji derejeli işçiniň zähmet hakynyň möçberi birinji derejeli işçiniň zähmet hakynyň *1,5 essesi möçberinde* bolmalydyr.

Zähmete hak tölemegi guramagy kämilleşdirmegiň esasy wezipeleriniň biri hem kärhanalaryň işiniň netijeliligine baglylykda *zähmet hakyny ýokarlandyrmakdyr*. Bu wezipäni çözmekde işçilere hak tölemegiň görnüşlerini, ulgamlaryny dogry saýlap almagyň we ýerlikli ulanmagyň möhüm ähmiýeti bar. Zähmete hak

145.0 x 215.0 mm

tölemegiň görnüşleri we ulgamlary zähmetiň netijeliligini aňladýan görkezijileriň üsti bilen *zähmete tölenýän hakyň we sarp edilen zähmetiň arabaglanyşygyny berkitmegi* göz öňünde tutýar, şeýle hem zähmete hak tölemegiň görnüşleriniň we ulgamlarynyň wezipeleriniň biri sarp edilýän zähmet bilen oňa tölenýän hakyň gatnaşygyny kesgitlemekden ybaratdyr.

## 7.4. Zähmete hak tölemegiň görnüşleri we olaryň hasaplanylyşy

Sarp edilen zähmeti ölçemek üçin iş wagty we öndürilen önümiň mukdary ulanylýar. Şonuň üçin önümçilik pudaklarynda *zähmete hak tölemegiň 2 görnüşi* giňden ýaýrandyr (*25-nji surat*). Olar:

– sarp edilen wagta görä (wagt hasabynda) hak tölemek;
– ýerine ýetirilen işe görä (potratlaýyn) hak tölemek.




*25-nji surat. Işgärleriň zähmetine hak tölenilişiniň esasy görnüşleri*

*Wagta görä hak tölenende,* ölçeg birligi hökmünde sarp edilen wagt ulanylyp, hak bolsa aýlyk (oklad) görnüşinde bellenilýär.

*Zähmete potratlaýyn hak tölenende,* ölçeg birligi hökmünde öndürilen önümiň mukdary ulanylýar. Şonuň üçin hem zähmet hakynyň möçberi öndürilen önümiň mukdary we hili bilen göni arabaglanyşyklydyr.

Işçileriň zähmetine wagt hasabynda hak tölenilende, aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$Z_w = T_s \cdot t,$$

bu ýerde $Z_w$ – wagta görä tölenýän zähmet haky (*manat, teňňe*), $T_s$ – wagt birliginde işçiniň aýlyk wezipe haky (*manat, teňňe*), $t$ – işçiniň hakyky işlän wagty (*gün*, *sagat*).

Işçiniň zähmetine potratlaýyn hak tölenilişi aşakdaky deňleme arkaly kesgitlenýär:

$$Z_p = B \cdot Q,$$

bu ýerde $Z_p$ – potratlaýyn zähmet haky (*manat, teňňe*), $B$ – önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy (*manat, teňňe*), $Q$ – önümiň mukdary.

Önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy aşakdaky ýaly hasaplanylýar:

$$B = T_s \cdot N_w \quad \text{ýa-da} \quad B = T_s : N_{öö},$$

bu ýerde $B$ – önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy (*manat, teňňe*), $N_w$ – wagt normasy (*sagat*), $N_{öö}$ – önüm öndürmegiň möçberi (*kg, m, l*).

*«Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna* laýyklykda işgärleriň zähmetine hak tölemegiň görnüşleri, ulgamlary we möçberi kärhana tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

Zähmete hak tölemegiň görnüşleri we ulgamy saýlanylyp alnanda, her pudagyň aýratynlyklary, kärhananyň şertleri, ýöriteleşdiriliş ugurlary, ulanylýan zähmet serişdeleriniň we enjamlarynyň häsiýeti, tehnologik prosesleriň hem-de önümçiligi guramagyň aýratynlyklary,

zähmeti guramagyň görnüşleri, önümiň hiline bolan talaplar, işçi güýjüniň ulanylyşy göz öňünde tutulýar.

Zähmete hak tölemegiň görnüşleriniň we ulgamlarynyň netijeliligi kärhanalarda zähmet öndürijiliginiň, önümiň hiliniň ýokarlanmagynda hem-de önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmeginde görmek bolýar.

***Zähmete hak tölemegiň potratlaýyn görnüşini ulanmak*:**

– iş ýerinde ylmy taýdan esaslandyrylan zähmet normalary bolanda;

– iş ýerinde önümiň mukdaryny artdyrmaga we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik bolanda;

– zähmet prosesinde gol we fiziki zähmetiň ulanylyş derejesi ýokary bolanda;

– zähmete hak tölemegiň potratlaýyn görnüşi ulanylýan halatlarynda öndürilýän önümiň hiliniň peselmezligi, çig mallaryň tygşytly ulanylmagy, tehniki howpsuzlygyň talaplarynyň berjaý edilmegi doly göz öňünde tutulan halatynda maksadalaýyk bolýar.

***Wagt hasabynda zähmet hakyny tölemek*:**

– önümçiligiň awtomatlaşdyrylyş we mehanizmleşdiriliş derejeleri ýokary bolanda;

– işçileriň tehnologik wagtyň dowamlylygyna täsir edip bilmeýän ýagdaýlarynda;

– işçiden öndürilýän önümiň hiliniň ýokary bolmagy talap edilýän şertlerinde;

– tejribe geçirilýän iş ýerlerinde;

– zähmetiň döredijilik häsiýetine eýe bolan ýerinde;

– kömekçi işçileriň zähmet çekýän iş ýerlerinde has netijeli bolýar.

Önümçilik kärhanalarynda zähmete hak tölemegiň potratlaýyn görnüşi giňden ulanylýar. Şu ýerde potratlaýyn görnüşde zähmete hak tölemegiň bir mysalyna seredeliň.

**Mysal.** Potratçy-tokar bir aýyň dowamynda aşakdaky işleri ýerine ýetirdi.

145.0 x 215.0 mm

| **Önümiň görnüşi** | **Sany** | **Önüm birligine potratlaýyn zähmet hakynyň bahasy (*teňňe*)** |
|---|---|---|
| M-8 detaly | 1224 | 25,5 |
| M-14 detaly | 180 | 14,7 |
| Oklaw görnüşli dişli detal | 12 | 28,2 |

Onda tokaryň potratlaýyn zähmet haky şeýle bolýar:

$Z_p$=(1224 · 25,5)+(180 · 14,7)+(12 · 28,2) = 341 *manat* 96 *teňňe*.

Wagt hasabynda zähmete hak tölenende, işçiniň tarif derejesine laýyklykda aýlyk wezipe hakynyň möçberi, iş wagtynyň dowamlylygy hasaba alynýar. Zähmet hakynyň wagt hasabynda tölenilişiniň aşakdaky mysalyna seredeliň:

**Mysal.** Maşyngurluşyk kärhanasynda I we II derejeli işçileriň wagt hasabyndan tölenýän zähmet hakyny hasaplamaly.

1. I derejeli işçi 22 gün işledi ($T_s$= 91 *teňňe*);
2. II derejeli işçi 23 gün işledi ($T_s$= 1 *manat* 40 *teňňe*).

Ilki bilen, işçileriň işlän wagtyny sagat boýunça hasaplamaly:

I dereje – 22 gün · 8 *sagat* = 176 *sagat*;

II dereje – 23 gün · 8 *sagat* = 184 *sagat*;

Soňra, her işçiniň zähmet haky kesgitlenilýär:

$Z_{w(I)}$=176 · 0,91=160 *manat* 16 *teňňe*;

$Z_{w(II)}$=184 · 1,4= 257 *manat* 60 *teňňe*.

Işçileriň umumy zähmet haky:

$Z_w$=160 *manat* 16 *teňňe*+257 *manat* 60 *teňňe* = 417 *manat* 76 *teňňe*.

Getirilen mysallar potratlaýyn we wagt hasabynda zähmete hak tölemegiň ýönekeý görnüşlerine degişlidir.

Wagt hasabyna we potratlaýyn zähmete görä hak tölemegiň birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar.

*Wagt hasabynda zähmet hakyny tölemegiň ulgamy şu görnüşlerden ybaratdyr*:

1. Ýönekeý wagt hasabynda tölenýän zähmet haky;
2. Wagt-baýrak hasabynda tölenýän ulgam;

*Ýönekeý wagt hasabynda tölenýän zähmet haky* işlenen sagada, sagatlaýyn aýlyk wezipe hakyna ýa-da işlenen güne, gündelik aýlyk wezipe hakyna bagly bolýar. Işçä aýlyk (oklad) bir aýyň dowamynda doly iş gününe bellenilýär. Eger işgär iş wagtyny doly işlemedik bolsa, onda oňa zähmet haky hakyky işlenen wagta görä tölenýär. Mysal üçin, işgäre bellenen aýlyk hakynyň möçberi 510 *manat*. Ol bir aýyň dowamynda 8 *sagatdan* 21 gün işlemeli, ýöne işgär ýarawsyzlygy sebäpli 3 gün işe çykmady. Şeýlelikde, onuň aýlyk haky 437 *manat* 14 *teňňe* bolar, ýagny:

$$Z_{wý} = 510\ manat \cdot 18:21 = 437\ manat\ 14\ teňňe.$$

*Wagt-baýrak görnüşinde tölenilýän zähmet haky* hakyky işlenilen wagta we aýlyk zähmet hakyna görä tölenýän hakdan daşary önümçiligiň san we hil görkezijileriniň ýokarlanmagy üçin berilýän baýragy göz öňünde tutýar. Baýrak ulgamyny ulanmakda onuň görkezijilerini dogry saýlap almagyň hem-de olaryň arabaglanyşygyny dogry esaslandyrmagyň ähmiýeti uludyr. Baýraklaryň görkezijileri her bir işiň, önümçiligiň we işçiniň şahsy aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr.

Kärhanalarda wagt hasabynda hak tölenýän işçilere, adatça, baýrak bellemegiň aşakdaky görkezijilerini ulanýarlar. Olar:

1. Kadalaşdyrylan (normalaşdyrylan) işiň doly we artykmaç ýerine ýetirilmegi;
2. Ýerine ýetirilýän işiň we öndürilýän önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy;
3. Zähmet serişdeleriniň ulanylyş koeffisiýentiniň artdyrylmagy;
4. Zähmeti guramagy kämilleşdirmegiň hasabyna önümiň zähmet talap edijiliginiň peseldilmegi;
5. Çig mallaryň tygşytly peýdalanylmagy;
6. Işçiniň hünär ussatlygynyň ýokarlanmagy esasynda käri utgaşykly alyp barmagy;
7. Zähmet, önümçilik we tehnologik düzgün-nyzamyň ýokarlanmagy.

**Mysal.** 7 *sagatlyk* iş gününde II derejeli işçiniň aýlyk wezipe haky 12 *manat* 30 *teňňe*. Bir aýyň dowamynda işçi 21 gün işläpdir. Işçä birnäçe görkezijiler üçin baýrak tölemek bellenilýär:

1) kadalaşdyrylan (normalaşdyrylan) işini 100% ýerine ýetireni üçin, tarif boýunça zähmet hakynyň 10%-i;

2) kadadan (normadan) artyk ýerine ýetiren işiniň her göterimi üçin 1,5%;

3) çig mallary tygşytlany üçin, tygşytlanan çig malyň bahasynyň 20%-i.

Işçi kadalaşdyrylan işi 112% ýerine ýetiripdir we 200 *manatlyk* çig maly tygşytlapdyr. Wagt-baýrak usulynda işçiniň zähmet hakyny kesgitlemeli.

Ilki bilen, işçiniň ýönekeý wagt hasabyndaky zähmet hakyny hasaplaýarys:

$Z_w$ = *I2 manat* 30 *teňňe* · 21*gün*= 258 *manat* 30 *teňňe*.

1) kadalaşdyrylan işi 100% ýerine ýetireni üçin baýragyň möçberi 25 *manat* 83 *teňňe*. (258 *manat* 30 *teňňe*. 10:100=25 *manat* 83 *teňňe*);

2) kadadan artyk ýerine ýetirilen işiň her göterimi üçin baýragyň möçberi 46 *manat* 49 *teňňe* (258 *manat* 30 *teňňe* · 12:100 · 1,5)= =46 *manat* 49 *teňňe*.

Çig mallary tygşytlany üçin baýragyň möçberi 40 *manat*.
(200 *manat* · 20%:100%).

**Işçiniň umumy zähmet haky:**

*Z*=258 *manat* 30 *teňňe*+25 *manat* 83 *teňňe*+46 *manat* 49 teňňe+ + 40 *manat* = 370 *manat* 62 *teňňe*.

Potratlaýyn zähmet hakynyň birnäçe görnüşleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Göni – potratlaýyn görnüşi;
2. Potratlaýyn – baýrak görnüşi;
3. Gytaklaýyn – potratlaýyn görnüşi;
4. Potratlaýyn – ýokarlandyrylan (progressiw) görnüşi;
5. Potratlaýyn – peseldilen (regressiw) görnüşi;

6. Akkord görnüşi.

*Göni-potratlaýyn görnüşinde* zähmete hak tölenende, işçiniň öndüren önüminiň mukdary, hili we önüm birligi üçin potratlaýyn bahasy göz öňünde tutulýar. Bu usul örän ýönekeýligi we düşnükliligi bilen tapawutlanýar. Işçiniň zähmet haky öndüren önüminiň mukdary önüm birligi üçin potratlaýyn baha köpeldilip, hasaplanylýar.

*Potratlaýyn-baýrak görnüşinde* işçiniň zähmet görkezijileriniň gowulanmagyna görä potratlaýyn zähmet hakyna goşmaça baýrak tölenilýär. Baýrak tölemegiň görkezijileri, şertleri we möçberi kärhananyň öz ýagdaýyna laýyklykda kesgitlenilýär.

Baýrak tölemegiň görkezijileri hökmünde aşakdakylar hödürlenip bilner:

1. Zähmet öndürijiliginiň ösüşi;
2. Zähmet talap edijiliginiň peselmegi;
3. Zähmet serişdeleriniň, täze tehnikanyň netijeli peýdalanylmagy;
4. Önümiň hiliniň ýokarlanmagy;
5. Çig mallaryň, ýangyjyň we beýleki serişdeleriň tygşytly peýdalanylmagy.

Bazar gatnaşyklarynda baýrak tölemegiň şertleri kärhanalar tarapyndan özbaşdak kesgitlenilýär.

*Gytaklaýyn-potratlaýyn görnüşinde* kömekçi işçileriň zähmetine hak tölenilýär. Kömekçi işçiniň zähmet haky onuň hyzmat edýän işçileriniň işiniň netijesine bagly bolýar. Gytaklaýyn-potrat ulgamynyň ulanylmagy, esasan hem, kömekçi işçilerde iş ýerlerine, maşynlara, enjamlary sazlamak işini gowulandyrmaga höwesini artdyrýar.

Önüm birliginiň gytaklaýyn bahasy şu deňlemäniň üsti bilen kesgitlenýär:

$$B_g = T_s \cdot (I_s \cdot N_ö),$$

bu ýerde $T_s$ – kömekçi işçileriň sagatlaýyn aýlyk wezipe haky, $I_s$ – hyzmat edilýän işçileriň sany, $N_ö$ – işçiniň öndürmeli önüminiň möçberi.

*Potratlaýyn-ýokarlandyrylan (progressiw) görnüşinde* zähmet haky tölenende, kadanyň (normanyň) ýerine ýetirilişiniň bellibir

derejesine çenli üýtgemeýän potratlaýyn bahalar ulanylýar. Bellenen kadadan artykmaç öndürilen önüme bolsa, ýokarlandyrylan bahadan hak tölenilýär. Ylmy taýdan esaslandyrylan kadalar boýunça işlenilýän ýerlerde ýokarlandyrylan bahalary ulanmagyň başlangyjy hökmünde kadanyň 100% ýerine ýetirilmegi bilen kesgitlenilýär. Kadanyň ýerine ýetiriliş derejesine görä ýokarlandyrylan bahalarda hak tölemek üçin ýörite şkalalar düzülýär.

Potratlaýyn-ýokarlandyrylan görnüşindäki zähmet haky işçiniň önümiň mukdaryny ýokarlandyrmaga bolan höwesini artdyrýar, ýöne şonuň bilen birlikde zähmet hakynyň ösüş depgininiň önümiň mukdaryna garanyňda ýokarydygy aýratyn bellärliklidir. Şunuň bilen baglylykda potratlaýyn-ýokarlandyrylan ulgam gysga wagtlyk ulanylýar. Esasan hem, bu usul gysga wagtyň içinde möhüm önümçilik wezipelerini çözmek üçin ulanylýar.

**Mysal.** Işçi-potratçy 400 sany önüm öndürip, tabşyrygy 115% ýerine ýetiripdir. Bellenen şkala boýunça tabşyryk 105% ýerine ýetirilende, potratlaýyn binýatlyk baha şertli sanda – 10 *manat* möçberde kesgitlenilýär, 110%–e çenli ýokarlandyrylan bahanyň koeffisiýenti – 1,3; 110%-den ýokary bolsa – 1,5 koeffisiýent bellenilýär. Binýatlyk baha boýunça ýerine ýetirilen iş üçin 4000 *manat* tölendi (10*400), 110% möçberde artykmaç ýerine ýetirilen iş üçin goşmaça 57,1 *manat* tölendi:

$$\frac{4000\cdot(110-105)\cdot(1{,}3-1)}{105}.$$

115% möçberde artykmaç ýerine ýetirilen iş üçin goşmaça 90,9 *manat* tölendi:

$$\frac{4000\cdot(115-110)\cdot(1{,}5-1)}{110}.$$

Işçiniň umumy zähmet haky: 4000+57,1+90,9 = 4148 *manat*.

**Potratlaýyn-peseldilen (regressiw) görnüşinde** hak tölemek. Kadanyň çäklerinde ýerine ýetirilen iş üçin zähmet haky belli de-

145.0 x 215.0 mm

rejede tassyklanan bahalar boýunça tölenilýär, kadadan artykmaç öndürilen önüme bolsa peseldilen bahadan hak tölenilýär. Bu usuly ulanmagyň maksady öndürilen önümiň mukdaryny kadadan artykmaç öndürmekde däl-de, onuň hilini gowulandyrmaga uly üns bermekden ybaratdyr.

**Mysal.** Işçi-potratçy 300 sany önüm öndürip, tabşyrygy 117% ýerine ýetiripdir. Bellenen şkala boýunça tabşyryk 105% ýerine ýetirilende, potratlaýyn binýatlyk baha 10 *manat* möçberde kesgitlenilýär, 110% ýerine ýetirilende, peseldilen bahanyň koeffisiýenti 1,3; 110%-den ýokary bolsa 1,5 koeffisiýent bellenilýär. Binýatlyk baha boýunça ýerine ýetirilen iş üçin 3000 *manat* tölendi (10·300), 110% möçberde artykmaç ýerine ýetirilen iş üçin zähmet hakynyň ujundan 42,9 *manat* tutuldy:

$$\frac{3000 \cdot (110 - 105) \cdot (1{,}3 - 1)}{105}.$$

117% möçberde artykmaç ýerine ýetirilen iş üçin zähmet hakynyň ujundan ýene-de 95,5 *manat* tutuldy:

$$\frac{3000 \cdot (117 - 110) \cdot (1{,}5 - 1)}{110}.$$

Tutumlary göz önünde tutup, işçiniň umumy zähmet hakynyň möçberi aşakdaky görnüşde hasaplanylýar:

3000-(42,9+95,5) = 2861,6 *manat*.

Bulardan başga-da, **zähmete hak tölemegiň akkord görnüşinde** hemme ýerine ýetirilmeli işiň bahasy öňünden kesgitlenýär. Akkord ulgamy işçileriň aýratyn toparlary üçin girizilip, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, maddy taýdan höwes döretmäge gönükdirilendir. Akkord görnüşinde tölenýän zähmet hakynyň möçberi wagt kadasyna ýa-da önüm öndürmegiň kadasyna görä hasaplanýar. Akkord işi ýokary hilli we çalt ýerine ýetirilen ýagdaýynda baýrak tölemek göz öňünde tutulýar.

Ýolbaşçylara, hünärmenlere we gullukçylara hak tölemek olaryň zähmetiniň hiline we mukdaryna baglylykda guralýar. Edara-kärhanalarda ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar dolandyryş işleri bilen meşgullanýarlar we guramaçylyk, dolandyryş, hojalyk we ykdysady wezipeleri ýerine ýetirýärler. Dolandyryş zähmeti bilen meşgullanýan işgärler önüm öndürmek işine gönüden-göni gatnaşmaýar. Olar önümçilik üçin zerur bolan şertleri döredýär.

Ýolbaşçylar, hünärmenler we gullukçylar, esasan, resminamalar bilen işleýär, maglumat toplanýar we olaryň seljermesini geçirýärler. Dolandyryş zähmeti akyl we döredijilik häsiýete eýedir. Dolandyryş işgärleriniň zähmetiniň ýolbaşçylyk etmek bilen bagly bolandygy sebäpli, ony san taýdan hasaba almak mümkinçiligi pesdir. Şunuň bilen baglylykda ýolbaşçylaryň zähmetine hak tölenende, onuň garamagyndaky işgärleriň zähmet üstünligine görä baha berilýär. Şeýle ýagdaýda önümçiligiň we zähmetiň guralyşy, işiň ýerine ýetiriliş derejesi hem göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, dolandyryş işgärleriniň zähmetine wagt hasabynda hak tölemek maksadalaýyk hasaplanylýar we aýlyk (oklad) görnüşinde tölenilýär. Aýlygyň möçberi işgäriň kärine, hünärmenlik derejesine, pudagyň we kärhananyň aýratynlygyna, zähmet şertlerine, häsiýetine, ýerine ýetirilýän işiň hiline, mukdaryna hem-de agyrlyk derejesine laýyklykda bellenilýär.

Wezipe aýlyklaryny işgäriň wezipesine we kär derejesine laýyklykda iş beriji belleýär. Kärhana ýolbaşçylara, hünärmenlere we gullukçylara zähmete hak tölemegiň başga görnüşlerini hem ulanyp biler.

**Wezipe** – bu işgäriň gulluk borjy, zähmet haky we jogapkärçilik çägi bilen şertlenen iş ornudyr.

Ýerine ýetirýän işine baglylykda *dolandyryş işgärleri 2 topara bölünýärler*. Olar:

1. Kärhanada umumy ýolbaşçylygy alyp barýan işgärler:

– olara kärhananyň başlygy, başlygyň orunbasary, baş inžener, baş hünärmen, bölüm müdiri degişlidir. Şeýle-de dolandyryş ýolbaşçysyna iş haky kärhananyň we işiň möçberine, pudagyň aýratynlygyna görä bellenilýär;

145.0 x 215.0 mm

2. Kärhanada inžener-tehniki we ykdysady işleri ýerine ýetirýän hünärmenler:

– olara inženerler, ykdysatçylar, tehnikler degişlidir. Şeýle-de zähmet haky aýlyk (oklad) görnüşinde bellenip, önümçiligiň agyrlyk derejesine görä tapawutlandyrylýar.

Önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakda ýolbaşçylary, hünärmenleri we gullukçylary maddy taýdan höweslendirmegiň hem ähmiýeti uludyr. Baýraklar kärhananyň hojalyk aýratynlyklaryna we ykdysady görkezijileriniň ýerine ýetirilişine görä tölenýär.

*Zähmete hak tölemegiň **baýrak ulgamynyň** ulanylmagy birnäçe wezipeleri çözmäge gönükdirilendir:*

1. Öndürilýän önümiň tehniki derejesini we hilini gowulandyrmak;
2. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak;
3. Önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmek;
4. Çig mallaryň we serişdeleriň tygşytlanylmagyny gazanmak.

Mundan başga-da, zähmete hak tölemegiň baýrak ulgamy her bir işçiniň we tutuş kärhananyň işiniň netijeliliginiň arabaglanyşygyny göz öňünde tutmalydyr.

Kärhananyň ýolbaşçysy kärdeşler arkalaşygy guramasy bilen bilelikde dolandyryş işgärlerine baýrak tölemek ulgamynyň tertibini işläp düzýärler we tassyklaýarlar. Baýragyň möçberi işgäriň zähmetiniň netijesini we onuň kärhanadaky üznüksiz iş döwrüniň dowamlylygy nazara alnyp kesgitlenilýär.

*Ýolbaşçy işgärlere baýrak tölemekde aşakdaky **görkezijiler** göz öňünde tutulýar*:

1. Şertnamanyň şertleriniň doly ýerine ýetirilmegi;
2. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy;
3. Zähmet talap edijiliginiň peselmegi;
4. Girdejiniň artmagy.

Hünärmenlere we gullukçylara baýrak aşakdaky ***görkezijiler*** üçin tölenilip bilner:

1. Zähmetiň ahyrky netijesiniň ýokarlandyrylmagy;
2. Ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagynyň çaltlandyrylmagy;

3. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy;

4. Ýokary hilli önümiň çykarylmagy;

5. Önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi.

Aýry-aýry bölümlere we gulluklara kärhananyň ahyrky netijesine olaryň goşan goşandyna görä baýrak tölenýär.

Önümiň hiliniň ýokarlandyrylmagy üçin baýrak tölenende, umumy önümiň möçberinde ýokary hilli önümiň paýy bilen bir hatarda, zaýa önümiň azalmagy, düzedilmäge gaýtarylan önümiň mukdary we olara edilen çykdajylar göz öňünde tutulýar.

Önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen görkezijileriň hatarynda zähmet öndürijiliginiň artmagy, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegi bilen birlikde, zähmet we serişde talap edijiliginiň peseldilmegi, önüm üçin çykdajylaryň tygşytlanylmagy göz öňünde tutulyp bilner.

Bölümlerde baýrak işgärleriň şahsy zähmet gatnaşygyna ($K_ş$) görä paýlanylýar. Şahsy zähmet gatnaşygy ($K_ş$) birnäçe görkezijileriň üsti bilen kesgitlenilýär:

1. Işgäriň wezipe borçlaryny öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirmegi;

2. Täzeçillik (rasionalizatorçylyk) işi we önümçilige döredijilikli çemeleşmegi;

3. Guramaçylyk ukybyny görkezmegi;

4. Ýokary ýerine ýetirijilik ukyby we zähmet düzgün-nyzamyny doly, dogry berjaý etmegi.

Kärhananyň durmuş-ykdysady, hojalyk görkezijilerini gowulandyrmakda işgärleri maddy taýdan höweslendirmek üçin ulanylýan şahsy zähmet gatnaşygynyň ululygy 0 – dan 2,0 aralykda bolýar. Başlangyç ululyk hökmünde 1 – den ugur alynýar.

Toparlaýyn (brigadalaýyn) zähmet haky işçileriň hünärmenlik derejesine we hakyky işlenen wagta görä paýlanylýar. Ykdysady tejribede giňden ulanylýan bu usul 2 görnüşe eýedir:

**1. Tarif möçberlerini (stawkalaryny) ulanmagyň kömegi bilen:**

$$Z_h = (Z_P : T_t) \cdot T_i,$$

bu ýerde $Z_h$ – bir işçiniň zähmet haky (*manat*, *teňňe*), $Z_p$ – işgärler toparynyň potratlaýyn zähmet haky (*manat*, *teňňe*), $T_t$ – işgärler toparynyň tarif boýunça zähmet haky (*manat*, *teňňe*), $T_i$ – işçiniň tarif boýunça zähmet haky (*manat*, *teňňe*).

Tarifden daşary potratlaýyn zähmet hakynyň koeffisiýenti işgärler toparynyň umumy potratlaýyn zähmet hakyny tarif boýunça zähmet hakyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

**2. Tarif koeffisiýentini ulanmak arkaly:**

$$Z_h = (Z_P : K_t) \cdot K_i ,$$

bu ýerde $K_t$ – işgärler toparynyň umumy koeffisiýent-sagady, $K_i$ – işçiniň koeffisiýent-*sagady*.

Senagat we gurluşyk kärhanalarynda zähmet toparlaýyn usul arkaly guralanda, her işçiniň goşandyny kesgitlemek üçin şahsy zähmet gatnaşygy, baýrak paýlamagyň koeffisiýenti ulanylýar. Işçiniň şahsy zähmet gatnaşygy ulanylanda, tarifleýin zähmet haky doly tölenýär. Tarifden daşary potratlaýyn gazanç işçiniň şahsy zähmet gatnaşygygyny, zähmet öndürijiligine we ýerine ýetiren işiniň hiline baglylykda hemme işgärleriň hakyky zähmet goşandyny görkezýär.

Şahsy zähmet gatnaşygynyň koeffisiýenti bellenende, kärleriň utgaşykly alnyp barylmagy, hyzmat edilýän iş ýeriniň giňelmegi, wagtlaýyn ýok işçiniň borçlarynyň ýerine ýetirilmegi, has agyr şertlerdäki işleriň ýerine ýetirilmegi we birnäçe başga ýagdaýlar göz öňünde tutulýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, adatça, şahsy zähmet gatnaşyk koeffisiýenti 0 – dan 2,0 aralykda bellenilýär. Koeffisiýenti bellemek üçin başlangyç ululyk hökmünde, 1 – den ugur alynýar. Zähmet öndürijiligi peselende, howpsuzlyk tehnikasynyň düzgünleri doly berjaý edilmese, zähmet we önümçilik düzgün-nyzamy bozulsa, işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisiýenti 1 – den pes bolýar. Eger, zähmet öndürijiligi ýokarlansa, kär utgaşdyrylyp alnyp barylsa, işiň hili ýokarlansa, işçiniň şahsy zähmet koeffisiýenti 1 – den ýokary bellenilýär. Köplenç halatlarda, işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisiýenti 0,7–1,6 aralygynda bellenilip, bellenen koeffisiýentleriň jemi toparyň işgärleriniň sanyna deň bolýar.

Tarifden daşary potratlaýyn zähmet hakyny işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisiýentiniň ulanylyşyny anyk mysalda seredip geçeliň (*7.1-nji tablisa*).

145.0 x 215.0 mm

Tablisadan görnüşi ýaly, bir aýda işgärler toparynyň umumy zähmet haky *979 manat 70 teňňe*, şol sanda:

– tarifden daşary potratlaýyn zähmet haky *1591 manat 66 teňňe;*

– baýragyň möçberi *796 manat 79 teňňe*.

*7.1-nji tablisa*

**Işçiniň şahsy zähmet gatnaşyk koeffisiýenti boýunça zähmet hakynyň paýlanylyşy**

| Işçiniň F.A.A. | Käri | Derejesi (razrýady) | Sagatlaýyn aýlyk möçberi (tarif stawkasy) *manat, teňňe* | Işlenen wagt (*sagat*) | Tarif zähmet haky (*manat, teňňe*) (4x5) | Bellenilen Kş | Baýragyň we potratlaýyn zähmet hakyny paýlamagyň hasaplaýyş ululygy (6x7) | Potratlaýyn zähmet haky (*manat, teňňe*) | Baýrak (*manat, teňňe*) | Umumy zähmet haky (*manat, teňňe*) 6+9+10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** | **11** |
| Agaýew Wepa | Kebşirleýji | I | 1,1 | 160 | 176 | 0,9 | 158,4 | 159,98 | 79,04 | 415,02 |
| Annaýew Sylap | Kebşirleýji | II | 1,4 | 140 | 196 | 1 | 196 | 197,96 | 97,8 | 491,76 |
| Babaýew Nury | Ýonujy | I | 1,28 | 155 | 198,40 | 0,8 | 158,7 | 160,29 | 89,18 | 447,87 |
| Berdiýew Gurban | Ýonujy | II | 1,45 | 150 | 217,50 | 1,1 | 239,3 | 241,69 | 119,88 | 579,07 |
| Weliýew Aman | Ýygnaýjy | I | 1,05 | 165 | 173,25 | 1,1 | 190,6 | 192,51 | 95,1 | 460,86 |
| Myradow Döwran | Ýygnaýjy | II | 1,44 | 145 | 208,80 | 1,2 | 250,6 | 253,11 | 125,03 | 586,94 |
| Meredow Ýagmyr | Ýylmaýjy | I | 1,3 | 150 | 195 | 0,8 | 156 | 157,56 | 77,84 | 430,4 |
| Nuryýew Meret | Ýylmaýjy | II | 1,46 | 155 | 226,30 | 1 | 226,3 | 228,56 | 112,92 | 567,78 |
| | | | | | **1591,25** | **7,9** | **1575,8** | **1591,66** | **796,79** | **3979,70** |

Işçileriň derejesi, olaryň hakyky işlän wagty üçin tarifden daşary potratlaýyn gazanjy we baýragy bellenende tarif zähmet haky göz öňünde tutulyp paýlanylýar. Mysalyň şertine görä, zähmet hakyny hasaplamagyň yzygiderliligi aşakdaky ýalydyr:

1. Işgärler toparynyň her bir işçisiniň tarif zähmet haky kesgitlenilýär. Ol işçiniň sagatlaýyn aýlyk wezipe haky işlän wagtyna köpeldilip tapylýar.

2. Baýragyň we tarifden daşary potratlaýyn zähmet hakyny paýlamagyň hasaplaýyş ululygy kesgitlenilýär. Ol tarif zähmet hakyna $K_ş$, ýagny şahsy zähmet gatnaşygyna köpeldilip tapylýar.

3. Hasaplaýyş ululygynyň birligi boýunça potratlaýyn zähmet hakynyň koeffisiýenti ($K_{pzh}$) kesgitlenýär:

(*1591,25: 1575,8*)=*1 manat 01 teňňe*.

4. Işçileriň her biriniň tarifden daşary potratlaýyn zähmet haky aşakdaky tertipde hasaplanýar ($K_{pzh}$ · 8-nji sütün):

1) 1,01 x 158,4 = 159,98;
2) 1,01 x 196 = 197,96;
3) 1,01 x 158,7 =160,29;
4) 1,01 x 239,3 = 241,69;
5) 1,01 x 190,6 = 192,51;
6) 1,01 x 250,6 = 253,11;
7) 1,01 x 156 = 157,56;
8) 1,01 x 226,3 = 228,56.

5. Baýragy paýlamak üçin hasaplaýyş koeffisiýenti aşakdaky ýaly tapylýar:

796,79:1575,8 = 0,506.

6. Işçileriň her birine berilmeli baýragyň möçberi kesgitlenýär:

1) 0,506 x 158,4 = 80,15;
2) 0,506 x 196 = 99,18;
3) 0,506 x 158,7 = 80,30;
4) 0,506 x 239,3 = 121,09;
5) 0,506 x 190,6 = 96,44;
6) 0,506 x 250,6 = 126,80;
7) 0,506 x 156 = 78,94;
8) 0,506 x 226,3 = 114,51.

7. Tarif zähmet hakyny, ondan daşary potratlaýyn zähmet hakyny we baýragy jemläp, işçileriň umumy zähmet hakyny tapýarys:

3979 *manat* 70 *teňňe* (6-njy, 9-njy we 10-njy hatarlaryň jemi).

145.0 x 215.0 mm

## 7.5. Zähmete hak tölemegiň aýratyn şertleri

Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen işe ***iki esse möçberde hak tölenýär***. Iş wagtyndan daşary ýerine ýetirilen iş üçin işgäriň islegine görä, ýokarlandyrylan zähmet hakyna derek iş wagtyndan daşarky işlenilen sagatlardan ýokary geçmeýän möçberde rugsat berlip bilner.

***Dynç alyş***, işlenilmeýän baýramçylyk we hatyra günlerindäki ýerine ýetirilen işiň taraplaryň ylalaşygy boýunça dynç günleriň berilmegi ýa-da iki esse möçberde hak tölemek bilen öwezi dolunyp bilner.

Dynç günleri, işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günleri ýerine ýetirilen iş üçin töleg şeýle geçirilýär:

1. Potratçylara – potratlaýyn nyrhlar boýunça iki esse;
2. Sagatlaýyn ýa-da gündelik möçberler boýunça zähmete hak tölenilýän işgärlere – sagatlaýyn ýa-da gündelik aýlyk hakynyň (stawkalaryň) iki esse möçberinde;
3. Aýlyk zähmet haklaryny alýan işgärlere, eger iş baýramçylyk günlerinde iş wagtynyň bir aýlyk normasynyň möçberinde ýerine ýetirilen bolsa, aýlyk zähmet haklaryndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik möçberiň möçberinde, eger iş aýlyk kadasyndan (normasyndan) artyk ýerine ýetirilen bolsa, onda aýlyk zähmet hakyndan artyk sagatlaýyn ýa-da gündelik möçberiň iki esse möçberinde.

Zyýanly we (ýa-da) howply (aýratyn zyýanly we (ýa-da) aýratyn howply) zähmet şertleri bolan işlerde, agyr ýa-da aýratyn howa şertleri bolan ýerlerdäki işlerde (suwsuz, çöllük), şeýle hem göçme we (ýa-da) gatnaw häsiýeti bolan şertlerde işleýändikleri üçin işgärlere tarif möçberine (aýlyk zähmet hakyna) goşmaça hak bellenilýär.

Işleriň, kärleriň we wezipeleriň, şeýle hem ýerleriň sanawy, görkezilen zähmet şertleri bolan kärhanalarda ýokarlandyrylan hakyň anyk möçberleri we bellemegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Eger gijeki wagtdaky işi hasaba almak bilen zähmet haky bellenilen işiň häsiýeti bilen baglanyşykly bolmadyk bolsa, gijeki wagtdaky işiň her bir sagady sagat aýlyk hakynyň (stawkasynyň) bir ýarym esse möçberinden pes bolmadyk möçberinde tölenilýär. Gijeki wagtdaky işiň töleginiň anyk möçberleri kärhananyň köpçülikleýin şertnamasy (zähmet haky hakyndaky düzgünnama) bilen bellenilýär, ýöne ol

145.0 x 215.0 mm

Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulandakydan pes bolmaly däldir.

***Gijeki wagtdaky iş*** üçin ýokarlandyrylan hak gündelik (sagatlaýyn) aýlyk haklaryna, aýlyk zähmet haklaryna goşulmaýar, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 123-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilenler muňa girmeýär.

Işgäriň günäsi bolmazdan boş durlan wagty, eger işgär işsiz durulýan wagtyň başlanýandygy hakynda iş berijä (toparyň ýolbaşçysyna, ussa, beýleki wezipeli adamlara) duýduran bolsa, işgäre bellenilen derejesiniň (razrýadyň), aýlyk zähmet hakynyň (tarif stawkasynyň) üçden iki böleginden pes bolmadyk hasapdan hak tölenilýär. Işgäriň günäsi boýunça boş durlan wagta hak tölenilmeýär.

Täze önümçilik (önüm) özleşdirilýän döwründe iş beriji işgärlere alty aýdan köp bolmadyk möhletde öňki ortaça aýlyk zähmet hakyna çenli goşmaça hak töläp biler.

Işgäriň günäsi bolmazdan, pes hilli (brak) önüm taýýarlananda ony taýýarlamak boýunça zähmete hak tölemek ýaramly önümlere bellenilen nyrhlar bilen deň hatarda geçirilýär.

Işlenilýän serişdäniň bildirmeýän kemçiligi netijesinde ýüze çykan pes hilli (brak) önümler, şeýle hem tehniki gözegçilik edarasy tarapyndan kabul edilenden soň, işgäriň günäsi bolmazdan, ýüze çykan pes hilli (brak) önüm üçin şol işgäre ýaramly önümler bilen deň hatarda tölenilýär. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen doly pes hilli önüm tölege degişli däldir. Işgäriň günäsi bilen ýol berlen kem-käsleýin pes hilli önümiň bölekleýin ýaramlylyk derejesine baglylykda peseldilen nyrhlar boýunça tölenýär.

Işgäriň günäsi bolmazdan, iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, zähmete hak tölemek hakyky ýerine ýetirilen iş üçin geçirilýär. Şeýle ýagdaýda aýlyk zähmet haky oňa bellenen derejesiniň (razrýadyň) tarif stawkasynyň üçden iki böleginden pes bolup bilmez.

Işgäriň günäsi bilen iş öndürijiliginiň kadalary ýerine ýetirilmedik bolsa, töleg ýerine ýetirilen işiň möçberine laýyklykda geçirilýär.

Şol bir kärhanada (şol bir iş berijide) zähmet şertnamasy bilen şertlendirilen öz esasy işi bilen deň hatarda başga kär (wezipe) boýunça goşmaça işi ýa-da öz esasy işinden boşamazdan, wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirýän işgäre kärleri (wezipeleri)

utgaşdyrandygy üçin ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak tölenilýär.

Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak, adatça, işgärleriň degişli toparynyň çäklerinde (işçiler, inžener-tehniki işgärler, gullukçylar we başg.) rugsat berilýär.

Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak ýa-da wagtlaýyn ýok işgäriň borçlaryny ýerine ýetirendigi üçin goşmaça hak iş beriji tarapyndan kärhananyň kärdeşler arkalaşygy edarasy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramasy bilen ylalaşyk boýunça işgär bilen ylalaşyk esasynda utgaşdyrylýan käriň (wezipäniň) zähmet hakynyň 50%-inden köp bolmadyk möçberinde bellenilýär.

**Şu aşakdakylar üçin goşmaça haklar bellenilip bilner, ýagny:**

1. Kärleri (wezipeleri) utgaşdyrmak üçin goşmaça hakyň bellenilmegine ýokarda durýan guramanyň tassyklan wezipe sanawyna garanyňda, işgärleriň sanynyň azaldylmagyndan alnan zähmete hak tölemegiň gaznasynyň tygşytlanan serişdeleri gönükdirilip bilner;

2. Wagtlaýyn işde ýok işgärleriň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin, goşmaça hak tölenilmeýän işgäriň aýlyk wezipe hakynyň (aýlygynyň) 50%-inden köp bolmadyk möçberinde, şol goşmaça haklaryň näçe adam sanynyň arasynda bölünýändigine garamazdan, peýdalanylyp bilner.

**Goşmaça hak bellemek şulara degişli däldir, ýagny:**

1. Kärhanalaryň ýolbaşçylaryna, olaryň orunbasarlaryna we kömekçilerine, baş hünärmenlerine, gurluş düzüm birlikleriniň, önümçilik bölümleriniň, gulluklaryň ýolbaşçylaryna we olaryň orunbasarlaryna degişli däldir;

2. Ylmy-barlag edaralarynyň ylmy, inžener-tehniki işgärlerine we beýleki hünärmenlerine hem gullukçylaryna, şeýle-de, şol görkezilen edaralaryň tejribe (synag) önümçiliklerinde, önümçilik bölümlerinde, ussahanalarda, ýerlerde we desgalarda, geologiýa-gözleg, gözleg-agtaryş ekspedisiýalarynda we toparlarynda (partiýalarynda) işleýänlere degişli däldir;

3. Döwlet we hojalygy dolandyryş edaralarynyň inžener-tehniki işgärlerine hem-de beýleki hünärmenlerine we gullukçylaryna hem degişli däldir.

Wagtlaýyn ornuna işlenende, ornuna işleýän işgäre wezipe sanawynda göz öňünde tutulan ornuna işlenýän işgäriň aýlyk wezipe hakynyň möçberinde zähmet haky tölenilýär.

Dürli hünärli işler ýerine ýetirilende, wagta görä hak tölenilýän işçileriň, şeýle hem gullukçylaryň zähmetine has ýokary hünär derejeli iş boýunça tölenilýär.

Potratlaýyn zähmet haky tölenilýän işçileriň zähmetine ýerine ýetirilýän işiň nyrhlary boýunça tölenilýär. Ykdysadyýetiň pudaklarynda önümçiligiň häsiýeti boýunça potratlaýyn zähmete hak tölenilýän işçilere berlen derejelerinden pes derejedäki işleri ýerine ýetirmek tabşyrylanda, şeýle işleri ýerine ýetirýän işçilere, eger köpçülikleýin şertnama (ylalaşyk) bilen göz öňünde tutulan bolsa, derejara (razrýadara) tapawut tölenilýär. Töleg, işçi zähmet öndürijiliginiň kadalaryny ýerine ýetireniňden soňra geçirilýär.

Doly däl iş gününde ýa-da doly däl iş hepdesinde, Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 63-nji maddasyna laýyklykda, zähmete hak tölemek işlenilen wagta barabarlykda ýa-da zähmet öndürijiliginiň normalarynyň ýerine ýetirilmegine baglylykda geçirilýär.

Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygynda ortaça zähmet hakynyň möçberini kesgitlemegiň ähli halatlary üçin ony hasaplamagyň ýeke-täk tertibi bellenýär.

Ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin, döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatançlar tölenýän zähmet hakynyň ähli görnüşleri hasaba alynýar. Muňa esasy iş bilen utgaşdyrmak boýunça iş üçin gazanç, birwagtlaýyn häsiýetli tölegler, şeýle hem zähmete hak tölemegiň hereket edýän ulgamy bilen şertlendirilmedik tölegler girmeýär.

Islendik iş düzgüninde işgäriň ortaça zähmet hakyny hasaplamak oňa hakyky hasaplanan zähmet hakyndan we töleg pursadynyň öň ýanyndan gelýän on iki senenama aý üçin işlenilen wagtyndan ugur alnyp geçirilýär.

Eger işgär on iki aýdan az işlän bolsa, onda onuň ortaça aýlyk zähmet hakyny hasaplamak töleg pursadynyň öň ýanyndan gelýän hakyky işlän doly senenama aýlarynyň sanyndan ugur alnyp geçirilýär.

Ortaça gündelik zähmet haky aýlyk zähmet hakyny 29,7-ä bölmek ýoly bilen hasaplanýar.

Türkmenistanyň kanunçylygynda ortaça zähmet hakyny hasaplamak üçin, eger işgärleriň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrmaýan bolsa, beýleki döwürler hem göz öňünde tutulyp bilner.

145.0 x 215.0 mm

Ortaça zähmet hakyny hasaplamagyň tertibiniň aýratynlyklary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryna laýyklykda zähmet haky ýokarlandyrylanda, zähmet rugsadyny tölemek, işden çykanda berilýän kömek pulunyň, öwez pullarynyň we öwezini dolmalaryň möçberini hasaplamak üçin kabul edilýän zähmet hakyny ýokarlandyrmagyň belgisine görä indeksirlenýär.

Işgäriň zähmet haky her ýarym aýdan az bolmadyk döwürde tölenilýär. Türkmenistanyň kanunçylygy bilen işgärleriň aýry-aýry toparlary üçin zähmet hakyny tölemegiň beýleki möhletleri bellenilip bilner.

Zähmet hakynyň tölenilýän güni dynç alyş, baýramçylyk ýa-da ýatlama gününe gabat gelen halatlarynda zähmet haky şol günleriň öň ýanyndaky günde tölenilýär.

Rugsadyň ähli wagty üçin zähmet haky rugsadyň başlamagyna azyndan bir gün galanda tölenýär. Işgäre rugsadyň ähli wagty üçin degişli zähmet haky bellenilen möhletde tölenmedik halatynda, işgär zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegini dowam etse, onda berlen rugsat zähmet hakynyň saklanan günleriniň sanyna laýyklykda uzaldylýar.

Işgäre zähmet haky kada boýunça onuň işi ýerine ýetirýän ýerinde tölenilýär ýa-da işgäriň ýazmaça arzasy esasynda Türkmenistanyň banklarynda onuň görkezilen hasabyna geçirilýär. Işgäriň ýazmaça arzasy boýunça onuň zähmet haky bank edaralarynyň üsti bilen aýda bir gezek geçirilip bilner.

Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan halatlaryndan başga ýagdaýlarda, iş beriji öz wagtynda bellenen möhletlerde işgäre zähmet hakyny doly möçberde tölemäge, şeýle hem oňa hasaplanan zähmet haky we ondan tutulýan tutumlar barada maglumatlary bermäge borçludyr.

Işgäriň aradan çykan gününe çenli alynmadyk zähmet haky, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen başga tölegler we sylaglar ýazmaça arza we degişli resminamalar esasynda arza berlenden soňra iki hepdäniň dowamynda onuň maşgala agzalaryna ýa-da onuň aradan çykan gününe çenli aradan çykanyň eklenjinde bolan adamlara berilýär.

Zähmet şertnamasynyň hereketi bes edilen mahalynda iş berijiden işgäre düşýän puluň ählisini tölemegi işgär işden çykan güni

145.0 x 215.0 mm

amala aşyrylýar. Eger işgär işden çykýan güni işlemedik bolsa, onda oňa degişli pul işgäriň hasaplaşyk hakyndaky talapnamany bildiren gününden soň yzyndan gelýän günden gijä galman tölenilmelidir.

Işgär işden çykan mahalynda oňa düşýän puluň möçberi hakynda jedel ýüze çykan halatynda, iş beriji Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 134-nji maddasynda görkezilen möhletde onuň dawalaşylmaýan möçberini tölemäge borçludyr [18].

Işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda amala aşyrylýar.

Işgärleriň zähmet hakyndan tutum tutmak kärhana bolan bergini üzmek üçin olaryň işleýän ýerinde iş berijiniň buýrugy esasynda amala aşyrylýar:

1. Zähmet hakynyň hasabyna berlen hakujuny gaýtarmak, ýalňyş hasaplamalar netijesinde artyk tölenen pullary yzyna gaýtarmak, gulluk iş sapary ýa-da başga ýere geçirilmegi üçin, hojalyk harajatlary üçin berlen harçlanylmadyk we öz wagtynda gaýtarylmadyk hakujuny üzülişmek üçin, eger işgär tutup alnyp galnan puluň esaslaryna we möçberine jedel etmeýän ýagdaýynda bolup biler. Şeýle halatlarda iş beriji hakujuny gaýtarmak, bergini üzmek üçin ýa-da nädogry hasaplanyp çykarylan töleg üçin bellenilen möhlet gutarandan soň, bir aýdan gijä goýman tutum tutmalar hakyndaky buýrugy bermäge haklydyr;

2. Iş ýyly tamamlanmanka işden çykan işgäre rugsadynyň işlenilmedik günleri üçin rugsadynyň hasabyna berlen tölegler.

Pensiýa çykmagy bilen baglanyşykly işgär işden çykan mahalynda hem rugsadyň işlenilmedik günleri üçin tutumlar tutulmaýar.

Işgäriň günäsi bilen kärhana ýetirilen zyýanyň öwezi dolunanda hem iş berijiniň buýrugy çykarylýar.

Iş beriji tarapyndan işgäre artykmaç tölenilen zähmet haky (şol sanda Türkmenistanyň kanunçylygyny ýalňyş ulanmak netijesinde) ondan tutulyp bilinmez, ýalňyş hasaplanmagy netijesinde tölenen ýagdaýlar muňa girmeýär.

Işgäre ýalňyş maglumatlar bermegi ýa-da onuň ýalňyş resminamalar bermegi netijesinde artyk tölenilen zähmet haky we başga pullar kazyýetiň karary esasynda ondan töledilip alynýar.

Her bir zähmet haky tölenende, tutumlaryň umumy möçberi 20%-den, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutu-

lan aýratyn halatlarda bolsa, işgäre tölenýän zähmet hakynyň 50%-inden köp bolmaly däldir.

Iş hakynda birnäçe ýerine ýetiriş resminamalary esasynda zähmet hakyndan tutum tutulanda, zähmet hakynyň 50%-inden az bolmadyk möçberi işgärde saklanyp galmalydyr.

Işden çykarylanda, berilýän kömek pulundan öwezini doluş we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tutum tutulmaýan başga töleglerden tutum tutulmagyna ýol berilmeýär.

Işgärler üçin zähmet kadalary (iş öndürijiligi, wagt, hyzmat ediş, san kadalary) tehnikanyň, tehnologiýanyň, önümçiligi we zähmeti guramagyň gazanylan derejesine laýyklykda bellenilýär.

Zähmeti guramagyň we hak tölemegiň toparlaýyn görnüşleri ulanylýan şertlerinde, şonuň ýaly ulaldylan we toplumlaýyn kadalar ulanylyp bilner. Zähmet kadalary iş orunlarynda hünär synaglarynyň we täzelik girizilmeginiň, täze tehnikanyň, tehnologiýanyň ornaşdyrylyşyna we zähmet öndürijiliginiň ösüşini üpjün edýän guramaçylyk-tehniki çärelere görä hökman täzeleri bilen çalşyrylmaga degişlidir.

Aýry-aýry işgär, işgärler topary tarapyndan önüm öndürijiliginiň (hyzmatlaryň edilmegi) ýokary derejesiniň gazanylmagy zähmetiň we öňdebaryjy tejribäniň täze usullarynyň hakyky öz başlangyjy bilen, şeýle hem iş orunlarynyň öz güýçleri bilen kämilleşdirilmeginiň kadalary täzeden seretmäge esas bolmaly däldir.

Zähmet kadalaryny girizmek, çalşyrmak we täzeden seretmek iş beriji tarapyndan kärdeşler arkalaşygy ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli guramalary bilen ylalaşmak esasynda amala aşyrylýar.

Bitewi we birkysmy (pudagara, pudaklaýyn, edaralaýyn) zähmet kadalarynyň çalşyrylmagy we täzeden seredilmegi şolary tassyklan edaralar tarapyndan amala aşyrylýar.

Zähmetiň täze kadalarynyň girizilendigi hakynda işgärlere bir aýdan gijä galman habar berilmelidir. Şeýle ýagdaýda işgärlere zähmet kadalaryna täzeden seretmegiň sebäpleri, şeýle hem täze kadalaryň ulanylmaly şertleri düşündirilmelidir.

Iş öndürijiliginiň kadalary (wagt kadalary), hyzmat etmegiň kadalary bellenilende ýa-da olara täzeden seredilende, ýüze çykýan näsazlyklar ýokarda durýan edaralar we kärdeşler arkalaşygy guramalary,

kazyýet tarapyndan çözülýär. Zähmete hak tölemegiň potrat usuly boýunça bahalary işiň bellenilen derejelerinden (razrýadlaryndan), hak tölemegiň aýlyk wezipe haklaryndan (tarif stawkalaryndan) we iş öndürijiliginiň kadalaryndan (wagt kadalaryndan) ugur alnyp kesgitlenilýär.

Potratçylyk esasynda hak tölemek üçin hasaplanan baha ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik), aýlyk zähmet hakyny (tarif möçberini), sagatlaýyn (gündelik) iş kadasyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

Potratçylyk bahasy ýerine ýetirilýän işiň derejesine laýyk gelýän sagatlaýyn (gündelik), aýlyk zähmet hakyny sagat ýa-da gün hasaby bilen bellenilen wagt kadasyna köpeltmek arkaly hem kesgitlenilip bilner.

Tehniki kadalary, bahalary üýtgedýän oýlap tapyşlaryň we täze teklipleriniň awtorlaryna zähmetiň täze kadalarynyň hem-de bahalaryň girizilen pursadyndan başlap alty aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar.

Oýlap tapyjynyň, rasionalizatoryň oýlap tapyşynyň ýa-da rasionalizatorçylyk teklibiniň ornaşdyrylmagy bilen kadalary we bahalary üýtgedilen işi oýlap tapyjy ýa-da rasionalizator ozal ýerine ýetirilmedik mahalyndaky we şonuň ýaly teklip girizilenden soň, ol şol işe geçirilen mahalyndaky halatlarda hem ozalky bahalar ulanylýar.

Oýlap tapyja ýa-da rasionalizatora tekliplerini ornaşdyrmaga kömek berlen işgärlere üç aýyň dowamynda öňki bahalar saklanyp galýar.

Zähmete sagatlaýyn hak tölenýän halatynda işgärlere kadalaşdyrylan tabşyryklar bellenilýär. Işleriň (hyzmatlaryň) aýry-aýry görnüşlerini we möçberlerini ýerine ýetirmek üçin, hyzmat etmegiň kadalary ýa-da işgärleriň sany babatynda kadalar bellenilip bilner.

Iş beriji işgärler tarapyndan iş öndürijilik kadalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin işiň kadaly şertlerini üpjün etmäge borçludyr, şol sanda:

– buýurmalar, işleriň möçberleri we zerur çig mal bilen üpjün etmäge;

– maşynlaryň, stanoklaryň, enjamlaryň we abzallaryň abat işleýiş ýagdaýyny üpjün etmäge;

– tehniki resminamalar bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

– işi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan gowy hilli we san taýdan ýeterlik serişdeler hem-de iş gurallary bilen üpjün etmäge we şolary öz wagtynda bermäge;

– önümçiligi elektrik energiýasy, gaz we beýleki energiýa çeşmeleri bilen öz wagtynda üpjün etmäge;

– zähmetiň howpsuz we sagdyn şertlerini (tehniki howpsuzlygyň kadalary we düzgünleri boýunça hem-de önümçilik sanitariýa düzgünlerini we kadalaryny berjaý etmek, zerur ýagtylyk, ýylylyk, howany çalşyp durmak, zyýanly galmagalyň netijelerini aradan aýyrmak, şöhlelenmeleri, wibrasiýany we işgärleriň saglygyna ýaramaz täsir edýän beýleki ýagdaýlaryň aradan aýrylmagyny) üpjün etmäge borçludyr.

# VIII BAP. KEPILLIKLER WE ÖWEZINI DOLMALAR

## 8.1. Kepillikleriň we öwezini dolmalaryň mazmuny, görnüşleri hem-de olaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 10-njy maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň çäginde-de, onuň çäginden daşarda-da **döwletiň goragy we penakärligi kepillendirilýär.**

Hakyna durup işleýän adamlaryň öz çeken zähmetiniň möçberine hem hiline laýyk gelýän hak almaga hukugy bardyr. Hiç hili hukuk kemsidilmesi bolmazdan, deň zähmet üçin deň tölege, öz kärine, hünärine, zähmetiň çylşyrymlylygyna, ýerine ýetirilen işiň mukdaryna we hiline laýyklykda zähmet hakyny doly möçberde almaga hukugy bardyr. Zähmet haky hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen zähmet hakynyň iň az möçberinden pes bolmaly däldir [18; 33-nji madda, 5-nji bölümçe].

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 144-nji maddasynda «kepillikler» we «öwezini dolmalar» şeýle kesgitlenilýär:

**Kepillikler** – munuň özi serişdeler, usullar we şertler bolup, şolaryň kömegi bilen işgärlere durmuş-zähmet gatnaşyklary çygrynda hukuklaryň berilmegini amala aşyrmaga ýardam edýär.

145.0 x 215.0 mm

**Öwezini dolmalar** – munuň özi pul tölegleri bolup, işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan zähmet ýa-da beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmak maksatlarynda bellenilýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 13-nji maddasyna laýyklykda işgäriň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly öz saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň (zeleliň), şol sanda ahlak bozulmalarynyň öweziniň dolunmagyna kepilliklere we öwezini doluş pullaryna hukuklary bardyr (*26-njy surat*).




*26-njy surat. Kepillikleriň we öwezini dolmalaryň görnüşleri*

145.0 x 215.0 mm

## 8.2. Gulluk iş saparlarynda berilýän kepillikler we öwezini dolmalar

**Gulluk iş sapary** diýlip, kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy boýunça işgäriň bellibir möhlet bilen gulluk tabşyrygyny ýerine ýetirmek (esasy gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek, maslahata, seminara, halkara medeni çärelere we sport ýaryşlaryna gatnaşmak, tejribelikde, okuwda bolmak, hünärini kämilleşdirmek, tejribe alyşmak, derňew geçirmek we ş.m.) üçin onuň hemişelik iş ýerinden başga bir ýere gitmegine düşünilýär.

Hemişelik işi ýolda geçýän ýa-da işi gezmeli ýa-da hereketli häsiýete eýe bolan işgärleriň gulluk boýunça gitmeleri **iş sapary** diýlip hasap edilmeýär.

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 147-nji maddasyna laýyklykda *gulluk iş saparlarynda işgärlere berilýän kepillikler we öwezini dolmalar* şu aşakdaky töleglerden ybaratdyr:

1. Gulluk iş sapary bilen ugradylan işgäriň gündelik harjy, ýol harajatlary, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak üçin çykdajylary tölenýär.

2. Işgärleriň iş orny we wezipesi saklanyp galýar hem-de ortaça zähmet haky tölenýär.

## Iş saparynyň çykdajylary

Gulluk iş saparyna iberilýän işgärlere gulluk iş saparynyň çykdajylarynyň öwezini dolmagy kepillendirmegi üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 17-nji aprelindäki çykaran Kararyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberleri şu aşakdaky görnüşde kesgitlenildi [34, 35] (*8.1-nji tablisa*).

*8.1-nji tablisa*

**Türkmenistanyň çäklerinde iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberi**

| Çykdajylaryň görnüşleri | Türkmenistanyň çäklerinde | |
|---|---|---|
| Ýaşaýyş jaýyny kireýine almak üçin çykdajylar | Aşgabat şäherinde | Hakyky çykdajylar boýunça, ýöne bir gije-gündize 40 *manatdan* köp däl |
| | Welaýatlarda, etraplarda, beýleki şäherlerde we ilatly ýerlerde | Hakyky çykdajylar boýunça, ýöne bir gije-gündiz üçin 25 *manatdan* köp däl |
| Gije-gündizlik | Bir gije-gündiz üçin 15 *manat* | |

145.0 x 215.0 mm

Daşary ýurda iş saparyna ugradylanda, daşary ýurt döwleti (halkara guramasy) – çagyrýan tarap iş saparyna ugradylýanyň naharlanmagy bilen bagly çykdajylary öz üstüne alýan bolsa, işgäre gije-gündizlik harajatlaryň tölegi bellenilen möçberiň ýüzden 40 bölegi möçberde tölenilýär.

**Daşary ýurt döwleti** (halkara guramasy), iş saparyna ugradylan işgäriň naharlanmagy bilen bagly çykdajylaryndan başga-da, onuň şahsy çykdajylary üçin gije-gündizlik harajatlaryň töleginiň bellenilen möçberiň ýüzden 40 bölegini ýa-da ondan-da köp möçberde pul töleýän bolsa, onda işgäre gije-gündiz üçin harajatlary tölenilmeýär.

## Iş saparynyň resmileşdirilişi

Işgärleriň iş sapary bilen ugradylmagy kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy (görkezmesi) bilen resmileşdirilýär we onuň esasynda iş saparlaryna iberilýän işgärlere iş saparynyň şahadatnamalary berilýär (*27-nji we 28-nji suratlar*).

**IŞ SAPARYNYŇ ŞAHADATNAMASY**

| | |
|---|---|
| Burç möhürçesi<br><br>№___<br>«__»______ 20___ ý<br><br>M.Ý. | ____________________________________________<br>(şahadatnamany beren guramanyň ady)<br>_________________________________<br>(iş saparynyň maksady üçin)<br><br>gulluk iş sapary bilen ugradylan________________________________<br>(iş saparyna ugradylýan işgäriň wezipesi, A. A. F.)<br><br>Iş saparynyň möhleti «________» gün.<br>Esas: 20___ ý._________aýynyň «____» ___ -nji _____ buýrugy<br>Iş saparynyň şahadatnamasy:____№ ________,<br>___________________________________________________<br>(pasporty beren guramanyň ady)<br>tarapyndan berlen pasportyny görkezende hakykydyr<br><br>«___»______________20____ ý<br><br>Guramanyň, kärhananyň<br>ýolbaşçysynyň goly _________________________ |

*27-nji surat. Iş saparynyň şahadatnamasynyň arka tarapy*

145.0 x 215.0 mm

**Iş saparyna gitmek, iş ýerine gelmek, bolmaly wagt we möhletler barada bellikler***

| | |
|---|---|
| ______________________________gitdi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly | ______________________________geldi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly |
| ______________________________gitdi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly | ______________________________geldi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly |
| ______________________________gitdi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly | ______________________________geldi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly |
| ______________________________gitdi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly | ______________________________geldi<br>«___»________________20____ ý<br>möhür goly |

*28-nji surat. Iş saparynyň şahadatnamasynyň nusgasy*

***Bellik.** Iş sapary bilen birnäçe ýere barylanda, baran we gaýdan ýerleriniň her birinde aýratyn bellikler edilýär.

Eger işgär hemişelik iş ýerine gulluk iş saparyndan ugradylan güni gaýdyp gelmeli bolsa, onda iş saparynyň şahadatnamasy **berilmän bilner.**

Işgärleriň tabynlyk tertibinde ýokarda durýan guramasyna iş saparyna ugradylmagy şol guramalaryň ýolbaşçysynyň **çakylygy boýunça** (hat bilen ýa-da telefonogramma arkaly) amala aşyrylýar.

## Iş saparynyň möhleti

**Iş saparynyň möhleti** kärhananyň ýolbaşçylary tarapyndan kesgitlenilýär.

Iş saparynyň ýerinde bolunmagynyň **hakyky wagty** ol ýere gelen we gaýdan güni hakynda iş saparynyň şahadatnamasynda edilen bellikler boýunça kesgitlenilýär. Eger işgär **dürli ilatly ýerlere iş saparyna ugradylan bolsa**, onda şolaryň her birine baran we gaýdan günleri hakynda **aýratyn bellik edilýär.**

Işgäriň iş saparynyň ýerlerine barandygy we ol ýerden gaýdanlygy hakyndaky iş saparynyň şahadatnamasyndaky bellikler **möhür bilen berkidilýär.**

Aýry-aýry halatlarda we daşary ýurtlara iş saparlarynda işgärleriň bellenen ýerde hakyky bolan wagtyny tassyklaýan resminamalar

145.0 x 215.0 mm

hökmünde, **ýol resminamalary ýa-da pasportdaky degişli bellikler hyzmat edip biler.**

## Iş saparynyň hasaba alnyşy

Ministrliklerde, pudak edaralarynda we kärhanalarda iş sapary bilen gidýän we olara iş sapary bilen gelýän adamlaryň hasaby ýörite kitaplarda ýöredilýär (*29-njy we 30-njy suratlar*).

**Iş sapary bilen gidýän işgärleriň hasaba alnyýan kitaby**

| Ýazgynyň belgisi we senesi | Iş sapary bilen iberilen adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Iş sapary bilen iberilen adamyň wezipesi | Iş saparyna ibermek hakyndaky buýrugyň belgisi we senesi | Iş saparynyň şahadatnamasynyň belgisi we senesi | Iş saparyna giden senesi | Iş saparynyň möhleti | Gelen senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|

*29-njy surat. Iş sapary bilen gidýän işgärleriň hasaba alnyşy*

**Iş sapary bilen gelýän işgärleriň hasaba alnyýan kitaby**

| Ýazgynyň belgisi we senesi | Iş sapary bilen iberilen adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady | Iş sapary bilen iberilen adamyň wezipesi | Iş sapary bilen ibermek hakyndaky buýrugyň belgisi we senesi | Iş saparynyň şahadatnamasynyň belgisi we senesi | Iş saparyna giden senesi | Iş saparynyň möhleti | Gelen senesi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|

*30-njy surat. Iş saparyndan gaýdyp gelýän işgärleriň hasaba alnyşy*

Iş sapary bilen ugradylýanyň hemişelik işleýän ýeriniň ýerleşýän ilatly nokadyndan **ulag serişdesi bilen ugran güni** – onuň iş saparyna **giden güni**, iş saparyna ugradylanyň **ulag serişdesi bilen** hemişelik işleýän ýerine gaýdyp gelen güni – onuň iş saparyndan gelen güni hasaplanýar. Iş sapary bilen **ugralýan gün** – ulag serişdesi **sagat 24-e çenli** ugran bolsa, onda ol şol gije-gündizde iş sapary bilen ugran diýlip hasap edilýär, **0 sagatdan soň** bolsa, soňky gije-gündize degişli edilýär. Işgäriň hemişelik işleýän ýeriniň ilatly nokadyna gaýdyp gelmegi hem şol tertipde kesgitlenilýär.

Iş saparyndaky işgärlere iş saparyna iberilen kärhanalaryndaky iş we dynç alyş wagtynyň tertibi degişlidir. Iş saparynda **peýdalanylmadyk dynç günlerine derek başga dynç günleri berilmeýär.**

**Iş sapary bilen ugradylan işgäriň iş saparyndaky wagty, şol sanda ýolda bolan wagty hem iş ýeri (wezipesi) we ortaça iş haky (wezipe haky, tarif möçberi) saklanýar.**

**Işi utgaşdyryp alyp barýan işgär** iş saparyna ugradylanda, onuň ortaça iş haky (wezipe haky, tarif möçberi) ony iş saparyna ugradan kärhanada saklanýar.

Iş sapary bilen ugradylýan **işgäriň haýyşy boýunça** oňa hasaplanylan ortaça zähmet haky onuň **iş saparynda bolan ýerindäki hasabyna geçirilip bilner.** Bu ýagdaýda zähmet hakyny geçirmek bilen bagly çykdajylar, iş saparyna ugradylan kärhananyň çykdajylaryna degişli edilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary boýunca iş haky ýokarlandyrylan ýagdaýynda, **ortaça iş haky iş hakynyň ýokarlanan möçberine laýyklykda tölenilýär.**

## Ugradylan ýerine barmak we gaýdyp gelmek bilen bagly ýol çykdajylary

Iş sapary bilen ugradylan ýerine barmak we hemişelik iş ýerine gaýdyp gelmek bilen bagly ýol çykdajylarynyň öwezi, iş sapary bilen ugradylan işgäre jemgyýetçilik **howa, demir ýol, suw we awtomobil ulaglarynyň** (gatnaw ugry bolmadyk ýeňil taksi ulagyndan başga) bahasynyň möçberinde, ýolagçy ýygymlaryny, şol sanda ulaglarda ýolagçylaryň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasynyň töleglerini, ýol resminamalaryny öňünden satmak boýunça hyzmatlaryň tölegini we ş.m. hem goşmak bilen, tassyklaýjy resminamalary bolan ýagdaýynda tölenilýär.

Otlularda ýorgan-düşeklerden peýdalanylandygy üçin çykdajylaryň öwezi **tassyklaýjy resminamalary bolmadyk ýagdaýynda dolunmaýar.**

Iş sapary bilen ugradylan işgäriň:

– ýokary amatlykly biznes-klas derejeli wagonlarda;

– deňiz we derýa gämilerinde toplumlaýyn hyzmatly «iň ýokary derejeli (lýuks)» derejeli kaýutalarda;

– howa ulagynyň biznes-klas derejeli petekleri boýunça, iş saparyna gidendäki ýol harajatlarynyň öwezi her bir aýratyn ýagdaýda kärhananyň ýolbaşçysynyň rugsady bilen **ýol resminamalary berlen halatynda dolunýar.**

145.0 x 215.0 mm

Gulluk ýüküni daşamak bilen bagly çykdajylaryň öwezi tassyklaýjy resminamalaryň bolan halatynda **doly möçberde dolunýar.**

## Ýaşaýyş jaýyny kireýine almak bilen bagly çykdajylar

Iş sapary bilen ugradylan işgäriň, iş sapary bilen baran gününden başlap gaýdýan gününe çenli ýaşaýyş jaýyny kireýine almak bilen bagly çykdajylarynyň öwezi tassyklaýjy resminamalar berlen halatynda 8.1-nji tablisada görkezilen möçberlere laýyklykda dolunýar.

Türkmenistanyň çäklerine iş sapary bilen iberilen işgär tarapyndan ýaşaýyş jaýynyň kireýine alynmagy üçin harajatlary tassyklaýan **töleg resminamalary berilmedik halatynda,** görkezilen harajatlaryň öwezi iş saparynda bolmagyň her gije-gündizi üçin bellenen möçberleriň **ýüzden otuz bölegi möçberinde dolunýar.** Işgärler **iş sapary bilen ugradylanda** myhmanhana ýok ýagdaýynda, ýaşaýyş jaýynyň kireýine alynmagy üçin çykdajylaryň hem öwezi şeýle tertipde dolunýar.

Türkmenistanyň çäginden daşary iş sapary bilen ugradylan işgär tarapyndan ýaşaýyş jaýynyň kireýine alnandygy üçin harajatlary tassyklaýan töleg resminamalary berilmedik halatynda, çykdajylaryň öwezi dolunmaýar.

**Mugt** ýaşaýyş jaýy berlen şertlerinde, ýaşaýyş jaýyny kireýine almak üçin çykdajylaryň **öwezi dolunmaýar.**

Iş sapary bilen ugradylan işgäre myhmanhanada ýeriň **öňünden sargyt edilendigi üçin tölegiň öwezi dolunýar.**

**Daşary ýurtda bolmak bilen bagly daşary ýurt pasportyny, ygtyýarnamany we beýleki ýolagçy resminamalaryny resmileşdirmek üçin çykdajylar, hökmany saglyk ätiýaçlandyrmasynyň, hökmany konsullyk ýygymlarynyň tölegleri we daşary ýurtda bolmak bilen bagly beýleki hukuk häsiýetli çykdajylary tassyklaýjy resminamalar bolan halatynda doly tölenilýär.**

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky edaralarynyň işgärleri, şeýle hem Türkmenistanyň daşary ýurda işe ugradylan we şol ýerde bolan döwründe iş hakyny daşary ýurt pulunda alýan beýleki işgärleri şol ýurduň içinde gysga möhletli iş saparyna giden wagty gije-gündizlik harajatlaryň tölegi bellenilen möçberleriň **ýüzden ýetmiş bölegi möçberinde tölenýär.** Ýaşaýyş jaýyny kireýine almak bilen bagly çykdajylaryň öwezi bellenen möçberlerde dolunýar.

Gatnaw şertleri we ýerine ýetirýän işiniň häsiýeti boýunça, özüniň hemişelik ýaşaýan ýerine her gün gelip-gitmek mümkinçiligi

bolan iş sapary bilen giden işgäre, **ýol üçin tölegden başga iş saparynyň çykdajylary tölenmeýär.**

Iş saparyna ugradylan işgäriň hemişelik ýaşaýan ýerine her gün gaýdyp gelmegi baradaky çözgüt, aralygyň uzaklygy, ulaglaryň gatnaw şertleri, ýerine ýetirilýän işiň häsiýeti, şeýle hem işgäriň dynç almagy üçin şertleriň zerurlygy hasaba alnyp, her bir anyk ýagdaýda kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär.

**Iş sapary bilen ugradylan işgär wagtlaýyn işe ukypsyz bolan ýagdaýynda (iş saparyna ugradylan işgäriň ýatymlaýyn bejergi alýan halatyndan başga ýagdaýlarda), oňa umumy esaslarda ýaşaýyş jaýyny kireýine alandygy üçin çykdajylar, şeýle hem saglyk ýagdaýy sebäpli öz üstüne ýüklenen gulluk borjuny ýerine ýetirmäge girişip bilmedik hemişelik ýaşaýan ýerine gaýdyp gelmäge ýagdaýy bolmadyk döwrüniň bütin dowamynda, emma bir aýdan köp bolmadyk möhlet üçin gije-gündizlik harajatlary tölenilýär.**

Iş sapary bilen ugradylan işgäriň wagtlaýyn işe ukypsyzlyk ýagdaýy, şeýle hem saglyk ýagdaýy sebäpli hemişelik ýaşaýan ýerine gaýdyp gelip bilmezligi, onuň iş saparyna ugradylan döwletindäki bellenen tertibe **laýyklykda resminamalar arkaly tassyklanmalydyr.**

Wagtlaýyn işe ukypsyzlyk günleri iş saparynyň möhletine goşulmaýar. Iş saparyna ugradylan işgäre wagtlaýyn işe ukypsyzlyk döwri üçin umumy esaslarda **wagtlaýyn işe ukypsyzlygy boýunça hemaýat puly tölenýär.** Şunuň bilen baglylykda **ýarawsyzlyk döwri üçin ortaça zähmet haky tölenmeýär.**

Iş sapary bilen ugradylýan işgäre iş saparyna gitmezden öň (kesgitlenen kadalara laýyklykda) ýol, ýaşaýyş jaýy we gije-gündizlik harajatlary üçin **hakujy pul serişdesi berilýär. Işgär iş saparyndan gaýdyp gelenden soň bir hepdäniň dowamynda iş sapary bilen bagly sarp eden pul möçberleri barada hakujy hasabatyny bermäge borçludyr.**

Hasabata bellenen tertipde resmileşdirilen iş saparynyň şahadatnamasy, ýol üçin we myhmanhanada (umumy ýaşaýyş jaýynda) ýaşalandygy üçin **hakyky sarp edilen harajatlar baradaky resminamalar** goşulýar.

Eger-de iş saparynyň çykdajylary üçin öňünden hakujy berlip, iş sapary bilen ugradylan işgär tarapyndan gaýdyp gelenden soň çykdajylary tassyklaýan resminamalar berilmese, çykdajylaryň öwezi dolunmaýar, berlen hakujy bolsa yzyna gaýtarylmaga degişlidir.

145.0 x 215.0 mm

## 8.3. Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende, işgäre berilýän kepillikler

*Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň* 154-nji maddasyna laýyklykda ***zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende, işgäre döwlet kepillikleri berilýär,*** ýagny iş beriji işgäre döwlet kömek puluny töleýär.

Göwrelilik we çaga dogurmak hem-de wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny tölemek üçin **çykdajylary maliýeleşdirmek** eýeçiliginiň görnüşlerine garamazdan, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalar, guramalar we edaralar tarapyndan olaryň ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna, Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän guramalar we edaralar tarapyndan bolsa zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki **çeşmeleriň hasabyna amala aşyrylýar** [36].

Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça kömek puluny almaga hukugy bolanlaryň sanawy 31-nji suratda görkezilendir.




*31-nji surat. Wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluna hukuklary bolan raýatlar*

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 155-nji maddasyna laýyklykda önümçilikde bolan betbagtçylykly ýagdaý we hünär keseli sebäpli işgäre (onuň maşgalasyna) döwlet kepillikleri we öwezini dolmalar berilýär, ýagny işgäriň saglygyna zeper ýetende ýa-da işgär aradan çykanda işgäre (onuň maşgalasyna) ýitiren zähmet hakynyň (girdejisiniň), şeýle hem saglygyna zeper ýetenligi bilen baglanyşykly lukmançylyk, durmuş we hünär taýdan saglygyny dikeltmek üçin goşmaça çykdajylar ýa-da işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly degişli çykdajylar tölenilýär.

Işgärlere berilýän kepillikleriň we öwezini dolmalaryň **görnüşleri, möçberleri we şertleri** görkezilen halatlarda Türkmenistanyň Zähmet kodeksi we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary tarapyndan kesgitlenilýär.

Ýitirilen zähmet hakynyň we (ýa-da) goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmak kärhanalarda öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar, býujetiň hasabyna saklanýan kärhanalarda şolary saklamak üçin göz öňünde tutulan çykdajylaryň sanawyndaky serişdeleriň hasabynda tölenilýär.

## 8.4. Donor bolup durýan işgärler üçin kepillikler

«Ganyň donorlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda «Ganyň ýa-da onuň düzüm bölekleriniň donory, öz ganyny ýa-da onuň düzüm böleklerini meýletin tabşyrýan adam» [37].

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 156-njy maddasyna laýyklykda ***donor bolup durýan işgärler üçin şu aşakdaky kepillikler*** göz öňünde tutulýar:

1) gan we onuň düzüm birlikleri tabşyrylýan gününde, şeýle hem şonuň bilen baglanyşykly lukmançylyk gözegçiliginden geçýän işgär **şol gün işden boşadylýar;**

2) eger gan we onuň düzüm birlikleri **tabşyrylýan gününde işgär işe çykan bolsa,** iş beriji bilen işgäriň arasyndaky ylalaşyk boýunça işgäriň islegine görä, oňa **başga dynç güni berilýär;**

3) gan we onuň düzüm birlikleri tabşyrylan her bir günden soň **işgäre goşmaça dynç güni berilýär.** Görkezilen dynç güni işgäriň islegine görä her ýylky esasy rugsada goşulyp bilner ýa-da gan we

145.0 x 215.0 mm

onuň düzüm birlikleri tabşyrylan gününden soňra senenama ýylynyň dowamynda başga wagtda peýdalanylyp bilner;

4) iş beriji işgäre gan tabşyran we şonuň bilen baglanyşykly berlen dynç günleri üçin onuň ortaça zähmet hakyny saklaýar.

Ganyň we gan önümleriniň durnukly goruny döretmek, ilatymyzy we bejeriş-öňüni alyş edaralaryny gan we gan önümleri bilen bökdençsiz üpjün etmek hem-de gan tabşyryjylary höweslendirmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 18-nji martyndaky çykaran Kararyna laýyklykda 2013-nji ýylyň 1-nji aprelinden başlap tabşyrylan gan we onuň düzüm birlikleri üçin pul tölegleriniň hem-de gan tabşyrylan güni gan tabşyryjylaryň naharlanmagynyň bahasynyň möçberi baradaky tassyklanan maglumatlar 8.2-nji tablisada görkezilendir [38].

*8.2-nji tablisa*

**Tabşyrylan gan we onuň düzüm birlikleri üçin pul tölegleriniň hem-de gan tabşyrylan güni gan tabşyryjylaryň naharlanmagynyň bahasynyň möçberi**

| | |
|---|---|
| Işjeň donorlara ganyň tabşyrylmagy üçin (0,5 *litr* üçin hasapdan) | 120 *manat* |
| Plazmaferez usuly bilen taýýarlanan we izoimmun donorlardan alnan plazma üçin (0,5 *litr* üçin hasapdan) | 168 *manat* |
| Immunlaşdyrma tapgyrynyň geçirilmegi üçin | 9 *manat* |
| Ganyň barlanylmaga alynmagy üçin (10 *ml*) | 3 *manat* |
| Ganyny tölegli tabşyran donorlaryň naharlanmagy üçin | 18 *manat* |
| Ganyny mugt tabşyran donorlaryň naharlanmagy üçin | 21 *manat* |

## 8.5. Aýratyn zähmet şertleri bolan işlere goşmaça hak bellemek

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 122-nji maddasyna laýyklykda, **aýratyn zähmet şertleri bolan işlere goşmaça hak bellenilýär.**

Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde, agyr ýa-da aýratyn howa şertleri bolan ýerlerdäki işlerde (suwsuz, çöllük), şeýle hem göçme we (ýa-da) gatnaw häsiýeti bolan işlerde işgärleriň şeýle şertlerde işleýändikleri üçin **aýlyk wezipe hakyna (aýlygyna) goşmaça hak bellenilýär.** Onuň möçberi we tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

Aýlyk wezipe haky (aýlyk) goşmaça hakyň bellenilmegine hukuk berýän aýratyn zähmet şertleri bolan işler, hünärler we wezipeler

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 176-njy maddasynyň ikinji bölegi̇nde göz öňünde tutulan sanaw bilen kesgitlenilýär.

Şu Kodeksiň 176-njy maddasynda zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan işlerde işleýän işgäriň hünär pensiýasyna, goşmaça haka, bejeriş-öňüni alyş iýmiti, süýt ýa-da deň gymmaty bolan azyk önümleri bilen tölegsiz üpjün edilmegine, zähmet şertleri boýunça tölegli arakesmelere, gysgaldylan iş gününe, goşmaça rugsada, şeýle hem beýleki öwezini dolmalara bolan hukuklary kesgitlenilýär.

Zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan işleriň, hünärleriň we wezipeleriň sanawy kärhanalardaky iş orunlarynyň hünär synaglarynyň netijesinde degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we kärdeşler arkalaşygynyň guramalary tarapyndan bilelikde işlenip taýýarlanylýar hem-de ýörite ygtyýarly edilen edara bilen ylalaşmak arkaly ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan tassyklanylýar.

Hünär pensiýasyna hukuk berýän (pensiýa çykýan ýaşynyň kemeldilýän ýyllary görkezilip) zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertleri bolan işleriň, hünärleriň we wezipeleriň (şol sanda geçen döwürdäkileriň) sanawy Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 17-nji maýyndaky çykaran Karary bilen tassyklanan «Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde goşmaça hak bellemegiň we tölemegiň tertibine» laýyklykda aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde işleýänleriň aýlyk wezipe hakyna (aýlygyna) goşmaça hak işleriň zyýanlylyk we agyrlyk derejelerine baglylykda 2, 4, 6, 8, 10 ,12% möçberlerde bellenýär.

Aýratyn zähmet şertleri bolan işleriň, kärleriň we wezipeleriň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kesgitlenýär.

Goşmaça hakyň möçberleri bilen bilelikde zähmet şertlerini gowulandyrmak boýunça çäreler hem köpçülikleýin şertnama girizilýär.

Goşmaça hak diňe aýyň dowamynda aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde hakyky işlenen günler üçin tölenýär.

Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde bellenýän goşmaça hak öwezini dolma tölegi hasaplanýar we ol rugsadyň töleginiň, wagtlaýyn zähmet ukypsyzlygy boýunça döwlet kömek pulunyň hem-de beýleki tölegleriň möçberleri hasaplananda, ortaça zähmet hakynyň hasaplamasyna goşulýar.

145.0 x 215.0 mm

Şu Tertip guramaçylyk-hukuk we eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, edaralar, kärhanalar we guramalar, şol sanda daşary ýurtlaryň edara görnüşli taraplary, olaryň şahamçalary, wekillikleri, şeýle hem edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýanlar (iş berijiler) tarapyndan ýerine ýetirilmäge degişlidir [39].

## 8.6. Döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda işgärler üçin kepillendirmeler

Eger Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça borçlar iş wagtynda amala aşyrylyp bilinýän bolsa, onda işgärlere döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende, iş ýeriniň (wezipesiniň) we ortaça zähmet hakynyň saklanmagy kepillendirilýär [18; 145-nji madda].

Şu aşakdaky döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary iş wagtynda ýerine ýetirilende, ýagny:

– saýlaw hukugy amala aşyrylanda;

– deputatlyk ygtyýarlyklary amala aşyrylanda;

– welaýat, etrap we şäher halk maslahatynyň agzalarynyň, şeýle hem Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklary amala aşyrylanda;

– Türkmenistanyň Mejlisiniň sessiýalaryna, Geňeşleriň maslahatlaryna gatnaşmagy, döwlet edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri tarapyndan çagyrylýan gurultaýlara, plenumlara, konferensiýalara wekiller (delegatlar) hökmünde gatnaşmagy, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki wezipeler ýerine ýetirilende;

– anyklaýyş, deslapky derňew edaralaryna, prokuratura ýa-da kazyýete çagyrylmagy boýunça şaýat, ejir çeken, bilermen, hünärmen, terjimeçi, güwä hökmünde barmagy, şeýle hem kazyýetiň mejlislerine halk oturdaşlary, jemgyýetçilik birleşikleriniň we zähmet toparlarynyň wekilleri hökmünde gatnaşylanda;

– köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde gepleşiklere gatnaşmak, olar bolmadyk mahalynda bolsa, köpçülikleýin gepleşikleriň taraplarynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça gatnaşylanda;

– kärdeşler arkalaşyklarynyň edaralary tarapyndan agzalar hökmünde ýerli häkimiýet edaralarynyň ýanyndaky toparlaryň we HMAT-niň işine gatnaşylanda;

145.0 x 215.0 mm

– meýletin ýangyna garşy toparlaryň agzalary ýangynyň ýa-da heläkçiligiň ýok edilmegine gatnaşanda;

– Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen beýleki ýagdaýlarda döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlary ýerine ýetirilende ortaça zähmet haky we iş ýeri (wezipesi) saklanylýar.

Döwlet we jemgyýetçilik edaralaryndaky saýlawly wezipelere saýlanmagy netijesinde işden boşadylan işgärlere saýlawly wezipesi boýunça olaryň ygtyýarlyklary gutarandan soňra, olaryň öňki işi (wezipesi), şeýle hem olar bolmadyk mahalynda, şol kärhanada ýa-da işgäriň razylygy bilen beýleki kärhanada şoňa kybapdaş iş (wezipe) berilýär.

Işgärleriň başga ýere işe geçirilende, kabul edilenligi ýa-da iberilenligi bilen edilen çykdajylarynyň öwezini dolmaga we beýleki öwezini dolmalary almaga hukugy bardyr.

Işgärler başga işe geçirilende, eger munuň özi başga ýere göçmek bilen baglanyşykly bolsa, şu aşakdakylar tölenilýär:

1) işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň ýol kireýi;

2) emlägini daşamak boýunça çykdajylar;

3) işgäriň we onuň maşgala agzalarynyň täze iş ýerine barýan ýoluna geçilen döwür üçin gündelik harjy;

4) ýola taýýarlanmak we täze ýaşaýan ýerinde ýerleşmek üçin gerek bolan günlere zähmet haky, ýöne ol alty günden köp bolmalydäldir, şeýle hem onuň ýolda bolan wagty üçin;

5) işgäre we onuň bilen gidýän maşgalasynyň her bir agzasyna birwagtlaýyn berilýän kömek puly.

Başga ýere işe gidýän işgärlere işi kabul etmek boýunça (deslapky ylalaşyk boýunça) öwezini dolmalar tölenilýär we şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan kepillikler berilýär. Muňa birwagtlaýyn berilýän kömek puly tölegleri girmeýär. Şeýle kömek pul taraplaryň ylalaşygy esasynda şol işgärlere tölenip bilner.

Okuw mekdebini, aspiranturany, doktoranturany, kliniki ordinaturany tamamlap, guramaçylykly toplum ýa-da jemgyýetçilik çagyryşy tertibinde başga ýere işe iberilmegi sebäpli gidýän adamlara kepillikler we öwezini dolmalar, şeýle hem Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň 148-nji maddasynyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen adamlara öwezini dolmalaryň möçberleri, olary tölemegiň ter-

145.0 x 215.0 mm

tibi we kepillikler bermek Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär [18].

Işgäriň jemgyýetçilik bähbitleri üçin hereketi amala aşyran (heläkçiligiň, tebigy betbagtçylyklaryň netijeleriniň ýok edilmegi, adamyň halas edilmegi we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda) döwründe onuň iş ýeri (wezipesi) we ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

Harby borjuny ýerine ýetirmek üçin çekilýän işgärlere Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda göz öňünde tutulan kepillikler we ýeňillikler berilýär.

Oýlap tapyşlaryň ýa-da täzeçillik tekliplериниň awtorlaryna şol kärhanada oýlap tapyşy ýa-da rasionalizatorlyk teklibini ornaşdyrmak boýunça esasy işinden boşadylanda, ortaça zähmet haky saklanyp galýar.

Oýlap tapyş ýa-da rasionalizatorlyk teklibi başga kärhanada ornaşdyrylan halatynda, işgärlere hemişelik iş ýeri boýunça wezipesi saklanyp galýar, oýlap tapyşy ýa-da täzeçillik teklibini ornaşdyrmak boýunça işi hemişelik iş ýeri boýunça ortaça zähmet hakyndan pes bolmadyk möçberde taraplaryň ylalaşygy boýunça tölenilýär. Iş berijiniň işgärlere degişli ulag serişdelerini, enjamlary, gurallary we abzallary ulanmaga hukugy bardyr. Olaryň peýdalanylandygy üçin öwez pullarynyň möçberi we olary tölemegiň tertibi işgär bilen ylalaşyk boýunça kesgitlenilýär.

Başga iş berilmegine mätäçlik çekýän işgär lukmançylyk netijenamasy esasynda başga hemişelik pes hak tölenýän işe geçirilende, onuň öňki ortaça zähmet haky bir aýyň dowamynda saklanýar, zähmet maýyplygy, hünär keselligi ýa-da iş bilen baglanyşykly saglygyna ýetirilen başga zeper zerarly başga işe geçirilende bolsa oňa zähmete ukyplylygynyň durnukly hünär ukybyny ýitirendigi bellenilýänçä ýa-da işgär doly sagalýança saklanylýar.

Önümçilikde betbagtçylykly ýagdaý ýa-da hünär keseli netijesinde işgäriň saglygyna zeper ýetende ýa-da işgär aradan çykanda işgäre (onuň maşgalasyna) ýitiren zähmet hakynyň (girdejisiniň), şeýle hem saglygyna zeper ýetenligi bilen baglanyşykly lukmançylyk, durmuş we hünär taýdan saglygyny dikeltmek üçin goşmaça çykdajylar ýa-da işgäriň aradan çykmagy bilen baglanyşykly degişli çykdajylar tölenilýär.

Işgärlere berilýän kepillikleriň we öwezini dolmalaryň görnüşleri, möçberleri we şertleri görkezilen halatlarda Türkmenistanyň Zähmet kodeksi we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan kesgitlenýär.

Ýitiren zähmet hakynyň we (ýa-da) goşmaça çykdajylaryň öwezini dolmak kärhanalarda öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar, býujetiň hasabyna saklanýan kärhanalarda şolary saklamak üçin, göz öňünde tutulan çykdajylaryň sanawyndaky serişdeleriň hasabyna tölenilýär.

Iş beriji tarapyndan işgär işden aýrylmak şerti bilen hünärini ýokarlandyrmaga iberilende, oňa öňki iş ýeri (wezipesi) we esasy iş ýeri boýunça ortaça zähmet haky saklanylýar. Hünärini ýokarlandyrmak üçin başga ýere işden boşadylyp iberilýän işgärlere, iş saparlaryna iberilýän adamlar üçin göz öňünde tutulan tertipde we möçberlerde iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylaryň tölegi geçirilýär.

*Önümçilikden aýrylmak şerti bilen* orta okuw hünär mekdeplerinde we ýokary okuw mekdeplerinde, aspiranturada we doktoranturada okaýan adamlara **öňki iş ýeri saklanylýar.**

*Kärhananyň eýesiniň çalyşmagy bilen baglanyşykly* kärhananyň ýolbaşçysy, onuň orunbasarlary we baş hasapçysy bilen zähmet şertnamasy bes edilende, kärhananyň täze eýesi görkezilen işgärlere üç aýlyk ortaça zähmet haky möçberinde öwezini doluş tölegini tölemäge borçludyr.

# IX BAP. ZÄHMET GÖRKEZIJILERI WE OLARYŇ SELJERILIŞI

## 9.1. Zähmet görkezijileriniň ulgamy we olaryň ähmiýeti

Önümçiligi dolandyrmagyň dürli derejelerinde zähmet görkezijileriniň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Olar:

1. Ykdysadyýetiň pudaklarynda işleýänleriň düzümi we sany;
2. Işgärleriň sanynyň görkezijileri;
3. Işe kabul etmek we işden boşatmak boýunça işgärleriň sanynyň hereketiniň görkezijileri;
4. Iş wagtynyň görkezijileri;

5. Zähmet öndürijiliginiň görkezijileri;

6. Zähmetiň şertleri we oňa baha bermek;

7. Zähmeti guramagyň derejesiniň görkezijileri;

8. Kärhanada zähmet potensialynyň peýdalanylyşynyň görkezijileri;

9. Zähmete hak tölemegiň görkezijileri;

10. Ilatyň durmuş derejesiniň görkezijileri.

Her bir önümçilik kärhanasynyň zähmet görkezijileri özara baglanyşykly 2 sany topara bölünýär:

1. Direktiw (uzakmöhletleýin) zähmet görkezijileri;

2. Önümçiligiň içindäki (gündelik hasaplanylýan) görkezijiler.

***Direktiw zähmet görkezijileri*** ýokary döwlet guramalary, ýagny Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, degişli ministrlikler, pudak edaralary tarapyndan kesgitlenilýär. Şeýle görkezijiler diňe ony kesgitlän gurama tarapyndan üýtgedilip bilner. Şol bir wagtda direktiw zähmet görkezijileri önümçilik kärhanalarynyň teklibi boýunça ýokarlandyrylyp ýa-da peseldilip bilner.

***Önümçiligiň içindäki görkezijiler*** direktiw görkezijilerden ugur alnyp kärhanalarda hasaplanylýar. Mysal üçin, işgärleriň ortaça zähmet haky kesgitlenen zähmet haky gaznasynyň işgärleriň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Önümçiligiň esasy görkezijisi öndürilen önümiň göwrümi bolup durýar. Öndürilen önümiň göwrüminiň indeksi ($I_{öö}$) şu aşakdaky ýaly kesgitlenilýär:

$$I_{öö} = I_{is} \cdot I_{zö},$$

bu ýerde $I_{is}$ – işgärleriň sanynyň indeksi, $I_{zö}$ – zähmet öndürijiliginiň indeksi.

Öndürilen önümiň göwrümi işgärleriň sanynyň artdyrylmagynyň hasabyna ýa-da zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagynyň hasabyna artdyrylyp bilner. Şunda işgärleriň sanynyň artdyrylmagy ekstensiw ýoly häsiýetlendirýän bolsa, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy intensiw ýol hasaplanylýar. Kärhanalar üçin köp halatlarda ikinji, ýagny intensiw usul amatly hasap edilýär.

Direktiw we önümçiligiň içindäki zähmet görkezijileriniň özara baglanyşykly bolşy ýaly, olar kärhananyň beýleki önümçilik-hojalyk görkezijileri, durmuş ösüşi bilen hem baglanyşyklydyrlar.

145.0 x 215.0 mm

Kärhanada bar bolan önümçilik kuwwatyny rejeli peýdalanmak, esasy meseleleriň biri bolup durýar. Önümçiligi täze, öňdebaryjy tehnologiýalar, döwrebap enjamlar bilen üpjün etmek zerurdyr. Şeýle ýagdaýda täze tehnologiýalar, enjamlar üçin kärhana öz serişdelerini ulanmaly bolýar. Önümçilik kuwwatyny rejeli peýdalanmakda hem zähmet görkezijileriniň orny uludyr. Hususan-da, önümçiligiň elementleri bolan «zähmet serişdesi - zähmet predmeti - işçi güýji» ýaly baglanyşykda esasy, aýgytlaýjy orun janly zähmete, ýagny işçi güýjüne degişli bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, maşynlaryň, enjamlaryň, agregatlaryň netijeli işlemegi olaryň çalşyk koeffisiýenti arkaly häsiýetlendirilýär. Enjamyň ulanylyşynyň çalşyk koeffisiýenti maşyn parkynyň fiziki ululykda aňladylan sanyny has köp çalşykda işledilen maşynlaryň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär, ýöne bu görkeziji enjamyň, maşyn kuwwatlylygynyň näderejede netijeli peýdalanylandygyny aňlatmaýar. Enjamyň, maşynyň çalşyk koeffisiýenti diňe şol enjamyň bir günüň dowamynda işledilen wagtyny görkezýär. Enjamyň kuwwatlylygynyň her çalşykdaky ulanylyşyny bolsa çalşyk iş wagtynyň ulanylyşyny öwrenmek arkaly kesgitlemek bolar. Mysal üçin, eger stanokçynyň iş gününiň balansynda dessin (operatiw) wagtyň paýy 70-80% bolan bolsa, onda bu enjamyň çalşygyň dowamynda 20-30% wagty boş durandygyny aňladýar.

## 9.2. Zähmet görkezijileriniň seljerilişi

Bazar ykdysadyýetine geçmek we önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak halk hojalygyny dolandyrmagyň kämilleşdirilmegini talap edýär. Dolandyryşyň ylmy derejesi kärhanalarda seljeriş işleriniň ösmegini göz öňünde tutýar.

Islendik ýurduň ykdysady we durmuş ösüşiniň ýokarlanmagynda ykdysady seljermäniň ähmiýeti uludyr. Ykdysady seljerme iş ýerinden başlap tutuş halk hojalyk derejesine çenli alnyp barylýar.

Ykdysady seljermäniň **esasy maksady** dessin (operatiw), buhgalteriýa, statistika hem-de hasabat maglumatlaryny ulanyp, kärhananyň ýa-da pudagyň hojalyk ýagdaýynyň ösüş ugurlaryny we kanunalaýyklygyny kesgitlemekden ybaratdyr. Kärhananyň işlerini

145.0 x 215.0 mm

seljermek ykdysady we statistika maglumatlaryny ýygnamak hem-de taýýarlamak bilen kärhanany dolandyrmak boýunça kabul edilýän çözgütleriň arabaglanyşygyny üpjün edýär.

**Ykdysady seljermäniň usullary** önümçilik gatnaşyklaryny hem-de hojalygy dolandyrmagyň mehanizmlerini kämilleşdirmekde ulanylýar. **Kärhananyň ykdysady ýagdaýlarynyň dogry seljerilmegi** döwletiň, kärhananyň we her bir işgäriň bähbitlerini utgaşdyrmaga mümkinçilik berýär.

Hojalyk ýolbaşçylary, kärhanalaryň ykdysady we tehniki gulluklary ykdysady seljermäniň usullaryny önümçilik meselelerini çözmekde, önümçiligiň içindäki ösüş mümkinçiliklerini ýüze çykarmakda we ulanmakda, zähmetiň netijelerine baha bermekde, maddy taýdan höweslendirmegi esaslandyrmakda giňden ulanýarlar.

Kärhanada dolandyryş işlerini netijeli alyp barmak üçin, işgärleriň ykdysady seljermäniň usullaryny bilmegi we seljerme geçirmäge endik etmekleri zerurdyr, sebäbi bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde kärhanalaryň, pudagyň, halk hojalygynyň ykdysady ýagdaýlaryna tutuşlaýyn seljerme geçirmegiň ähmiýeti artýar. Kärhanalarda umumy ykdysady, tehniki-ykdysady, durmuş-ykdysady, ykdysady-hukuk we ykdysady-ekologiýa seljermeleri geçirilýär. Kärhanada ýa-da pudakda seljerme geçirmek diňe bir ykdysady ýagdaýy däl, eýsem, önümçiligiň tehniki tarapyny hem-de durmuş we tebigy şertlerini öwrenmegi göz öňünde tutýar. Kärhanalarda ulgamlaýyn ykdysady seljerme geçirmek önümiň mukdarynyň, düzüminiň we hiliniň seljermesini, tehniki we guramaçylyk ösüşiň seljermesini, önümiň özüne düşýän gymmatynyň we girdejiniň seljermesini öz içine alýar. **Zähmet görkezijileriniň seljermesi ykdysady seljermäniň bir bölegi bolmak bilen, onuň esasy wezipelerine kärhanada zähmetiň guralyşyny, iş wagtynyň ulanylyşyny, el zähmetiniň, agyr fiziki zähmetiň derejesini seljermek degişlidir.** Şeýlelikde, zähmet görkezijilerini seljermek kärhanalarda önümçilik we hojalyk işleriniň hem-de durmuş ýagdaýlarynyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmäge ýardam edýär.

**Zähmeti ulanmakda we zähmet hakyny guramakda seljermäniň esasy wezipelerine şular degişli:**

1. Işçi güýjüni netijeli peýdalanmakda olaryň sanyny, düzümini, hünärmenlik derejesini barlamak, medeni-tehniki derejesini ýokarlandyrmagyň ýollaryny öwrenmek;

2. Iş wagtynyň ulanylyşy hakyndaky maglumatlary seljermek we iş wagtyny doly hem-de netijeli peýdalanmak üçin guramaçylyk çärelerini düzmek, işçi güýjüniň hereketini we zähmet düzgün-nyzamynyň ýerine ýetirilişini öwrenmek;

3. Zähmet öndürijiligi seljerilende, zähmet öndürijiliginiň derejesini kärhana boýunça kesgitlemek;

4. Zähmet haky seljerilende, zähmete hak tölemekde ulanylýan görnüşleriň we ulgamlaryň esaslandyrylyş derejesini, ortaça zähmet hakynyň möçberini kesgitlemek;

5. Goşmaça hak we baýrak tölemegiň netijeliligini kesgitlemek, zähmet hakynyň ösüş depginlerini barlamak we onuň zähmet öndürijiligi bilen arabaglanyşygyny seljermek, zähmet hakynyň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda, işiň netijeliligini artdyrmakda bar bolan ösüş mümkinçiliklerini ýüze çykarmak.

**Ykdysady seljeriş geçirilende, dürli usullardan peýdalanylýar:**

1. Derňew usuly;

2. Maglumatlary deňeşdirmek usuly.

***Derňew usulynda*** *esas hökmünde meýilnamalaşdyrylan görkezijiler ulanylýar*. **Maglumatlary deňeşdirmek usulynda** bolsa bir görnüşli kärhanalaryň ýa-da önümçiligiň hakyky görkezijileriniň iň laýyygy kabul edilýär. **Kähalatlarda derňew we maglumatlary deňeşdirme usullaryny garyşdyrýarlar, ýöne olaryň arasynda tapawutlaryň bardygy aýratyn bellärliklidir. Deňeşdirme usulynda** zähmet görkezijilerine san taýdan baha berilýär. **Maglumatlary deňeşdirmek usulynda** bolsa hil häsiýetleri göz öňünde tutulyp, san ululyklaryna baha berilýär.

*Maglumatlary deňeşdirmek usuly:*

– kärhananyň önümçilik tabşyrygynyň esaslandyryş derejesine baha bermäge;

– zähmet potensialynyň peýdalanylyşyny kesgitlemäge;

– önümçiligiň tehniki üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagynyň, zähmet şertleriniň gowulanmagynyň, tehnologiýanyň kämilleşmeginiň durmuşy netijelerine baha bermäge mümkinçilik berýär.

Kärhananyň netijeliliginiň esasy görkezijileriniň biri zähmet potensialynyň peýdalanylyşy bilen baglanyşyklydyr. Zähmet potensialynyň peýdalanylyş derejesi iş wagtynyň üsti bilen kesgit-

lenilýär. Iş wagtynyň ulanylyşynyň seljermesi hasabat tabelleriniň, iş wagtyndan daşary işlenilen we boş durmalar hakyndaky maglumatlaryň kömegi bilen geçirilýär.

Zähmet potensialynyň peýdalanylyşyny seljermek çalşygyň wagtynyň peýdalanylyşyny öwrenmekden, gündelik boş durmalaryň, sebäpsiz işe gelmezlikleriň, ýarawsyzlygy sebäpli iş wagtynyň ýitgileriniň, administrasiýadan rugsatly işe gelmezlikleriň ululygyny kesgitlemekden başlanýar. Şu maglumatlar Türkmenistanyň Statistika baradaky Döwlet komitetiniň 2015-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 67-nji belgili buýrugy bilen tassyklanan statistiki hasabatyň №1-z (aýlyk) görnüşinde bellenilýär. Köp halatlarda işe çykmazlyk, işe ukyplylygyň wagtlaýyn ýitirilmegi bilen bagly bolýar.

Gündelik boş durmalaryň seljermesi olaryň bolmagyna getirýän sebäpleriň her biri üçin aýratynlykda geçirilýär.

Ýolbaşçynyň rugsady boýunça ýitgiler seljerilende, olaryň esasy sebäplerine we dowamlylygyna üns berilýär.

Işe çykmazlygyň sebäplerine görä, iş wagtynyň ýitgileri seljerilende, işe çykmaýanlaryň jynsy, ýaşy, käri, iş döwri, bilim derejesi öwrenilýär. Işçileriň işe çykmazlygy sebäpli ýitgileriň köp bolmagy kärhanada zähmet düzgün-nyzamynyň gowşaklygyny görkezýär.

Önümçilikde iş wagtynyň ýitgileri, köplenç, önümçilik şikesleri we hünär keselleri sebäpli bolýar. Şu sebäplere görä ýitgiler köp halatlarda zähmet şertleriniň oňaýsyzlygy we onuň ýaramaz guralyşy bilen düşündirilýär. Zähmet şertleriniň işçileriň we gullukçylaryň önümçilikde kesellemeklerine edýän täsiri olaryň wagtlaýyn işe ukypsyzlygy hakynda taýýarlanylan hasabat maglumatlary esasynda öwrenilýär. Şu maglumatlar Türkmenistanyň Statistika baradaky Döwlet komitetiniň 2014-nji ýylyň 15-nji noýabryndaky 72-nji belgili buýrugy bilen tassyklanan №7-öş görnüş «Wagtlaýyn işe ýarawsyzlyk we önümçilikde şikes ýetmeklik barada hasabaty» esasynda seljerilýär, şeýle hem seljerme geçirilende, saglygy goraýyş edaralarynyň maglumatlary ulanylýar.

№7-öş görnüş boýunça hasabata kärhanada işini ýerine ýetirende, önümçilikde işgärler, gullukçylar, daýhanlar iş tejribesini geçende, okuwçylar we talyplar, kooperatiwleriň (ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk esasynda ýöredilýän edaralaryň) işgärleri we beýleki adamlar bilen bolup geçen betbagtçylykly ýagdaýlar barada maglumatlar goşulýar.

145.0 x 215.0 mm

Aşakda görkezilen **betbagtçylykly ýagdaýlar hasaba almaga degişlidir:**

1) şikes ýetmeler, bir iş çalşygynda köp bolmadyk wagtyň dowamynda zyýanly önümçilik delillerinden soň ýüze çykan hünär bilen baglanyşykly ýiti keseller, zäherlenmeler, gün urmasy, ýanmak, sowuk almak, gark bolmak, ýyldyrym urmak, haýwanlar we mör-möjekler bilen aragatnaşygyň netijesinde zyýan ýetmegi, şeýle hem zähmet borçlaryny ýerine ýetirende (şol sanda iş sapary wagty), tebigy betbagtçylykda (ýertitremesi, süýşgün, suw almak, tupan we ş.m.) ýeten başga zyýanlar, şeýle hem administrasiýanyň tabşyrygy bolmasa-da kärhananyň bähbitleri üçin haýsy hem bolsa bir hereket amala aşyrylanda, zyýan ýetmegi;

2) kärhananyň ulagynda, şertnama (sargyda) laýyklykda başga guramanyň ulagynda işe barýarka ýa-da işden gelýärkä ýolda;

3) bellenen arakesmeleri goşmak bilen, kärhananyň çäginde ýa-da başga iş ýerinde; iş başlamanka ýa-da tamamlananda önümçilik gurallaryny, egin-eşigi we ş.m. tertibe getirmek üçin zerur bolan wagtyň dowamynda;

4) ýowar geçirilýän wagty, onuň geçirilýän ýerine garamazdan, kärhana tarapyndan şeflik kömegi berlen wagty;

5) önümçilik obýektlerinde, enjamlarda heläkçilikli ýagdaýlarynda;

6) ulag serişdesinde, wahta şäherçesiniň çäginde çalşyk dynç alşyndaky işgär (ýolbelet, refrižerator toparynyň işgäri, sürüji-çalşykçy, deňiz we derýa gämileriniň işçileri, şeýle hem wahta-ekspedisiýa usuly bilen işleýänler) we beýlekiler bilen;

7) iş wagty jemgyýetçilik ulagynda ýa-da işi hyzmat edilýän obýektleriň arasyndaky hereket bilen baglanyşykly bolan işgär bilen pyýada barýarka, şeýle hem administrasiýanyň tabşyrygy boýunça iş ýerine barýarka.

Kärhanalarda hereket edýän kooperatiwleriň agzalary bilen bolup geçen betbagtçylykly ýagdaýlary hasaba almak olaryň döredilen kärhanasynda ýöredilýär. №7-öş görnüş boýunça hasabatda döwlet kärhanalarynyň, şeýle hem şol kärhanada döredilen kooperatiwleriň işgärleriniň betbagtçylykly ýagdaýlarda ejir çekenleri barada jemi maglumatlar görkezilýär.

9. Sargyt № 1975

145.0 x 215.0 mm

Betbagtçylykly ýagdaýlaryň maddy täsirleri pul serişdeleriniň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Oňa has ýeňil işe geçirilende, öňki iş hakyna çenli goşmaça tölegler, zähmete ukypsyzlyk haty boýunça tölegler, bozulan enjamlaryň, gurallaryň we serişdeleriň nyrhy, ýumrulan jaýlaryň, desgalaryň gymmaty we beýleki çykdajylar goşulýar.

Zyýanly we agyr zähmet şertleri bolan iş ýerlerinde işçileriň kesellemekleriniň seljermesi oňaýly zähmet şertlerinde işleýänleriňki bilen deňeşdirmek arkaly geçirilýär. Şeýle seljerme hünär keselleri sebäpli iş wagtynyň ýitgilerini kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Hünär keselleriniň häsiýeti we derejesi önümçiligiň takyk şertlerine, önümçilik şikesi bolsa ýaramaz zähmet şertlerine bagly bolýar.

Ýokarda agzalan maglumatlaryň esasynda önümçilik sebäpli ýitirilen iş wagtyň ululygy kesgitlenýär. Zähmet şertleriniň gowulandyrylmagy hünär keselleriniň azalmagyna we zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getirýär.

*Iş wagtynyň, iş gününiň we janly zähmetiň* arasynda özara baglanyşyk bardyr. Iş wagty: minut, sagat, gün ölçeg birliklerinde aňladylýan zähmetiň sarp edilişiniň jemgyýetçilik ölçegi bolup durýar. Bir önümi öndürmek üçin sarp edilýän wagt, önümiň zähmet sarp edijiligini aňladýar. Iş wagtynyň bu görnüşi wagty tygşytlamak kanunynyň kesgitlenilýän pursadynda esas bolup durýar, sebäbi her bir jemgyýet zerur önümleri az zähmeti sarp edip öndürmäge ymtylýar.

**Iş wagty 3 sany özara baglanyşykly ölçeglerde öz beýanyny tapýar.** Olar:

1. *Zähmetiň sarp edilişiniň tebigy ölçegi;*
2. *Harydyň gymmatynyň ölçegi;*
3. *Iş gününiň ululygynyň ölçegi.*

Zähmetiň depgini onuň dartgynlylygyny, işgäriň akyl we muskul energiýasyny sarp ediş derejesini häsiýetlendirýär. Ol wagt birligindäki sarp edilýän zähmet bilen kesgitlenilýär.

Zähmetiň kadaly intensiwligi diýip, *birinjiden* – iş wagtynyň doly we ýokary öndürijilikli ulanylmagyny üpjün edýän, *ikinjiden*

145.0 x 215.0 mm

– adam bedeniniň kadaly ýaşaýşa ukyplylygyny, ýagny işden soňky wagtda doly dikeldip biljek akyl, nerw we fiziki energiýasyny sarp etmegini üpjün edýän intensiwlige düşünilýär.

**Iş wagty** diýlip, işgärleriň bellibir wagtyň dowamynda fiziki we nerw energiýalaryny isleg ödeýiş gymmatyny döretmek üçin ulanyp, jemgyýetçilik tarapyndan gurnalan zähmete gatnaşýan wagtyna aýdylýar. Bu görkezijiniň Türkmenistanyň Zähmet kodeksine laýyklykda düzgünleşdirilişi şu okuw kitabynyň 6.1-nji bölüminde getirilýär.

Iş wagtynyň ulanylyşynyň derejesini seljermek, onuň ýerliksiz harçlanmagynyň öňüni almak, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin geçirilýär.

Zähmet düzgün-nyzamynyň berjaý edilişiniň ýokarlanmagy iş wagtynyň ýitgilerini azaltmagyň ýollarynyň esasylarynyň biri bolup durýar.

Iş wagtynyň ýitgileriniň azaldylmagy bilen zähmet öndürijiliginiň derejesiniň üýtgemeginiň arasyndaky baglanyşyk birnäçe ugurlar boýunça ýüze çykýar. Iş wagtynyň ýitgilerini azaltmak iş wagtyny rejeli we öndürijilikli ulanmak arkaly wagt birliginde öndürilýän önümiň mukdaryny artdyrmaga ýa-da önüm birligini öndürmäge sarp edilýän wagty azaltmaga ýardam edýär. Ýitgileriň ýok edilmegi iş gününiň dowamynda deňagramly, endigan işiň alnyp barylmagy bilen zähmet öndürijiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün edýär.

Ýitgileri ýok etmän zähmetiň depginliliginiň derejesini gazanmak mümkin däldir. Zähmet prosesindäki ýerliksiz arakesmeler we iş wagtynyň beýleki ýitgileri diňe bir janly zähmetiň däl-de, eýsem, önümçilik serişdelerinde jemlenen geçen zähmetiň hem peýdasyz sarp edilmegini aňladýar. Bularyň hemmesi bolsa jemgyýetçilik zähmetiniň öndürijiligine öz täsirini ýetirýär.

***Zähmet öndürijiliginiň ösüşi*** diýlip, önüm birligini öndürmek üçin jemgyýetçilik zerur bolan wagty gysgaldýan zähmet prosesindäki her dürli üýtgemelere düşünilýär. Zähmet prosesindäki delilsiz arakesmeler onuň öndürijiligine, zähmetiň depgininiň jemgyýetçilik kadaly derejesinden peselmegine we işçi güýçleriniň öndüriji-

liksiz sarp edilmegine täsir edýär. Iş wagtynyň ýitgileri onuň bellibir wagtda önümleriň mukdarynyň kemelmegine getirýär. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy zähmetiň depgininiň artdyrylmagy ýa-da işçi güýjüniň öndürijiliksiz ulanylyşynyň kemeldilmegi arkaly üpjün edilýär.

***Iş wagtynyň býujetini*** giňeltmek diýlip, iş gününi uzaltmaga düşünilmän, onuň has doly ulanylmagyna, ýagny gysgaldylan iş günündäki iş wagtynyň gaznasynyň köpelmegine düşünilýär. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän bu faktor hemişelik hereket edýär, sebäbi iş wagtynyň ýitgileri her günde ýüze çykarylýar we hakyky netijelere getirýär.

**Zähmet görkezijileriniň seljermesi** tehniki-tehnologik kuwwata baha bermäge, tehnikanyň ulanylyşynyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga ýardam berýär.

Zähmet predmetleriniň ulanylyşynyň derejesi önümiň özüne düşýän gymmatyna, peýdanyň ululygyna täsir edýär, şeýle hem çig mallaryň, serişdeleriň rejesiz peýdalanylmagy diňe olaryň saklanylyşyna, sarp ediliş kadasyna, tehnologik galyndylaryň ululygyna bagly bolman, eýsem, zähmet potensialynyň hiline, işleýänleriň hünär, kär derejesiniň önümçiligiň talaplaryna laýyk gelmezligi bilen hem baglydyr.

Eger önümçilikde işgäriň hünärini ýokarlandyrmaga, öňdebaryjy tejribeleri ulanmaga ýeterlik üns berilmese, onda şol ýerde hem zaýalanan (brak) önümiň paýy ýokary bolýar.

Kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň ähli görkezijilerine şahsy faktorlar hem öz uly täsirini ýetirýär. Mysal üçin, zähmeti guramagyň toparlaýyn (brigadalaýyn) usulynyň giňden ornaşdyrylmagy, esasan hem, toplumlaýyn, ýöriteleşdirilen işgärler toparlarynyň (brigadalarynyň) döredilmegi önümçilik däl harajatlaryň we iş wagtynyň ýitirilmeginiň azalmagyna getirýär, şeýle hem toparlaýyn usul çalşygy tiz tabşyrmagyň hasabyna enjamlaryň netijeli ulanylmagyna şert döredýär. Enjamlary abatlaýyş işleri boýunça ýöriteleşdirilen işgärler toparynyň döredilmegi bolsa abatlaýyş işlerine harajatlaryň azalmagyna we şeýlelikde, önümiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine getirýär.

Kärhanada her bir dolandyryş çözgüdini kabul etmek öňki çözgütleriň netijeliligine baha bermekden başlanýar. Başgaça aýdylanda, dolandyryş çözgüdini kabul etmezden ozal kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň ykdysady seljermesini geçirmek möhümdir.

Zähmet görkezijileriniň seljermesi geçirilende, ozaly bilen, zähmetiň ulanylyşyna baha berilýär we ony gowulandyrmak boýunça çäreler işlenilip taýýarlanylýar.

**Zähmet görkezijileriniň seljermesiniň esasy wezipelerine şular degişlidir:**

1. Önümiň zähmet talap edijiligini peseltmek we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak boýunça meýilnamadaky göz öňünde tutulan tabşyryklaryň esaslandyrylyşyny çuňňur barlamak;

2. Meýilnamalaşdyrylan zähmet görkezijileriniň maddy we zähmet gorlary bilen üpjünçiligine baha bermek;

3. Zähmet meýilnamasynda göz öňünde tutulan tabşyryklaryň ýerine ýetirilişini we gyşarmalaryň sebäplerini barlamak;

4. Guramaçylyk-tehniki çäreleriň netijeliliginiň hasaplanylyşynyň dogrulygyny kesgitlemek we olaryň zähmet kadalarynda aňladylyşyna baha bermek;

5. Zähmeti guramagyň ýagdaýyna baha bermek;

6. Zähmet görkezijileriniň ulanylman galan mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, olaryň önümçiligiň göwrümine we önümiň özüne düşýän gymmatynyň peseldilmegine täsirini kesgitlemek;

7. Önümçiligiň şahsy faktorynyň ulanylyşyny gowulandyrmak boýunça işleriň netijeliligine baha bermek, zähmet potensialynyň düzümini, guramada sosial-psihologik klimaty seljermek;

8. Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek we meýilnamalaşdyrmak üçin zerur bolan maglumatlary toplamak;

9. Zähmet görkezijileriniň giň toplumy boýunça meýilnamalaşdyrylan tabşyryklary esaslandyrmak.

Zähmet görkezijileriniň seljermesini meýilnamalaşdyrmagyň esaslandyrylyşyny ýokarlandyrmaga, önümçilik-hojalyk işini dolandyrmagy kämilleşdirmäge niýetlenendir.

145.0 x 215.0 mm

# X BAP. IŞÇI GÜÝJI, ZÄHMET BAZARY WE ILATYŇ IŞ BILEN MEŞGULLYGY. ZÄHMET GORUNYŇ GÖRKEZIJILERI

## 10.1. «Işçi güýji», «Zähmet bazary» we «Ilatyň iş bilen meşgullygy» düşünjeleri we olaryň görnüşleri

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynyň «Ilatyň iş bilen üpjünçiligini netijeli guramak, işçi güýjüniň hilini ýokarlandyrmak we onuň bäsdeşlik ukybyny artdyrmak» atly 11.4.2-nji bölüminde «Iş bilen üpjünçilik ykdysadyýetiň esasy häsiýetnamasy we halkyň abadan ýaşamagynyň baş şertidir, iş üpjünçiliginiň derejesi bolsa möhüm makroykdysady görkeziji bolup çykyş edýär» diýip bellenilýär [14; sah. 324].

**«Işçi güýji»** düşünjesi zähmete ukyplylygy aňlatmak bilen, ol ykdysady taýdan işjeň ilaty häsiýetlendirýär. **Ykdysady taýdan işjeň ilat** harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin öz zähmetini teklip edýän ilatyň bir bölegi bolan ykdysady taýdan işjeň ilata degişlidir. Ykdysady taýdan işjeň ilatyň düzümine **ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýan we iş gözleýän ilat degişlidir** (*32-nji surat*).




*32-nji surat. Işçi güýjüniň düzüminiň häsiýetnamasy*

145.0 x 215.0 mm

**Ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň** sanyna eýeçiligiň hemme görnüşine degişli kärhanalarda, edaralarda we guramalarda işleýänler, şol sanda kiçi we orta telekeçilikde, kooperatiw (iki taraplaýyn hyzmatdaşlykdaky) kärhanalarynyň hemme görnüşlerinde, mülkdar hojalyklarynda, jemgyýetçilik guramalarynda we gaznalarynda, dini guramalarda, hususy hojalykda, şeýle hem kanuny hukuk tarapyny döretmedik telekeçilikde, şol sanda aýratyn şahslarda **hakyna işleýänler** degişlidir.

Iş bilen meşgullanýanlaryň gaýry toparyna girýän **harby gullukçylar** we **dini taýdan hyzmat edýänler** iş bilen meşgullanýanlaryň sanynda **hasaba alynmaýar.** Olara iş bilen meşgullanýanlaryň pudaklaýyn derejesi berilmeýär. Şonuň üçin hereket edýän ykdysadyýetiň pudaklarynyň klassifikatorynyň çäklerinde **olaryň sany ykdysadyýetiň pudaklary boýunça paýlanylmaýar, ýöne olaryň sany ykdysady işjeň ilatyň düzümine goşulýar.**

**Iş gözleýän ilata** seredilýän döwürde işi bolmadyk zähmete ukyply ýaşdaky hem-de Zähmet we ilaty iş bilen üpjünçiligi müdirliklerinde bellige alnan, işlemäge ukyply we işlemäge taýýar raýatlar degişlidir.

«Türkmenistanyň ilaty baradaky maglumatlaryň döwlet klassifikatoryna» laýyklykda ykdysady taýdan işjeň ilat birnäçe görnüşlere we derejelere bölünýär (*33, 34, 35, 36, 37-nji suratlar*).




*33-nji surat. Akyl we fiziki zähmet bilen meşgullanýanlar*

145.0 x 215.0 mm




*34-nji surat. Ykdysady taýdan işjeň ilatyň kategoriýalary*




*35-nji surat. Ilatyň iş bilen meşgullyk derejesi*

145.0 x 215.0 mm




*36-njy surat. Hakyna tutmasyz işleýänler*

**Ykdysady taýdan işjeň däl ilat** – ykdysady iş bilen meşgullanmaýan ýa-da seredilýän döwrüň dowamynda iş gözleýän zähmet gorlarynyň bölegini öz içine alýar. Olara şu aşakdakylar degişlidir:




*37-nji surat. Ykdysady taýdan işjeň däl ilatyň kategoriýalary*

Türkmenistan üçin ilatyň amatly demografik gurluşy häsiýetlidir, ýagny zähmete ukyply ýaşly ilatyň paýy ýokarydyr. 2016-njy ýylda Türkmenistanyň hemişelik ilatynyň düzüminde ol görkeziji 59,8%-e barabar bolup, 2007-nji ýyla garanyňda 3,2% peseldi, sebäbi 2016-njy ýyldan başlap zähmete ukyply ilatyň aşaky çägi 16 ýaş däl-de, 18 ýaş diýip bellenildi. Seljerilýän döwürde zähmete ukyplylykdan aşaky ýaşdakylaryň paýy 33,3%-e, zähmete ukyplylykdan ýokary ýaşdakylaryň paýy 6,9%-e deň boldy (*10.1-nji tablisa*).

*10.1-nji tablisa*

**Türkmenistanyň hemişelik ilatynyň ýaş toparlary boýunça düzümi (ortaça ýyllyk)***

| | Ähli ilata görä göterimde | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 | 2015 |
| Zähmete ukyplylykdan aşaky ýaşdakylar | 30,9 | 30 | 29,2 | 28,7 | 29,4 | 29,1 | 29 | 29,4 | 29,9 |
| Zähmete ukyply ýaşdakylar | 63 | 63,8 | 64,5 | 64,9 | 64,3 | 64,4 | 65 | 64,3 | 63,6 |
| Zähmete ukyplylykdan ýokary ýaşdakylar | 6,1 | 6,2 | 6,3 | 6,4 | 6,3 | 6,5 | 6 | 6,3 | 6,5 |

**Çeşme:** RÝNÝ-laryň maglumatlary boýunça. Türkmenistanyň ýyllyk statistika neşiri. 2017-nji ý., sah.17.

**Halkara kesgitlemelere laýyklykda,** 60 we ondan ýokary ýaşdaky adamlaryň sany 12%-den ýokary bolsa, ýurduň ilaty garry diýip hasaplanylýar. Türkmenistanda 62-den ýokary ýaşdaky erkekleriň we 57-den ýokary ýaşdaky aýallaryň sany hemişelik ilatynyň düzüminde 6,9%-e deň bolsa, onda **biziň ýurdumyzyň ilatyny belli derejede ýaş diýip hasap edip bolýar.**

**Zähmet bazary** – bu bazar ykdysadyýetiniň düzüm bölegidir. Ykdysadyýet ulgamynda ol haryt-çig mal, bank, gymmatly kagyzlar, ýaşaýyş jaý, sarp edilýän harytlar we hyzmatlar ýaly bazarlar bilen bir hatarda hereket edýär. Umuman aýdanyňda, **«Zähmet bazary»** diýip, işçi güýjüni hakyna tutmak we ony teklip etmek bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamyna düşünilýär. **Işçi güýjüniň bahasy zähmet haky bilen kesgitlenilýär.**

Zähmet bazarynyň hereket etmeginiň netijesinde **telekeçiler, iş berijiler** önümçiligi we hyzmatlar ulgamynyň işgärleri – işi ýerine ýetirijiler bilen üpjün edýärler, **hakyna tutulýan işgärler** bolsa zähmetini satmak bilen, özlerine durmuş we ýaşaýyş üçin serişdeleri üpjün edýärler.

Ýurtda zähmet bazarynyň emele getirilmegi üçin **ykdysady, durmuş we hukuk esaslarynyň,** ýagny zähmet ulgamynda bazar gatnaşyklarynyň mümkin bolmadyk ýa-da kemter görnüşde mümkin bolan käbir obýektiw şertleriniň peýda bolmagy bilen baglydyr.

## 10.2. Zähmet gorunyň düzümi, onuň mukdar we hil görkezijileri

**Zähmet gorlary** (resurslary) – bu ilatyň jemgyýete peýdaly iş bilen meşgullanmak üçin zerur beden hem paýhas ukyplaryna eýe bolan bölegidir [14; sah. 318].

Zähmet gorlarynyň aglaba bölegini ilatyň **zähmete ukyply ýaşdaky** bölegi düzýär. Erkek adamlaryň zähmete ukyplylyk ýaşy 18-62 ýaş aralygynda, aýal-gyzlar üçin bolsa 18-57 ýaş araçägi alynýar [29, 1-nji madda]. Iş ýüzünde zähmet gorlarynyň ep-esli bölegini 18 ýaşa ýetmedik we pensiýa döwründe işleýän raýatlar düzýär (*38-nji surat*). **Zähmet gorlaryna ykdysady işlere diňe bir gatnaşýan raýatlar däl, eýsem, oňa gatnaşmaýan adamlar hem degişlidir** [14, sah. 318].




*38-nji surat. Zähmet gorlarynyň düzümi*

145.0 x 215.0 mm

Zähmet gorlary **mukdar we hil görkezijilerine** eýedir. Ahyrky jeminde olar jemgyýetiň zähmet potensialynyň sanlarda we göterimlerde beýan tapýan häsiýetlerini kesgitleýärler. Işçi güýji önümçiligiň esasy hereketlendiriji faktory bolup çykyş edýär. Jemgyýetçilik dowamaty bolsa has giňdir. Ol halk hojalygy möçberinde alnanda, harytlaryň öndürilmeginiň gaýtadan ýola goýulmagyny we işçi güýjüniň gaýtadan dikeldilmegini göz öňünde tutýar (*39-njy surat*).




*39-njy surat. Zähmet gorlarynyň hil we mukdar görkezijileriniň häsiýetnamasy*

***Zähmet gorlarynyň absolýut sany*** – bu işe ukyply ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň, işleýän ýetginjekleriň we pensiýadaky işleýänleriň sanynyň jemine deňdir. Zähmet gorlarynyň sany haýsy hem bolsa bellibir wagtda kesgitlenilýär.

Zähmet gorlarynyň tebigy artyşy 18 ýaşa ýetenleriň, hakyky işleýän ýetginjekleriň we işleýän pensionerleriň hasabyna bolup geçýär.

Zähmet gorlarynyň tebigy kemelişi pensiýa ýaşyna ýetip, işlemegi bes edenleriň, zähmete ukyply ýaşdaky maýyplyga geçenleriň we zähmete ukyply ýaşdaky ýogalanlaryň hasabyna bolup geçýär.

Zähmet potensialynyň mukdar görkezijileri onuň **ekstensiw häsiýetini,** hil görkezijileri bolsa **intensiw düzümini** açyp görkezýär.

**Jemgyýetiň zähmet gorlary** belli psihofiziologiýa aýratynlyklary, hünär taýýarlygy we toplan tejribesi bolan zähmetkeşleriň önümçilige gatnaşygyny görkezýän ölçegdir.

145.0 x 215.0 mm

Soňky ýyllarda zähmet gorlarynyň hiliniň düýpli ýokarlanandygyny bellemek gerek: **zähmete ukyply ilatyň aglaba bölegininiň bilim taýýarlygy ýokarlanýar, milli bilimiň umumy düzüminde ýokary hünär taýýarlygynyň paýy artýar.**

Zähmet gorlarynyň saldamly bölegini ykdysadyýetde işjeňlik görkezýän adamlar düzýär. Ilatyň bu bölegine jemgyýete bähbitli, iş bilen meşgullanýan we girdeji getirýän, şeýle-de, amatly iş ornuny gözleýän we işlemek isleýän raýatlar girýär.

**Işleýän adamlaryň** hemmesi ykdysadyýetde tutýan ornuna laýyklykda **iki sany uly topara bölünýär:**

1. **Birinji topara** ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda telekeçilik işi bilen meşgullanýanlar; özbaşdak hojalyk ýöredýän daýhanlar (fermerler), özbaşdak işleýän senetçiler girýärler;

2. **Ikinji topara** hakyna işe durmak bilen, iş berijiniň goýan şertlerine laýyklykda özüniň ukyp-başarnygyny önümçilikde amal edýän adamlar degişlidir.

Adam önümçiligiň işjeň agzasy we ony herekete getirmegiň möhüm şerti bolup durýar. Zähmet gorlarynyň düzümini, ösüşini, gaýtadan dikeldilişini we ýerlikli peýdalanylyşyny häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamyny düýpli derňemek hem öwrenmek ykdysadyýetiň möhüm wezipeleriniň biridir [14; sah. 320].

Zähmet gorlarynyň sany üznüksiz üýtgeýär, sebäbi ýetginjekleriň ilatyň zähmete ukyply bölegine goşulmagy bilen olaryň sany artýar ýa-da zähmete ukypsyz ýaşdakylaryň hasabyna (pensiýa gidenleriň) olaryň sany kemelýär.

Zähmet gorlarynyň tebigy artyşy bilen kemelişiniň arasyndaky tapawut ***zähmet gorlarynyň sap ösüşini*** aňladýar.

Gelýänleriň we gidýänleriň sanynyň arasyndaky tapawut sebitiň zähmet gorlarynyň mehaniki ösüşini aňladýar.

Sebitiň zähmet gorlarynyň tebigy we mehaniki artyşynyň jemi zähmet gorlarynyň umumy ösüşini aňladýar.

Zähmet gorlarynyň absolýut görkezijileri we olaryň ösüşi ilatyň absolýut görkezijileri (ähli ýaşdakylar, zähmete ukyply ýaşdakylar we ş.m.) bilen deňeşdirilýär. Şeýlelikde, ***haýsy hem bolsa bellibir döwür üçin otnositel görkezijiler kesgitlenilýär:***

145.0 x 215.0 mm

1. Zähmete ukyply ilatyň paýy zähmete ukyply ýaşdakylaryň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

2. Ilatyň zähmete ukyplylygynyň koeffisiýenti işjeň ýaşyndaky zähmete ukyplylaryň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

3. Ilatyň iş bilen meşgullyk koeffisiýenti ýaşyna garamazdan, iş bilen meşgullanýanlaryň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

4. Işjeň ýaşdaky ilatyň iş bilen meşgullygynyň koeffisiýenti işjeň ýaşdaky işleýänleriň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

5. Zähmete ukyply ilatyň iş bilen meşgullygynyň koeffisiýenti zähmete ukyply iş bilen meşgullygyň sanynyň ilatyň umumy sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

6. Zähmete ukyply ilatyň ýüklenme koeffisiýenti işjeň däl ýaşdakylaryň sanyny işjeň ýaşdaky ilatyň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär;

7. Zähmete ukyply ilatyň pension ýüklenme koeffisiýenti pensiýa ýaşyndaky ilatyň işjeň ýaşdaky ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

8. Zähmet gorlarynyň çalşyp bilijilik (öwezini dolmak) koeffisiýenti zähmete ukyply ýaşa çenli ilatyň sanynyň işjeň ýaşdaky ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

9. Işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sap artyş koeffisiýenti işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň tebigy artyşynyň işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär;

10. Işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň umumy artyşynyň koeffisiýenti işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň umumy artyşynyň işjeň ýaşdaky zähmete ukyply ilatyň sanyna gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär:

Zähmet gorlarynyň seljermesi gündelik hasabat maglumatlaryna, zähmet boýunça birwagtlaýyn geçirilýän barlaglaryň netijelerine we ilat ýazuwynyň maglumatlaryna esaslanýar. ***Zähmet gorlarynyň sanynyň we düzüminiň görkezijileri:***

145.0 x 215.0 mm

– durmuş-ykdysady alamatlar boýunça (ýaşaýyş üçin serişde toplaýşynyň çeşmelerine görä, sosial topara gatnaşygyna laýyklykda we ş.m.);

– demografik alamatlar (ýaşy, jynsy, maşgala ýagdaýy, milleti we ş.m.) boýunça;

– işiniň pudaklaýyn-hünär we funksional toparlanyşy (hünäri, kär derejesi, işleýän pudagy we ş.m.) boýunça;

– orta bilim we ýörite taýýarlyk derejesi boýunça;

– migrasion alamatlar boýunça öwrenilýär.

**Zähmet gorlary ýaşaýyş üçin serişde toplaýşynyň çeşmelerine görä şu aşakdaky toparlara bölünýärler:**

1. Döwlet kärhanalarynda, edaralarynda işleýänler;
2. Daýhan birleşiklerinde işleýänler;
3. Hususy kärhanalarda işleýänler;
4. Pensionerler, talyp hakyny alýanlar we hemişelik iş ýerleri bolmadyklar;
5. Ene-atasynyň ýa-da başga biriniň eklenjinde bolanlar;
6. Öz goýum serişdelerinden başga, kärendesine beren emläginden gelen girdejiniň hasabyna ýaşaýanlar.

Zähmet gorlary, şeýle-de jemgyýetçilik toparlaryna bölünip öwrenilýär. Zähmet gorlarynyň migrasiýasy (hereketi) döwletiň ykdysady we hasabat guramalary tarapyndan öwrenilýär.

Zähmet gorlarynyň sebitleýin paýlanylyşy sebitleriň ykdysady aýratynlyklary we ilatynyň ýerleşişi göz öňünde tutulyp öwrenilýär.

Zähmet gorlarynyň iş, okuw ýeri bilen ýaşaýan ýeriniň arasyndaky hereketine **maýatnik migrasiýasy** diýilýär.

Ýurduň zähmet gorlarynyň rejeli peýdalanylmagyna şu aşakdaky **sebäpler täsir edýär:**

1. Halk hojalygynyň *tehniki enjamlaşdyrylyşynyň* ösüşi we *önümçiligiň tehnologiýasyny kämilleşdirmek*;
2. Jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamagy üpjün edýän *önümçiligi amatly ýerleşdirmek*;
3. Zähmet gorlaryny sebitleriň we halk hojalygynyň pudaklarynyň arasynda *gaýtadan paýlamak*;

4. Kärhanalaryň çäginde, şol bir işçileriň sany bilen önümiň we ýerine ýetirilen işleriň möçberiniň artmagyny üpjün edýän *zähmetiň ylmy taýdan guralyşy*;

5. Işleýänleriň bilimini, kär derejesini, hünär ussatlygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna *zähmetiň hilini gowulandyrmak*;

6. *Ýaş ýetginjekleri zähmet işine çekmek we pensiýa ýaşyndaky adamlaryň zähmetini ulanmak* boýunça çäreler geçirmek.

## 10.3. Türkmenistanyň zähmet bazaryny düzgünleşdirýän kanunçylyk esaslary

Ýurdumyzyň durmuş-zähmet syýasatynyň binýatlaýyn kadalaşdyryjy esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde berkidilýär. Olar barada şu okuw kitabynyň 1.3-nji bölüminde giňişleýin beýan edilýär.

Durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň esasy düzüm bölegi bolan zähmet bazary Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan we Türkmenistanyň Zähmet kodeksinden daşary şu aşakdaky kanunlar we kadalaşdyryjy hukuk namalar arkaly düzgünleşdirilýär:

1) «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (2016);

2) «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (2013);

3) «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (2013);

4) «Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligini döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany (2011);

5) «Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň ýerlerdäki edaralarynyň gurluşyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 16-njy martyndaky Karary;

6) zähmet gatnaşyklary gurşawynda BMG-niň we HZG-niň ylalaşyklary we görkezmeleri.

Bulardan başga-da, ýurtda Garaşsyzlyk ýyllarynda kabul edilen birnäçe beýleki Türkmenistanyň Kanunlarynda *zähmet bazarynyň*

*meseleleri gytaklaýyn düzgünleşdirilýär*. Olara şu aşakdaky Türkmenistanyň Kanunlary degişlidir:

1) «Telekeçilik işi hakynda» (1993);

2) «Döwlet gullugy hakynda» (2016);

3) «Kärhanalar hakynda» (2000);

4) «Daýhan birleşikleri hakynda» (2007);

5) «Daýhan hojalyklary hakynda» (rejelenen görnüşi), (2007);

6) «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» (2009).

Ýer özgertmeleriniň amala aşyrylmagy we hususylaşdyrmak bilen bagly kanunlaryň, şeýle-de, döwlet we milli Maksatnamalaryň kabul edilmegi maşgala kärhanalarynyň, kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine ýardam berýär. Ahyrky netijede, bu özgerişlikler ilatyň iş bilen meşgullygynyň ýokarlanmagyna getirýär. Bu kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk namalar Türkmenistanyň çäklerindäki ähli işgärler üçin zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk binýady bolup durýar.

**«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyna»** laýyklykda öwrenilýän meselä degişli öňde goýlan wezipeler aşakdakylardan ybaratdyr:

1) kämil zähmet gorlarynyň zerur bolan sanyny, ýurdumyzda ilatyň zähmete ukyplylygyny ýokarlandyrmagy, ýurdumyzyň Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyklykda üpjün etmek üçin şertleri döretmek;

2) raýatlaryň iş bilen meşgullyk çäklerindäki zähmet we telekeçilik başlangyçlaryny goldamak, şeýle-de, öndürijilikli, döredijilikli zähmete ýardam etmek, ýöriteleşdirilen agroşereketleri önümçilige ornaşdyryp, çig mal öndürmekden başlap önümiň gaýtadan işlenilmegine çenli üznüksiz we bitewi önümçiligi durmuşa geçirmegiň esasynda ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak;

3) ýöriteleşdirilen agrofirmalary önümçilige ornaşdyryp, çig mal öndürmekden başlap önümi gaýtadan işlenilmegine çenli üznüksiz we bütewi önümçiligi durmuşa geçirmegiň esasynda ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak;

4) ýurduň ykdysadyýetini zerur bolan tejribeli işgärler bilen üpjün etmek üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň iň bir amatly ýollaryny saýlap almak we dürli hünärdäki hünärmenler boýunça islegiň we teklibiň deň gelmegini üpjün etmek;

5) ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ýolbaşçy işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we zähmet bazarlarynyň özgerişliklerine uýgunlaşmaga ukyply hünärmenleri ýetişdirmegi ýola goýmak;

6) ýaş hünärmenler üçin durmuş-ykdysady kepillikleriň we ýeňillikleriň hukuk binýadyny kämilleşdirmek;

7) Türkmenistanda zähmet bazaryny herekete getiriji infrastrukturalary we mehanizmleri kämilleşdirmek;

8) ykdysadyýetiň talaplaryna görä zähmet bazarlaryndaky islegiň we teklibiň sazlaşygyny ýokarlandyrmak.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini çaltlandyrmaga, ykdysadyýetde täze iş orunlaryny döretmäge, ilatymyzyň iş üpjünçilik we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga gönükdirilen uly möçberli we giň göwrümli bazar-ykdysady özgertmeler amala aşyrylýar hem-de degişli Döwlet maksatnamalary kabul edilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň 134-nji maddasynda «Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam edýär» diýip bellenilmegi bu ulgamy durnukly we netijeli ösdürmek boýunça döwlet tarapyndan gaýragoýulmasyz kepillikleriň göz önünde tutulýandygyny aňladýar.

Kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça döwlet syýasatynyň esasy maksatlary:

– telekeçilik işiniň özüne çekijiligini ýokarlandyrmak arkaly ilatyň dürli gatlaklaryny telekeçilik işine çekmekden;

– kiçi we orta telekeçilige degişli edara görnüşli we şahsy taraplaryň önümçilik, innowasiýa we maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmakdan;

– kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek arkaly milli ykdysadyýetimiziň berk binýadyny emele getirmekden;

– kiçi we orta telekeçilige degişli edara görnüşli we şahsy taraplaryň dünýä bazarlaryna päsgelçiliksiz çykmagyna ýardam bermekden ybaratdyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler, bir tarapdan, ilatyň iş bilen meşgullyk derejesiniň ösmegine mümkinçilik berýär, beýleki tarapdan, zähmet gorlarynyň hilini we ykdysady işjeňligini ýokarlandyrmagyň meselelerini döwrebap düzgünleşdirmegiň çäreleriniň işläp taýýarlanylmagyny talap edýär. Şu wezipeleri üstünlikli amala aşyrmak üçin 2015-nji ýylyň 1-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen **«Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy»** kabul edildi. Onda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän işjeň maýa goýum syýasaty bilen baglylykda täze iş orunlarynyň döredilmeginiň meýilleşdirilmegi hem-de iş bilen üpjünçilik çygrynda ýerine ýetirilmeli esasy ileri tutulýan çäreler göz öňünde tutuldy. Bu Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi:

– ilatyň iş üpjünçiligi çygryndaky kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegine we halkara ölçeglerine laýyk getirilmegine;

– iş gözleýänleri, şol sanda döwletiň goldamagyna mätäç adamlary iş bilen üpjün etmegiň meseleleriniň çözülmeginiň oňaýly usullarynyň işlenip düzülmegine;

– zähmet bazaryndaky işçi güýjüne bolan islegiň we teklibiň deňagramlylygynyň saklanylmagyna, netijede bolsa, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam eder.

# XI BAP. YKDYSADYÝETIŇ PUDAKLARYNDA IŞLEÝÄNLERIŇ DÜZÜMINIŇ WE SANYNYŇ GÖRKEZIJILERI

## 11.1. Ykdysadyýetiň pudaklarynda işleýänleriň düzümi

Ykdysadyýetiň pudaklarynda iş bilen meşgullygyň sany zähmet gorlarynyň ulanylyşyny häsiýetlendirýän umumy görkeziji bolup durýar. Olaryň sanyna işçiler, gullukçylar, daýhanlar we beýleki jemgyýetçilik zähmeti bilen meşgullanýanlar degişlidir.

145.0 x 215.0 mm

«Iş orunlary bolan raýatlaryň hemmesini olaryň alyp barýan işiniň ugruna laýyklykda iri toparlarynyň üçüsine bölüp bolar:

1. Hak tölenýän ykdysady işde işleýänler;

2. Harby gullukçylar.

3. Önümçilikden aýrylmak şerti bilen okaýanlar» [14; sah. 324].

Ykdysady pudaklarda işleýänler zähmet ýaýrawyna laýyklykda 2 topara bölünýärler. Olar:

1. Maddy önümçilik pudaklarynda (önümçilik ýaýrawynda) işleýänler;

2. Önümçilik däl pudaklarda (hyzmatlar ýaýrawynda we dolandyryşda) işleýänler.

Zähmet gorlarynyň şeýle bölünişigi ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň hakyky paýlanylyşyna seljerme bermekde uly ähmiýete eýedir.

**Maddy önümçilikde** iş bilen meşgullanýanlaryň sany we düzümi önümçiligiň netijeliliginiň görkezijilerini, ýagny zähmet öndürijiligini, girdejileri we ş.m. kesgitlemekde ulanylýar.

Maddy önümçilikde iş bilen meşgullanýanlaryň sany, öz gezeginde, pudaklar boýunça hem bölünýär, şeýle hem maddy önümçilikde iş bilen meşgullanýanlaryň sanyna önümçilik bilen baglanyşykly ylmy-barlag we taslama guramalarynda işleýänler goşulýar.

**Önümçilik däl pudaklarda işleýänleriň sanyna** saglygy goraýyşda, bilimde, ylymda, durmuş üpjünçiliginde, medeniýetde, sungatda, bank-maliýe ulgamynda, jemgyýetçilik guramalarynda, hukuk goraýjy edaralarda we dolandyryşda işleýänler goşulýar.

***Önümçilik pudaklarynda işleýänler iki topara bölünýärler.*** Olar:

1. Esasy önümçilik işi bilen meşgullanýanlar (önümçilik bölüminiň işgärleri);

2. Önümçilik däl bölümleriň işgärleri (ammar, üpjünçilik bölümleriniň işgärleri).

**Senagat** halk hojalygynyň esasy pudagy hasaplanylýar. Bu pudagyň işgärleri hem iki topara bölünýärler, ýagny:

1. Senagat-önümçilik işgärleri;

2. Önümçilik däl işgärleri.

***Senagat-önümçilik işgärlerine*** esasy we kömekçi sehleriň işgärleri, enjamlaryň abatlaýyş işleri bilen meşgullanýanlar, kömekçi önümçiligiň işgärleri we başgalar degişlidir.

***Önümçilik däl işgärlere*** kärhananyň dolandyryşy, hyzmatlar ulgamynda iş bilen meşgullanýanlar degişlidir.

Halk hojalygynyň ýene bir esasy pudaklarynyň biri hem **gurluşyk** hasaplanýar. Bu pudagyň işgärleri hem iki topara bölünýärler. Olar:

1. Gurluşyk-gurnama işlerinde işleýänlere;
2. Kömekçi hojalykda işleýänler.

***Gurluşyk-gurnama işlerinde işleýänlere*** jaýlaryň, binalaryň gurluşygynda we düýpli abatlaýyş işlerinde işleýänler degişlidir.

***Kömekçi hojalykda işleýänlere*** gurluşyk serişdelerini taýýarlamak işleri bilen meşgullanýanlar we gurluşygyň üpjünçilik edaralarynda işleýänler degişlidir.

**Oba hojalygynda** işleýänler hem iki topara bölünýär. Olar:

1. Önümçilikde işleýänler;
2. Oba hojalygyna hyzmat edýän edaralarda işleýänler.

**Ulag** pudagynyň işgärleri hem iki topara bölünýärler. Olar:

1. Esasy işgärler;
2. Kömekçi işgärler.

***Esasy işgärler*** ulaglarda herekete jogapkär işgärlerdir.

***Kömekçi işgärler*** bolsa ulag pudagynyň edaralaryna hyzmat edýän, ýagny ýükleri ýüklemek-düşürmek işleri, ulaglary abatlamak, ulaglara hyzmat etmek we ş.m. meşgullanýanlardyr.

**Aragatnaşyk** pudagynyň işgärleri hem iki topara bölünýärler. Olar:

1. Aragatnaşyk hyzmatlaryny ýerine ýetirýänler;
2. Aragatnaşyk edaralaryna hyzmat edýänler.

**Söwdada** işleýänler hem iki topara bölünýärler. Olar:

1. Gös-göni söwda hyzmatynda işleýänler;
2. Söwda edaralarynda hyzmat edýänler.

Önümçilik däl pudaklarda işleýänleriň düzümi seljerilende, ilki bilen, olaryň işleýän guramalary boýunça paýlanylýar. Oňa laýyklykda guramalar şu aşakdaky toparlara bölünýärler:

– ylmy-barlag edaralary;

– okuw mekdepleri;
– ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy kärhanalary;
– maliýe-bank edaralary we ş.m.

**Ylmy-barlag edaralarynda** işgärler alymlyk derejesi we atlary boýunça hasaba alynýar. Şoňa laýyklykda bu edaralarda ylmy dolandyryş işgärler, alyp baryjy ylmy işgär, uly ylmy işgär, kiçi ylmy işgär diýen toparlara bölünýär. **Ýokary okuw mekdeplerinde** işgärler professor, dosent, uly mugallym, mugallym, öwreniji-mugallym ýaly derejelere bölünýärler, şeýle hem ýokary okuw mekdeplerinde kömekçi işgärler, barlamçylar (laborantlar), hojalyk işgärleri bolýar.

**Mekdeplerde** mugallymlaryň düzümi synpdaky okuwçylaryň sanyna, mugallymlaryň hünär derejesine, okuw ýükleriniň möçberine laýyklykda wezipe sanawynyň esasynda kesgitlenilýär.

**Ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy kärhanalarynda, maliýe-bank edaralarynda we beýleki önümçilik däl pudaklaryň edaralarynda** işgärleriň düzümi olardaky işçileriň möçberine kesgitlenilen normatiwler, işiň hili, häsiýeti boýunça wezipe sanawy esasynda bellenilýär.

**Kärhanalaryň we guramalaryň** işgärleri ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça birnäçe toparlara bölünýärler. Olar:

1. Işçiler;
2. Ýolbaşçylar;
3. Hünärmenler;
4. Gullukçylar.

***Işçiler*** gös-göni önümçilik prosesinde işleýärler we fiziki zähmet bilen meşgullanyp, zähmet guralynyň kömegi bilen zähmet predmetlerine göni täsir edip önüm öndürýärler, emma önümçilik prosesinde işçiler beýleki wezipeleri hem ýerine ýetirýärler. Mysal üçin, maşynlara, enjamlara serenjam bermek, zähmet predmetlerini daşamak, iş orunlaryna hyzmat etmek we ş.m. Şunuň bilen baglylykda işçiler, öz gezeginde, iki topara bölünýärler. Olar:

1. Esasy işçiler;
2. Kömekçi işçiler.

Işgärleriň düzüminde ***ýolbaşçy*** derejesindäkiler kärhanany dolandyrmak bilen meşgullanýarlar. Mysal üçin, direktor, ussalar we ş.m.

***Hünärmenlere*** inžener-tehniki, ykdysady işlerdäki işgärler (inženerler, ykdysatçylar, agronomlar, dispetçerler we ş.m.) degişlidir.

Kärhanada ***gullukçylara*** resminamalary taýýarlamak we resmileşdirmek, hasap, gözegçilik, hojalyk hyzmatlary bilen meşgullanýanlar (agent, pulhanaçy, iş dolandyryjy, kätip hasaplaýjy we ş.m.) degişlidir.

Işgärleriň jynsy, iş döwri we bilimi boýunça seljermesi birwagtlaýyn hasabat ýöretmek usulynda geçirilýär. Işgärleriň jynsy boýunça paýlanylyşynyň seljermesi aýallaryň jemgyýetçilik işlerine çekilişini kesgitlemek üçin geçirilýär.

**Işgärleriň ýaşy boýunça düzümi şu aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:**

* 18 ýaşa çenli;
* 18–19 ýaş aralygynda;
* 20–24 ýaş aralygynda;
* 25–29 ýaş aralygynda;
* 30–34 ýaş aralygynda;
* 35–39 ýaş aralygynda;
* 40–44 ýaş aralygynda;
* 45–49 ýaş aralygynda;
* 50–54 ýaş aralygynda;
* 55–59 ýaş aralygynda;
* 60–64 ýaş aralygynda;
* 65 ýaşdan ýokary.

Işgärleriň ýaşy boýunça bölünişigi, aýratyn hem, pensiýa ýaşyndakylaryň zähmete gatnaşygyny öwrenmek üçin zerur bolup durýar.

Işgärleriň iş döwri boýunça seljerme olaryň zähmet öndürijiliginiň iş döwrüne baglylygyny kesgitlemek üçin geçirilýär. Işgäriň umumy iş döwri onuň işleýän ýerine, kärine, işiniň dowamlylygyna garamazdan, umumy zähmet işini öz içine alýar. Işgäriň ýörite hünäri boýunça iş döwri bellibir hünärde yzygider işlän wagtyny görkezýär.

Işgärleriň bilim derejesi boýunça seljerme geçirilende, ol birnäçe toparlara bölünýär:

– ýokary bilimli;

– tamamlanmadyk ýokary bilimli;
– orta hünär bilimli;
– başlangyç hünär bilimli;
– umumy orta bilimli;
– doly däl orta bilimli.

Halk hojalygynyň önümçilik we önümçilik däl pudaklarynda işleýänler zähmet işiniň häsiýeti boýunça **2 topara bölünýärler:**

1. *Fiziki zähmet* bilen meşgullanýanlar;
2. *Akyl zähmeti* bilen meşgullanýanlar.

***Zähmet prosesiniň dowamynda işgär fiziki zähmeti akyl zähmeti bilen utgaşykly alyp barýar.*** Ýokardaky toparlanma bolsa, işiň ol ýa-da beýleki görnüşindäki haýsy zähmetiň paýynyň köpdügine laýyklykda bölünýär.

**Fiziki zähmet bilen meşgullanýanlar** işiň agramly böleginde fiziki energiýany köp sarp edýärler. Fiziki zähmet maddy gymmatlyklary öndürmek, zähmet predmetlerini, zähmet önümlerini ýerleşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Adatça, kärhanalarda fiziki zähmet bilen meşgullanýanlara esasy we kömekçi işçiler degişlidir.

**Akyl zähmetiniň işgärleriniň** işi aňly, ukyply zähmet bilen baglanyşyklydyr. Şeýle işgärlere inžener-tehniki işgärler, gullukçylar, agronomlar, zootehnikler, ykdysatçylar, hasapçylar, ýolbaşçylar we ş.m. degişlidir.

**Ylmy-tehniki ösüşiň ilerlemegi bilen fiziki zähmet bilen akyl zähmetiniň arasyndaky tapawutlar has-da azalýar. Adamyň ýerine ýetirmeli fiziki zähmet funksiýalaryny maşynlar, awtomatlar ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin, ylmy-tehniki ösüşiň ilerlemegi bilen kärhanalarda fiziki zähmetiň paýy azalýar we akyl zähmeti artýar.**

## 11.2. Işgärleriň sanynyň görkezijileri

Kärhanalarda işgärleriň sanynyň görkezijileri kesgitlenilip, olar zähmet baradaky meýilnamalaryň ýerine ýetirilişinde görkezilýär. Işgärleri işe kabul etmek, işden boşatmak we başga işe geçirmek baradaky buýruklar kärhanalarda işgärleriň sanynyň hasabyny ýöretmegiň ilkinji resminamasy bolup durýar. Kärhanalarda işgärleriň ol ýa-da beýleki möhlete kesgitlenen sany şahsy düzümiň hasaby arkaly aňladylýar. Kärhananyň işgärleriniň bellibir senä düzümleýin (spi-

145.0 x 215.0 mm

soklaýyn) sanyna hemişelik, wagtlaýyn ýa-da möwsümleýin işe kabul edilen esasy we esasy däl işe bir günden köp döwre kabul edilen işgärler degişlidir.

Kärhananyň işgärleriniň düzümine wezipe sanawyndakylardan başga-da, utgaşykly işleýänler hem goşulýar. Belli senenama (kalendar) döwründe kärhananyň işgärleriniň düzümleýin sanyna şol gün işe kabul edilenleri hem göz öňünde tutmak bilen ähli işgärler goşulýar. Bu görkeziji kesgitlenende, şol gün işden çykanlaryň sany aýrylýar.

Işe kabul edilişi boýunça işgärler *üç topara* bölünýärler. Olar:

1. Hemişelik işgär;
2. Möwsümleýin işgär;
3. Wagtlaýyn işgär.

Işiň tamamlanýan möhleti görkezilmän, işe kabul edilenler ***hemişelik işgärler*** hasaplanylýar. Iki aýa çenli möhlet bilen, kähalatlarda, wagtlaýyn ýok işgäriň işini ýerine ýetirýänler üçin, dört aýa çenli möhlet bilen işe alnan işgärler ***wagtlaýyn işgärler*** hasaplanylýar.

Tebigy we klimatik şertlere laýyklykda bellibir möwsümde işleri ýerine ýetirmek üçin, 6 aýdan köp bolmadyk möhlete işe kabul edilenler ***möwsümleýin işgärler*** hasaplanylýar.

***Her senenama günündäki işgärleriň düzümleýin sanyna şol gün hakyky işe gelenler we aşakdaky sebäplere görä işe gelip bilmedik işgärler goşulýar. Şol sebäpler aşakdakylardan ybaratdyr*:**

– gulluk iş saparynda bolýanlar;

– esasy we goşmaça ýyllyk zähmet rugsadynda bolýanlar;

– döwlet we jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýänler;

– maşgala ýagdaýy sebäpli, saglyk ýagdaýy zerarly ýa-da administrasiýanyň rugsady bilen işe gelmedikler;

– kärhananyň çig mal ýetmezçiligi ýa-da enjamlary abatlamak işleriniň geçirilmegi sebäpli boş durulýan döwürde tölegsiz rugsada çykanlar;

– 6 aýa çenli möhlet bilen çaga seredýänligi sebäpli goşmaça rugsada çykanlar;

– doly däl iş gününe ýa-da iş hepdesine işe kabul edilenler;

– artykmaç işlän wagty üçin kärhanada kesgitlenen tertibe görä dynç güni alanlar;

– wagtlaýyn ýarawsyz işgäriň deregine işe kabul edilen işgärler;

145.0 x 215.0 mm

– aýlyk haky tölemek şerti bilen hünäri ýokarlandyryş okuwlaryna iberilen işgärler.

***Kärhananyň düzümleýin sanyna şu aşakdaky işgärler goşulmaýar*:**

– beýleki kärhananyň düzümleýin sanynda duran we birwagtlaýyn işe çekilen utgaşykly işleýän işgärler;

– ýörite şertnama esasynda wagtlaýyn işe kabul edilenler;

– şol kärhanadan aýlyk haky tölenilmän, beýleki bir kärhana işe ugradylanlar;

– önümçilikden aýrylmak şerti bilen okuwa ugradylanlar;

– öňünden duýdurman, işden boşatmak barada arza berenler işe gelmedik ilkinji gününden başlap düzümleýin sanyndan aýrylýar.

Işe gelýänleriň we işden gidýänleriň hasabyna kärhananyň düzümleýin sany her gün üýtgeýär. Şol sebäpli bellibir döwür üçin kärhananyň ortaça düzümleýin sany kesgitlenilýär. Kärhananyň işgärleriniň ortaça düzümleýin sany işlenilen adam-günleriň hasabat döwründäki senenama iş günlerine bölmek arkaly kesgitlenilýär.

Önümçilik maksatnamalary (önüm öndürmek boýunça meýilnama) ýerine ýetirilende, zähmeti tygşytlamak meselesi esasy meseleleriň biri bolup durýar. Hususan-da, az zähmeti sarp edip, köp önüm öndürmek her bir önümçiligiň esasy wezipesidir. Şonuň üçin işgärleriň sanynyň we önüm öndürmek meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi hakyky tygşytlanan zähmetiň möçberini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu görkeziji işgärleriň meýilnamadaky sany bilen önüm öndürmek boýunça meýilnamanyň ýerine ýetiriliş göterimini deňeşdirmek arkaly kesgitlenilýär.

Kärhanada işgärleri esasy işinden başga işe çekmek önümçiligiň netijeliligine ýaramaz täsir edýär. Hususan-da, artykmaç zähmet ýitgileri emele gelýär we köp harajatlar çykdajy edilýär.

Zähmeti guramagyň toparlaýyn (brigadalaýyn) usuly zähmeti tygşytlamaga amatly şertleri döredýär, sebäbi zähmet toparlaýyn guralanda, hünärleri utgaşykly alyp barmaga, zähmet öndürijiligini ösdürmäge oňaýly şertler döreýär, işgärleriň geldi-geçerligi kemelýär, iş wagtynyň ýitgisi azalýar, işiň we önümiň hili ýokarlanýar. Işgärler

topary toplumlaýyn, ýöriteleşdirilen we birnäçe çalşyklary özünde jemleýän görnüşlerde bolup bilýär.

Kärhanalarda zähmeti guramagyň toparlaýyn usuly ulanylanda, onuň agzalarynyň potratlaýyn tölenilýän zähmet haklary we baýraklary işgäriň zähmete gatnaşyk koeffisiýenti ($K_ş$) esasynda kesgitlenilýär.

## 11.3. Kärhanalarda işgärleriň hereketiniň görkezijileri

Işe kabul etmek we işden boşatmak boýunça işgärleriň hereketini öwrenmek zähmet gorlaryny tygşytly ulanmaga ýardam berýär. Işgärleriň hereketini öwrenmek üçin sebäpleriň dürli toparyny tapawutlandyrýarlar:

1. Şahsy deliller (motiwler).
2. Zähmetiň guralyşy we şertleri.
3. Tehniki ösüşiň täsiri astynda ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgemegi we işgärleriň guramaçylykly ýerini üýtgetmegi.

***Birinji topar sebäplere şular degişlidir*:**
– işinden kanagatlanmazlygy;
– ösüş üçin geljegiň ýoklugy;
– pensiýa gitmegi we ýarawsyzlygy;
– ýaşaýyş ýerini üýtgetmegi;
– durmuşa çykmagy ýa-da çaga dogurmagy;
– okuwa girmegi;
– sebäpsiz işe gelmezligi we zähmet düzgün-nyzamynyň bozulmagy.

***Ikinji topar sebäplere şular degişlidir*:**
– önümçiligiň sazlaşygynyň bozulmagy;
– işiň çalşykly düzgüni;
– kesgitlenen iş möçberiniň agyrlygy, dartgynlylygy;
– agyr we hapa iş ýeri;
– zyýanly zähmet şertleri;
– zähmete hak tölenilişinden kanagatlanmazlygy;
– işgärler üçin ýaşaýyş jaýynyň we çagalar bagynyň ýoklugy.

***Sebäpleriň üçünji toparyna şular degişlidir*:**
– zähmeti ulanmagyň täze gurşawlarynyň ýüze çykmagy;
– tehniki ösüşiň täsiri astynda esasy we kömekçi işçileriň paýynyň üýtgemegi;

– täze işleriň özleşdirilmegi.

Işden boşatmak boýunça işgärleriň aýlanyşygynyň dürli görnüşlerini tapawutlandyrýarlar:

1. **Işgärleriň adaty (zerur) aýlanyşygy** önümçilik häsiýetli sebäplere görä, gulluga çagyrylanlygy, okuwa girenligi, başga kärhana işe geçirilenligi, zähmete ukyplylygyny ýitirenligi sebäpli işden giden işgäriň sanyny görkezýär.

2. **Işgärleriň artykmaç aýlanyşygy** şahsy sebäplere görä (öz islegi, zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy üçin) işden giden işgärleriň sanyny görkezýär.

***Işgärleriň artykmaç aýlanyşygy, başgaça, kärhanada işçi güýjüniň geldi-geçerligini aňladýar.*** Kärhanada işgärleriň geldi-geçerliginiň seljermesi işgärleri jynsy, ýaşy, bilimi, zähmetiniň häsiýeti, käri, hünäri, iş döwri boýunça toparlara bölmek arkaly geçirilýär. Şeýle toparlara bölüp seljerme geçirmek işgärleriň geldi-geçerligine durmuş taýdan baha bermäge mümkinçilik döredýär.

Şu aşakdaky tablisada kärhanada işgärleriň geldi-geçerliginiň iş döwrüne baglylygy görkezilýär (*11.1-nji tablisa*).

*11.1-nji tablisa*

**Işgärleriň geldi-geçerliginiň iş döwrüne baglylygy**

| **Kärhanada işgärleriň iş döwri** | **Işgärleriň sany** | | **Öz islegi boýunça we zähmet düzgün-nyzamyny bozanlygy üçin işden boşadylanlaryň sany** | | $K_{gg}$ (geldi-geçerlik koeffisiýenti) | $K_{igg}$ (intensiw geldi-geçerlik koeffisiýenti) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | **adam** | **%** | **adam** | **%** | | |
| 1 ýyla çenli | 41 | 13,7 | 16 | 30,8 | 0,39 | 2,29 |
| 1-3 ýyl | 57 | 19 | 19 | 36,5 | 0,33 | 1,94 |
| 3-5 ýyl | 37 | 12,3 | 4 | 7,7 | 0,11 | 0,64 |
| 5-10 ýyl | 55 | 18,3 | 5 | 9,6 | 0,09 | 0,53 |
| 10 ýyldan ýokary | 110 | 36,7 | 8 | 15,4 | 0,07 | 0,41 |
| **JEMI:** | **300** | **100** | **52** | **100** | **0,17** | **-** |

bu ýerde: $K_{igg}$ – şol bir toparyň geldi-geçerlik koeffisiýentiniň umumy geldi-geçerlik koeffisiýentine gatnaşygy görnüşinde kesgitlenilýär.

Ýokardaky tablisadan görnüşi ýaly, $K_{igg}$ 1 ýyla çenli iş döwri bolan işgärleriň arasynda ýokary bolup, 10 ýyldan köp iş döwri bolan işgärleriň arasynda bolsa bu görkeziji has pesdir.

Işgärleriň geldi-geçerliginiň has anyk öwrenilişi ýörite barlaglar esasynda amala aşyrylýar. ***Barlagyň maksatnamasy öz islegi boýunça işden giden işgär barada şu aşakdaky maglumatlary öz içine alýar*:**

– jynsy;
– ýaşy;
– maşgala ýagdaýy;
– maşgalada çagalaryň sany;
– bilimi;
– iş döwri;
– tarif derejesi (zähmet haky);
– zähmeti guramagyň toparlaýyn görnüşi bilen gurşalyp alnyşy;
– maýyplygyň bolmagy ýa-da bolmazlygy;
– soňky işlän aýyna hasaplanan zähmet hakynyň möçberi.

***Barlagyň maksatnamasyna şeýle-de işgäriň işden gitmeginiň sebäpleri barada maglumatlar goşulýar*:**

– işgäre öz hünäri boýunça işiň berilmezligi;
– işinden kanagatlanmazlygy;
– işiň sazlaşyksyz bolmagy;
– işiň möwsümleýinligi;
– gyzgyn sehlerde işlenilmegi;
– açyk meýdanda işlenilmegi;
– agyr fiziki, surnukdyryjy iş;
– zähmet şertleri we onuň düzgünleri bilen kanagatlanmazlygy;
– zähmet hakyndan kanagatlanmazlygy;
– okamak üçin şertleriň bolmazlygy;
– ýolbaşçynyň işgäre bolan ýaramaz gatnaşyklary;
– iş ýerinde aragatnaşygyň oňaýsyz bolmagy (telefon, gatnaw);

– mekdebe çenli çagalar edarasynda ýeriň bolmazlygy;
– çaga dogulmagy.

Ýokarda görkezilen maglumatlaryň esasynda sosiologik barlag geçirilýär we olaryň netijesine matematiki-statistiki hasaplamalaryň esasynda baha berilýär.

Kärhanada işgärleriň sany möwsümleýin hem üýtgeýär. Işgärleriň sany diňe önümçiligiň möwsümleýin häsiýetine bagly bolman, eýsem, işgärleriň sany ýylyň pasyllaryna baglylykda hem üýtgeýär. Mysal üçin, tomus paslynda kärhanalarda köp işgärler zähmet rugsadyna ugradylýar. Şol sebäpli işgärleriň sanynyň görkezijileriniň möwsümleýinligi ýyl boýunça zähmet gorlarynyň ulanylyşyny kadalaşdyrmak üçin zerur bolup durýar.

# XII BAP. BAZAR ŞERTLERINDE IŞGÄRLERI TAÝÝARLAMAGYŇ, GAÝTADAN TAÝÝARLAMAGYŇ WE OLARYŇ HÜNÄRINI ÝOKARLANDYRMAGYŇ HUKUK ESASLARY

## 12.1. Ykdysady ösüşi üpjün etmekde hünär biliminiň orny we onuň mazmuny

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hünärli we bilimli işgär barada şeýle belläp geçýär: «Beýleki döwletiň tejribesi adam gorunyň kämilleşmeginiň işgärleriniň zähmet bäsleşigine ukybyny artdyrýandygyny aýdyň görkezýär: işgär näçe bilimli hem başarjaň bolsa, onuň ykdysady işjeňligi we iş bilen üpjünçiligi şonça-da ýokary bolýar, degişlilikde, onuň işsiz galmak töwekgelligi azalýar, galaýanda-da şeýle adam iş ornuny uzak gözlemeli bolanok, ökde hünärmenleriň aýlyk haky, wezipe basgançagyndaky ösüşleri babatynda-da mümkinçilikleri ýokary bolýar, ol hünär taýdan kämilleşmäge, ol işden beýleki işe geçmäge hemişe taýýardyr. Bilimi has ýokary işçiler ykdysadyýetiň we durmuşyň tiz özgermegine has aňsat öwrenişýärler, täze bilimleri we endikleri çalt özleşdirýärler, ylmy tehniki ösüşleriň iň täze gazananlary bilen ýakyndan gyzykla-

145.0 x 215.0 mm

nyp, olary özüniň gündeki işine ornaşdyrmaga höwesli bolýarlar» [14; sah. 328-329].

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň häzirki zaman şertlerinde ilatyň hünär derejesini ýokarlandyrmak esasy meseleleriň biridir. Ýurdumyzdaky demografiki ýagdaýy ilatyň ýaş toparlarynyň ösüş depginleriniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. X bapda getirilen 10.1-nji tablisadan görnüşi ýaly, 2007–2015-nji ýyllar aralygynda zähmete ukyplylykdan aşaky ýaşdakylaryň paýy 1,0% peseldi (30,9%-den 29,9%-e çenli), emma zähmete ukyply ýaşdakylaryň paýy 0,6% (63,0%-den 63,6%-e çenli) we zähmete ukyplylykdan ýokary ýaşdakylaryň paýy 0,4% (6,1%-den 6,5%-e çenli) ýokarlandy. Zähmete ukyply ýaşdakylaryň paýynyň artmagy ýurduň zähmet gorlarynyň sanynyň köpelmegine ýardam berýändigini delillendirýär.

Häzirki döwürde ykdysadyýetiň pudaklarynda innowasion ösüşleri gazanmak üçin, täze tehniki hem-de öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen edara-kärhanalary ýokary derejeli hünärmenler bilen üpjün etmek, ylymly-bilimli ýaşlaryň täze neslini kemala getirmek, onuň hünär taýýarlygyny halkara standartlaryna laýyklykda amala aşyrmak meseleleri «Türkmenistanda innowasiýa işini ösdürmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň Döwlet Maksatnamasynyň» esasy özeni bolup durýar.

«Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda hünär biliminiň maksatnamalary boýunça bilimiň şu aşakdaky basgançaklary bellenilýär:

1) başlangyç hünär bilimi;
2) orta hünär bilimi;
3) ýokary hünär bilimi;
4) ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi.

### 12.1.1. Başlangyç hünär taýýarlygynyň maksady we amala aşyrylyş aýratynlyklary

*Başlangyç hünär biliminiň maksady* jemgyýete peýdaly işiň ähli esasy ugurlary boýunça zähmet çekmek üçin hünärleri bolan işgärleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

145.0 x 215.0 mm

Türkmenistanyň raýatynyň başlangyç hünär biliminiň maksatnamalary boýunça okadylmagy *umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda* amala aşyrylýar.

Başlangyç hünär bilimi dürli görnüşli (*başlangyç hünär okuw mekdebi, liseý we beýlekiler*) başlangyç hünär bilimi edaralarynda, şeýle hem degişli ygtyýarnamalary bolan orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner.

Başlangyç hünär bilimi edaralarynda okuwlar okatmagyň gündizki, şeýle hem gündizki-gaýybana görnüşlerinde amala aşyrylýar.

Hünärler, şol sanda okatmagyň görnüşleri boýunça hünärler Türkmenistanyň başlangyç hünär biliminiň hünärleriniň Döwlet klassifikatory bilen ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

Başlangyç hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti ele alynýan hünäriň çylşyrymlylygyna baglylykda bir okuw ýylyndan bir ýarym okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alýar. Okuwyň anyk möhleti bilimi dolandyrmak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan tassyklanylýan degişli hünäre taýýarlamagyň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenýär.

Başlangyç hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryna degişli hünär boýunça hünär derejesiniň berlendigini görkezýän bilim hakynda resminama berilýär.

Başlangyç hünär bilimini almak onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmaga, şeýle hem Türkmenistanyň orta hünär we ýokary hünär bilimi edaralarynda okuwyny dowam etmäge mümkinçilik berýär.

### 12.1.2. Orta hünär biliminiň häsiýetli aýratynlyklary

Orta *hünär bilimi* şahsyýetiň hünär bilimini almaga we ony çuňlaşdyrmaga bolan isleginiň kanagatlandyrylmagyna esaslanýar. Onuň Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň degişli pudaklary üçin orta derejeli hünärmenleri taýýarlamak maksady bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň orta hünär biliminiň maksatnamalary boýunça okadylmagy umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar.

Orta hünär bilimi dürli görnüşli (*orta hünär mekdebi, kollej we beýlekiler*) orta hünär bilimi edaralarynda we degişli ygtyýarnamalary bar bolan ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner.

Orta hünär bilimi edaralarynda okuwlary okatmagyň *gündizki, gündizki-gaýybana* we *gaýybana* görnüşlerinde amala aşyrylýar.

Hünärler, şol sanda okatmagyň görnüşleri boýunça hünärler, Türkmenistanyň orta hünär biliminiň hünärleriniň Döwlet klassifikatory ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýär.

Orta hünär bilimi edaralarynda okatmagyň *gündizki-gaýybana* we *gaýybana* görnüşlerine talyplyga kabul etmek we hünärmenleri taýýarlamak raýatyň bilim edarasyndaky saýlan hünärine degişli bolan iş ýerinde ýa-da wezipede iki ýyldan az bolmadyk möhletde iş tejribesiniň bolmak şerti bilen we onuň iş berijisiniň hödürnamasy boýunça amala aşyrylýar.

Orta hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti öwrenilýän hünäre we okatmagyň görnüşlerine baglylykda iki okuw ýylyndan dört okuw ýylyna çenli möhleti öz içine alýar. Okuwyň anyk möhleti degişli hünärleriň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan okuw meýilnamalary bilen kesgitlenýär.

Orta hünär bilimi edaralarynyň uçurymlaryna degişli hünär boýunça orta basgançaga laýyk gelýän hünär derejesiniň berlendigini görkezýän bilim hakynda resminama berilýär.

Orta hünär bilimini almak, onuň eýesine degişli hünär işini amala aşyrmaga, şeýle hem Türkmenistanyň ýokary hünär bilimi edaralarynda okuwyny dowam etdirmäge mümkinçilik berýär.

### 12.1.3. Ýokary hünär bilimini almagyň şertleri we tertibi

*Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary* Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklary üçin taýýarlygyň ugurlary we hünärler boýun-

ça hünärli işgärleriň düýpli nazaryýet we amalyýet taýdan taýýarlanylmagyny, şeýle hem şahsyýetiň bilimini, ylmy-mugallymçylyk hünärini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan islegleriniň kanagatlandyrylmagyny üpjün edýär.

Türkmenistanda ýokary hünär bilimli işgärleri taýýarlamagyň ***iki basgançakly***, şonuň ýaly-da ***bir basgançakly*** gurluş düzümi bardyr.

Taýýarlygyň ugurlary boýunça okatmak amala aşyrylýan **iki basgançakly gurluş düzümi bolan ýokary hünär biliminiň birinji basgançagy (bakalawr derejesi) hünär işiniň ähli görnüşlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenýär.**

Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (bakalawr derejesi) boýunça okatmak umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar.

Ýokary okuw mekdeplerinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (*bakalawr derejesi*) boýunça okuw okatmagyň *gündizki, gündizki-gaýybana, gaýybana görnüşleri* boýunça geçirilýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde okuwyň gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşlerine talyplyga kabul etmek we ýokary hünär biliminiň (*bakalawr derejesi*) taýýarlygynyň ugurlary boýunça hünärli işgärleri taýýarlamak, raýatyň bilim edarasynda saýlan taýýarlygynyň ugruna degişli bolan iş ýerinde ýa-da wezipede iki ýyldan az bolmadyk möhletde iş tejribesiniň bolmak şerti bilen we onuň iş berijisiniň hödürnamasy esasynda amala aşyrylýar.

Taýýarlygyň ugurlary boýunça okatmak amala aşyrylýan iki basgançakly gurluş düzümi bolan **ýokary hünär biliminiň ikinji basgançagy (magistr derejesi), hünär we (ýa-da) dolandyryş wezipeleriniň birnäçesini özbaşdak çözmäge, mugallymçylyk işiniň dürli görnüşlerini geçirmäge we umuman ylmy-barlag işlerini alyp barmaga taýýarlamagy üpjün edýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenilýär**.

Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (*magistr derejesi*) boýunça okatmak ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar.

Ýokary okuw mekdeplerinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalary (*magistr derejesi*) boýunça okatmak okuwyň *gündizki görnüşi* boýunça geçirilýär.

Okadylmagy hünärler boýunça amala aşyrylýan işgärleri (*hünärmenleri*) taýýarlamagyň bir basgançakly gurluş düzümi bolan, mugallymçylyk, gözleg işleriniň ähli görnüşlerini amala aşyrmaga mümkinçilik berýän ýokary bilim hökmünde kesgitlenilýär.

Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary boýunça (*hünärmen*) taýýarlamak umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda amala aşyrylýar.

Ýokary okuw mekdeplerinde ýokary hünär biliminiň maksatnamalary boýunça (*hünärmen*) okuw okatmagyň gündizki, *gündizki-gaýybana, gaýybana görnüşleri* boýunça geçirilýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde okatmagyň gündizki-gaýybana we gaýybana görnüşlerine talyplyga kabul etmek we hünärler boýunça hünärli işgärleri taýýarlamak raýatyň bilim edarasyndaky saýlan hünärine degişli bolan iş ýerinde ýa-da wezipede iki ýyldan az bolmadyk möhletde iş tejribesiniň bolmak şerti bilen we onuň iş berijisiniň hödürnamasy *esasynda* amala aşyrylýar.

Ýokary hünär bilimi dürli görnüşdäki (*uniwersitet, akademiýa, konserwatoriýa, institut we başgalar*) ýokary hünär bilimi edaralarynda (*ýokary okuw mekdeplerinde*) alnyp bilner.

Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary boýunça, şol sanda okatmagyň görnüşleri boýunça taýýarlygyň ugurlary hem-de hünärler Türkmenistanyň ýokary hünär biliminiň taýýarlygynyň ugurlarynyň we hünärleriniň Döwlet klassifikatory bilen ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

Ýokary hünär biliminiň bilim maksatnamalaryny özleşdirmegiň kadalyk ölçeg möhleti öwrenilýän taýýarlygyň ugruna (hünäre) we okatmagyň görnüşine baglylykda, adatça, bakalawrlary taýýarlamak üçin – dört okuw ýylyny, magistrleri taýýarlamak üçin – bir okuw ýylyndan iki okuw ýylyna çenli möhletli, hünärmenleri taýýarlamak üçin – bäş okuw ýylyndan alty okuw ýylyna çenli möhletli. Okuwyň anyk möhleti taýýarlygyň degişli ugurlarynyň (hünärleriň) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýan okuw meýilnamalary bilen kesgitlenýär.

Ýokary hünär biliminiň maksatnamalary boýunça okuwy üstünlikli tamamlan uçurymlara degişli hünär derejeleri berilýär: taýýarlygyň ugruny görkezmek bilen *bakalawr derejesi*; taýýarlygyň ugruny görkezmek bilen *magistr derejesi*; hünärini görkezmek bilen – *hünärmen*.

## 12.2. Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň maksady we onuň ähmiýeti

Türkmenistanda üznüksiz bilim ulgamynyň ýokary basgançagy hökmünde, ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň maksady ýokary hünär derejeli ylmy işgärleri taýýarlamakdyr.

Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi, ýokary hünär biliminiň (*magistriň diplomy, hünärmeniň diplomy*) binýadynda amala aşyrylýar.

Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi ýokary hünär biliminiň bilim edaralarynda we ylmy edaralarda, şeýle hem alymlyk derejesine dalaşgärlik arkaly alnyp bilner.

**«Türkmenistanyň ilat baradaky maglumatlaryň döwlet klassifikatoryna» laýyklykda ylmy işgärleri taýýarlamak şu aşakdaky görnüşler boýunça geçirilýär:**

1) aspirantura;
2) adýunktura;
3) doktorantura;
4) ordinatura;
5) alymlyk derejesine dalaşgär.

**Alymlyk derejeleri** şu görnüşler boýunça berilýär:

1) ylymlaryň doktory;
2) ylymlaryň kandidaty;
3) daşary ýurtlarda berlen alymlyk derejeleri (PhD –filosofiýanyň doktory we ş.m.).

**Alymlyk atlary** şu görnüşler boýunça dakylýar:

1) Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň hakyky agzasy (akademigi);

2) Türkmenistanyň pudaklaýyn Ylymlar akademiýasynyň akademigi;

3) Halkara Ylymlar akademiýasynyň akademigi;

4) Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň habarçy-agzasy;

5) Türkmenistanyň pudaklaýyn Ylymlar akademiýasynyň habarçy-agzasy;

6) Halkara Ylymlar akademiýasynyň habarçy-agzasy;

7) ylymlaryň Hormatly doktory;

8) ylmy hünäri boýunça Hormatly professor;

9) professor;

10) dosent;

11) uly ylmy işgär;

12) daşary ýurtlarda berlen başga alymlyk atlary.

Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň meseleleri Türkmenistanyň kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär, şol sanda: «Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda», «Ylmy edaralar hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Innowasiýa işi hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda ylmy işgärleri taýýarlamagyň döwlet kepillikleri berkidilýär.

2015-nji ýylda kabul edilen «Türkmenistanda innowasiýa işini ösdürmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň», «Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň Döwlet Maksatnamasynyň», «Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamagyň Maksatnamasynyň» esasy maksady Türkmenistanyň strategik milli bähbitlerini durmuşa geçirmek üçin amaly ähmiýetli ylym we tehnologiýalar ulgamynda möhüm ylmy-tehnologik ugurlary we barlaglaryň hil taýdan täze derejesini döretmekden, tebigy we takyk ylymlary we innowasion senagaty ösdürmekden, ylmy-tehniki işiň netijelerini we täze döredilen tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmakdan, şeýle hem ýokary derejeli ylmy işgärleri taýýarlamakdan ybaratdyr.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda oýlap tapyjylyk işini höweslendirmek üçin, şeýle-de, alymlyk derejeleri we alymlyk atlary üçin goşmaça tölegler bellenilýär hem-de akademiki atlar üçin aýlyk haklary tölenilýär.

## 12.3. Hünär taýýarlygynyň maksady we amala aşyrylyş aýratynlyklary

Hünär taýýarlygynyň maksady diňleýjilere bellibir çylşyrymly bolmadyk işi, işler toplumyny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan endikleri çaltlaşdyrylan görnüşde öwretmekden ybarat.

Hünär taýýarlygy, degişli ygtyýarnamanyň bolan ýagdaýynda bilim ugurly bolmadyk kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň okuw bölümlerinde, umumybilim berýän edaralarynda, şeýle hem degişli hünär derejesi we ygtyýarnamasy bar bolan hünärmenlerden şahsy taýýarlyk tertibinde alnyp bilner.

Degişli ygtyýarnamasy bolan ýagdaýda goşmaça (şol sanda tölegli) bilim hyzmatlary hökmünde umumy orta bilim basgançagynyň bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirýän umumybilim berýän edaralary, kärhanalary, edaralar we guramalar bilen şertnamalar boýunça okuwçylaryň hünär taýýarlygyny geçirip bilerler. Hünär taýýarlygy diňe okuwçylaryň we olaryň ene-atalarynyň (olaryň ornuny tutýan adamlaryň) razylygy bilen geçirilýär.

Hünär taýýarlygynyň dowamlylygy okuw sagatlarynyň möçberi we okuw sapaklarynyň geçirilişiniň tertibiniň döwürleýinligi (tertibi) bilen kesgitlenýär.

Hünär taýýarlygynyň maksatnamalary boýunça okuwlary okatmagyň gündizki, şeýle hem gündizki-gaýybana görnüşlerinde amala aşyrylýar.

Hünär taýýarlygynyň geçilenligi degişli resminama bilen kepillendirilýär we onuň eýesine iş beriji tarapyndan geçirilýän hünär derejesiniň synagy arkaly degişli hünär işini (işleri, işler toplumyny) ýerine ýetirmäge dalaş etmäge mümkinçilik berýär.

## 12.4. Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň maksady, amala aşyrylyşynyň tertibi

Türkmenistanyň Zähmet kodeksiniň XIV bölüminde işgärleriň hünär taýýarlygy, olary gaýtadan taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak boýunça düzgünler beýan edilýär.

145.0 x 215.0 mm

Zähmet kodeksiniň XIV bölüminiň I babynyň 318-nji maddasynda işgärleriň hünär taýýarlygy, gaýtadan taýýarlygy we hünärini ýokarlandyrmagy boýunça iş berijiniň hukuklary we borçlary beýan edilýär.

«Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasyna laýyklykda işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak hünär bilimlerini we endiklerini çuňlaşdyrmak, ylmyň we tehnologiýalaryň, şeýle hem halkara tejribäniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almak bilen, hünär bilimlerini täzelemek, täze hünärleri, kärleri we derejeleri öwrenmek maksady bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda *iş beriji* öz hajatlary üçin, zähmet ýa-da işgärler toparynyň köpçülikleýin şertnamasy (ylalaşygy), şeýle hem işgärler tarapyndan işiň (gullugyň) degişli görnüşleriniň ýerine ýetiriliş şertleri bilen kesgitlenýän tertipde amala aşyrylýan işgärlere bolan islegi, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň we olary gaýtadan taýýarlamagyň görnüşlerini özbaşdak kesgitleýär.

Eger *işgäriň* hünär boýunça gaýtadan taýýarlanmagy ýa-da hünär derejesini ýokarlandyrmagy tamamlanandan soňra, esassyz sebäplere görä şertnama boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmese, onda ol iş berijiniň bu maksatlar üçin çykdajylarynyň öwezini dolmaga borçludyr.

Işgärleriň (işçileriň, gullukçylaryň, hünärmenleriň) hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak döwlet serişdeleriniň hasabyna, şeýle hem şertnamalaýyn esasda bilim bermek ýa-da işgärleri hünäre taýýarlamak işi babatda degişli ygtyýarnamasynyň bar bolan ýagdaýynda ähli kysymdaky bilim edaralarynda, ylmy guramalarda, önümçilikde, beýleki guramalarda işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň hem-de olary gaýtadan taýýarlamagyň maksatnamalarynyň talaplary bilen kesgitlenýän okatmagyň görnüşinde amala aşyrylyp bilner.

Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagy hem-de olary gaýtadan taýýarlamagy guramagyň we geçirmegiň meseleleri Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy ösdürmegiň ileri tutulýan iň esasy ugurlary bolan bilim we saglygy goraýyş ulgamlaryny mundan beýläk-de ösdürmek, okatmagyň häzirki döwre laýyk täze usullaryny işläp düzmek, mugallymlaryň, lukmanlaryň hünär bilimlerini, endiklerini kämilleşdirmek, halkara tejribäniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almak bilen, hünär bilimleriniň derejesini ýokarlandyrmak, täze hünärleri, kärleri öwrenmek, şeýle hem bilim we saglygy goraýyş işgärlerine hünär, öz-özüňi kämilleşdirmek babatda giň mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, 2012-nji ýylyň 13-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň **«Ýokary okuw mekdeplerinde Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetlerini açmak hakynda»** Karary kabul edildi. Şoňa laýyklykda, *Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda Hünär derejesini ýokarlandyryş, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleri açyldy*.

2016-njy ýylyň 15-nji martynda Türkmenistanyň Prezidentiniň çykaran Karary bilen Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda «Hünär derejesini ýokarlandyryş» fakulteti açyldy we energetika pudagynyň işgärleriniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak hem-de gaýtadan taýýarlamak maksady bilen, tölegli okuwlary gurnamak üçin degişli okuw meýilnamalaryny işläp taýýarlamak göz öňünde tutuldy.

Şu babatda Türkmenistanyň Bilim ministrligine we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine aşakdaky işleri geçirmek tabşyryldy, ýagny:

1. Hünär derejesini ýokarlandyryş fakultetlerinde, Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetinde okuwlary guramagy üpjün etmek tabşyryldy.

2. Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk, lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleriniň Düzgünnamalaryny,

145.0 x 215.0 mm

hünär derejesini ýokarlandyryş, gaýtadan taýýarlaýyş okuwlarynyň meýilnamalaryny taýýarlamak we tassyklamak tabşyryldy.

3. Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetleriniň diňleýjileriniň okuw döwründe aýlyk zähmet haklarynyň, okaýan ýerine gelmegi we yzyna gaýtmagy, şeýle hem iş sapary bilen baglanyşykly çykdajylarynyň olaryň esasy iş ýeri boýunça tölenmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetlerini saklamak üçin, zerur çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetine girizdi [32].

Raýatlaryň hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlanmagyna we hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyna (mundan beýläk – *hünär okuwy*) ýardam bermek wezipesi Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň üstüne ýüklenen [31].

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 19-njy dekabrynda tassyklanan «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirlikleri tarapyndan raýatlary işçi hünärleri boýunça taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak okuwlaryny guramagyň we maliýeleşdirmegiň tertibi hakynda Düzgünnama» laýyklykda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň Zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirlikleri tarapyndan raýatlaryň hünär taýýarlygy boýunça iş beriji hem-de bilim edaralary bilen bilelikde amala aşyrylmaly işleri kesgitlenilýär [33].

## 12.5. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň tertibi

***Iş orny*** – bu işgäriň zähmet işi üçin zerur bolan serişdeler bilen üpjün edilen we zähmet kadalary esasynda kesgitlenen zähmetini sarp edýän çägidir.

***Iş orunlarynyň hünär synagy*** – bu iş ýerleriniň guramaçylyk-tehniki we ykdysady häsiýetlerini zähmetiň şertlerini, öndürijiligini hem-de öňdebaryjy kadalaryny göz öňünde tutup kesgitlemekdir. Iş

orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň esasy maksady artykmaç we netijesiz iş ýerlerini ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Kärhanada azyndan bäş adamdan ybarat hünär synagy topary döredilip, onuň düzümine zähmeti goramak, zähmeti guramak we zähmet haky gulluklarynyň hünärmenleri, baş hünärmenler, kärhananyň gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylary, kärdeşler arkalaşygyň ýa-da işgärleriň beýleki wekilçilikli edarasynyň wekilleri girýär. ***Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň möhletleri*** zähmet şertleriniň we häsiýetiniň üýtgemeginden ugur alnyp bellenilýär, ýöne ol üç ýylda bir gezekden az bolmaly däldir.

Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleri boýunça olaryň köpçülikleýin gysgaldylmagyna ýol berilmesizdir.

Iş orunlarynyň hünär synaglary «*Zähmet şertleri boýunça iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň tertibi*» hakyndaky birkysmy düzgünnama laýyklykda geçirilýär. Iş ýerleriniň hünär synagy geçirilende, baha bermegiň netijeleri boýunça şu aşakdaky ***çözgütler*** kabul edilýär:

– hünär synagyndan geçirmeli (haçanda, hakyky görkezijiler bildirilýän talaplara laýyk gelende ýa-da talaplardan ýokary derejede bolanda);

– kämilleşdirilmeli (haçanda, iş ýerleriniň käbir ölçegleri normatiwlere gabat gelmedik, ýöne düzedip bolýan ýagdaýynda);

– iş ýerini ýapmaly (eger artykmaç ýa-da talaplara laýyk gelmeýän iş ýerleri ýüze çykarylan we olary kämilleşdirmek netijesiz bolan halatynda).

Iş beriji işgärleriň hünär derejesini barlamak, işewür sypatlaryny kesgitlemek, kärine, hünärine, eýeleýän wezipesine olaryň laýyk gelşini ýüze çykarmak maksady bilen işgärleriň hünär synagyny geçirýär. Diňe degişli wezipede ýa-da iş ornunda azyndan üç ýyl işlän işgärler hünär synagyndan geçip bilerler. Her bir işgär üç ýylda bir gezek hünär synagyny geçip biler.

Kärhanada işgärleriň hünär synagyny geçirmek üçin, iş berijiniň buýrugy bilen ýeterlik tejribe toplan, degişli pudakda ýokary hünär bilimlerine eýe bolan adamlardan, şeýle hem kärdeşler arkalaşygynyň we (ýa-da) işgärleriň beýleki wekilçilikli edaranyň wekilinden ybarat hünär synagy topary döredilýär. Hünär synagy toparynyň düzü-

145.0 x 215.0 mm

mine ýokarda durýan edaranyň, şeýle hem beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hünärmenleri goşulyp biler. Işgäriň ýolbaşçysy hünär synagy toparynyň agzasy bolup bilmez.

Hünär synagy topary azyndan bäş adamdan ýa-da agzalaryň başga täk sanyndan durýar. Hünär synagy toparynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iş berijiniň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

Hünär synagy ***ýazmaça*** ýa-da ***dilden aýdylýan görnüşde geçirilýär.*** Hünär synagy üçin sowallar işgärleriň diňe eýeleýän wezipesi (käri), zähmet wezipeleri, hünäri (käri), ýerine ýetirýän işi we olaryň netijeleri, şeýle hem işgärleriň eýeleýän wezipesine (kärine) laýyk gelşini kesgitlemek üçin gerek bolan, zähmet şertnamasynda kesgitlenen hukuklaryndan we borçlaryndan ugur alyp taýýarlanylýar.

Hünär synagy topary işgäriň eýeleýän wezipesine (kärine) laýyk gelýänligi ýa-da gelmeýänligi hakdaky çözgütleriň diňe ikisinden birini kabul edýär. Şunuň bilen bir hatarda hünär synagy topary bu çözgüdine iş berijä işgäri başga wezipede (kärde) peýdalanmagyň maksadalaýyklygy hakdaky maslahaty berip biler.

Eýeleýän wezipesine laýyk gelmeýändigi hakynda hünär synagy topary tarapyndan çözgüt çykarylan işgär bilen zähmet şertnamasy iş beriji tarapyndan ýatyrylyp bilner.

Iş beriji hünär synagy toparynyň maslahatyny nazara alyp, işgäriň razylygy bilen ony başga laýyk gelýän wezipä (käre) geçirip biler.

Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň netijeleriniň esasynda iş beriji işgärler bilen zähmet şertnamalaryny ýatyryp bilmez.

***Hünär synagynyň geçirilýän wagty esasly sebäp boýunça işde ýok işgäriň hünär synagy başga wagta geçirilýär.***

***Kärhanada şu aşakdaky işgärleriň hünär synagy geçirilmeýär:***

1. Ýokarda durýan edara tarapyndan wezipä bellenenleriň;
2. Saýlawly wezipä saýlananlaryň;
3. On sekiz ýaşyna ýetmedikleriň;
4. Bu wezipede hakykatda bir ýyldan az işleýänleriň;
5. Göwreli aýallaryň;
6. Çaga seretmek boýunça rugsady gutaryp işe çykandan soňra degişli wezipede (kärde) bir ýyldan az işlän aýallaryň;
7. Maýyplaryň;

8. Pensiýa ýaşyndakylaryň we pensiýa ýaşyna ýetip barýanlaryň;
9. Köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) göz öňünde tutulan halatlarda hünär synagyna degişli bolmadyklaryň.

## 12.6. Kärhanada şägirtlik şertnamasyny baglaşmagyň tertibi

Iş berijiniň kärhanada adama hünär öwretmek üçin şägirtlik şertnamasyny baglaşmaga hukugy bardyr.

*Şägirtlik şertnamasynda şu aşakdakylar bolmalydyr:* taraplaryň ady; şägirdiň alýan anyk käri, hünäri; iş berijiniň şägirtlik şertnamasyna laýyklykda işgäre öwrenmek mümkinçiligini üpjün edişi; işgäriň okuw geçmek we alnan käre, hünäre laýyklykda kärhanada iş beriji bilen şägirtlik şertnamasynda bellenen möhletiniň dowamynda zähmet şertnamasy boýunça işlemek borjy; şägirtligiň möhleti; şägirtlik töleginiň möçberi.

Şägirtlik şertnamasynda taraplaryň ylalaşygy bilen kesgitlenen *beýleki şertler* hem bolup biler.

Şägirtlik şertnamasy şeýle şertnamada bellenilen möhletiň içinde kärhanada bellibir kär, hünär boýunça öwretmek, hünär we kär almak üçin zerur bolan möhlete baglaşylýar.

Şägirtlik şertnamasy şu şertnamada görkezilen günden başlap, onda göz öňünde tutulan möhletiň içinde hereket edýär.

Şägirtlik şertnamasynyň hereketi şägirdiň syrkawlan, onuň harby ýygnanyşyklary geçen wagtyna we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda uzaldylýar.

Şägirtlik şertnamasynyň hereket ediş möhletiniň içinde onuň mazmuny diňe taraplaryň ylalaşygy boýunça üýtgedilip bilner.

Şägirtlik ýekeleýin, toparlaýyn we başga hilli öwretmek arkaly guralýar.

Şägirtligiň wagty hepdäniň dowamynda degişli işler ýerine ýetirilende, degişli ýaşdaky, hünärdäki, kärdäki işgärler üçin bellenilen iş wagtynyň kadalaryndan ýokary geçmeli däldir.

Kärhanada okuw geçýän işgärler iş beriji bilen ylalaşyp, zähmet şertnamasy boýunça işden doly boşadylyp ýa-da doly däl iş wagtynyň şertlerinde bu işi ýerine ýetirip bilerler. Şägirtlik şertnamasynyň here-

ket edýän döwründe işgärler gijeki işlere, iş wagtyndan daşary işlere, dynç alyş günlerindäki we işlenilmeýän baýramçylyk we ýatlama günlerindäki işe çekilip; şägirtlik bilen baglanyşykly bolmadyk gulluk iş saparlaryna iberilip bilinmez.

Şägirtlere şägirtlik döwründe talyp haky tölenilip, onuň möçberi şägirtlik şertnamasynda kesgitlenilýär. Ol alnan käre, hünäre, hünärmenlik derejesine baglydyr, ýöne ol Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň az zähmet hakyndan pes bolup bilmez.

Tejribe okuwlarynda şägirdiň ýerine ýetirýän işi bellenilen bahalar boýunça tölenilýär. Zähmeti goramagyň meselelerini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň täsiri şägirtlere degişlidir.

Şägirtlik şertnamasynyň Türkmenistanyň Zähmet kodeksine, köpçülikleýin şertnama (ylalaşyga) ters gelýän şertleri hakyky däldir we ulanylmaýar.

Şägirtligi üstünlikli tamamlan adamlara iş beriji bilen zähmet şertnamasy baglaşylanda, okuw şertnamasyna laýyklykda synag möhleti bellenilmeýär.

Eger şägirt şägirtlik tamamlanandan soňra esasly sebäpler bolmazdan şägirtlik şertnamasy boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, şol sanda işe girişmese, ol şägirtlik döwründe alan talyp hakyny iş berijä gaýtarmaga, şeýle hem iş berijiniň şägirtlik bilen baglanyşykly çeken beýleki çykdajylaryny tölemäge borçludyr.

Önümçilikde işçi ýerlerini taýýarlamak, esasan hem, dokma we gurluşyk kärhanalaryna degişlidir. Bu pudaklarda hünärmenler, esasan, halypaçylyk usulynda taýýarlanylýar. ***Hünärmenleri önümçilikde taýýarlamak kärhanalara şu aşakdaky artykmaçlyklary berýär*:**

1. Hünärmenleri taýýarlamagyň dessinligi (operatiwligi);
2. Hünärmenleri taýýarlamaga serişdeleriň az sarp edilmegi;
3. Hünärmenleri taýýarlamagyň hiliniň ýokary bolmagy.

**Kärhanalarda işçi hünärmenler:**

– ýöriteleşdirilen toparlarda;
– ýöriteleşdirilen okuwlarda;
– halypa-şägirt usulynda taýýarlanylýar.

145.0 x 215.0 mm

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat. 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat, 2010.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. Aşgabat, 2011.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat, 2012.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom. Aşgabat, 2013.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom. Aşgabat, 2014.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. Aşgabat, 2015.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir! Aşgabat, 2008.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň

talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, 2010.
17. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
18. Türkmenistanyň Zähmet kodeksi. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
19. «Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda» Türkmenistanyň Kodeksi (Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary. 2012 ý., № 3-4, 91-nji madda).
20. «Kärdeşler arkalaşyklary, olaryň hukuklary we işiniň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 2013.
21. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2010.
22. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2015.
23. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). «Türkmenistan» gazeti, 2009-njy ýylyň 9-njy marty.
25. «Eýeçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1993-nji ýylyň 22-nji oktýabry.
26. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2000-nji ýylyň 31-nji iýuly.
27. «Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2012.
28. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2013.
29. «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2016.

145.0 x 215.0 mm

30. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda çykaran «Önümçilik pudaklarynyň işçilerini zähmetine görä tapawutlandyrmak we olara hak tölemek hakyndaky» 3924-nji belgili Karary (Türkmenistanyň Prezidentiniň aktlarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň kararlarynyň ýygyndysy. № 10, 1998, 7558-nji madda).
31. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 8-nji aprelindäki 11593-nji belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi hakynda Düzgünnama» (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. №4, 2011).
32. «Ýokary okuw mekdeplerinde Hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de Diplomdan soňky taýýarlyk we lukmanlary kämilleşdiriş fakultetlerini açmak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. № 4, 2012, 1864-nji madda).
33. Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 19-njy dekabrynda tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda 619 san bilen bellige alnan «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi müdirlikleri tarapyndan raýatlary işçi hünärleri boýunça taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak we hünär derejesini ýokarlandyrmak okuwlaryny guramagyň we maliýeleşdirmegiň tertibi hakynda Düzgünnama».
34. «Iş saparlarynyň çykdajylary hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary (2007-nji ýylyň 22-nji maýy, № 8629).
35. «Türkmenistanyň çäklerinde gulluk iş saparyna iberilýän işgärler üçin gulluk iş saparlarynyň çykdajylarynyň möçberini bellemek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary (2014-nji ýylyň 17-nji apreli, № 13619).
36. «Göwrelilik we çaga dogurmak we wagtlaýyn zähmete ukypsyzlygy boýunça döwlet kömek puluny bellemegiň we tölemegiň tertibi hakynda» gollanma (Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2007-nji ýylyň 16-njy noýabrynda 446-njy hasaba alyndy).

37. «Ganyň donorlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 06.09.2017.
38. «Ganyň we onuň düzüm birlikleriniň donorçylygy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary (2013-nji ýylyň 18-nji marty, № 12912).
39. «Aýratyn zähmet şertleri bolan işlerde goşmaça hak bellemegiň we tölemegiň Tertibini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary (2013-nji ýylyň 17-nji maýy, № 13002).
40. *Аманиязова Л.* Образование, рынок труда и национальный кадровый резерв. Фонд «Наследие Евразии». МИД РФ, 2009.
41. *Muhammetberdiýew Ö.B., Suwhanow N.* Filosofiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat. «Ylym», 2011.
42. *Кадомцева С.В.* Экономические основы системы социальной защиты. М., 1997.
43. *Üwdiýew T.O., Ataýew J.J., Babaýewa M.A.* Zähmetiň ykdysadyýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 1995.
44. *Bakyýew I.B. we başg*. Zähmetiň ykdysadyýeti we bazary. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001.
45. *Saryýew B.S.* Türkmenistanyň zähmet hukugy. Aşgabat, 2005.
46. *Sopyýew A. we başg*. Ykdysady nazaryýet. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2009.
47. *Оразов М.* Рынок труда: его сущность и функции. Мары, 1996.
48. *Еремина Н.М*. Статистика труда. Москва, 1988.
49. *Горелов Н.А.* Экономика трудовых ресурсов. Москва, 1989.
50. *Никитин А.В.* Анализ трудовых показателей. Москва, 1989.

145.0 x 215.0 mm

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 7

I BAP
BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ BAGTYÝARLYK DÖWRÜNDE ZÄHMETIŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÄHMIÝETI

1.1 Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe durmuş-zähmet syýasatynyň häsiýetli taraplary................................................8
1.2. Türkmenistanyň durmuş-zähmet syýasatynyň mazmuny we esasy ýörelgeleri .........................................................9
1.3. Türkmenistanyň durmuş-zähmet syýasatynyň kanunçylyk esaslary..........................................................10

II BAP
«ZÄHMETIŇ YKDYSADYÝETI» DERSINIŇ PREDMETI, MAZMUNY WE ESASY DÜŞÜNJELERI

2.1. «Zähmetiň ykdysadyýeti» dersiniň predmeti we mazmuny ...... 12
2.2. Zähmetiň ykdysadyýeti ylym hökmünde. Onuň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy............................14
2.3. «Zähmetiň ykdysadyýeti» dersiniň esasy düşünjeleri ............... 16

III BAP
ZÄHMET BAZARYNDA DURMUŞ-ZÄHMET GATNAŞYKLARYNYŇ DÖWLET TARAPYNDAN KADALAŞDYRYLYŞY

3.1. «Durmuş-zähmet gatnaşyklary» adalgasynyň mazmuny we ähmiýeti...........................................................24
3.2. Bazar şertlerinde durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň subýektleri................................................27
3.3. Durmuş-zähmet gatnaşyklarynda döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleri ......................................................29
3.4. Zähmet gatnaşyklarynyň döremegi, üýtgedilmegi we bes edilmegi...........................................30

## IV BAP
## BAZAR ŞERTLERINDE ZÄHMET ÖNDÜRIJILIGI WE ONY KESGITLEMEGIŇ USULLARY


4.1. Zähmet öndürijiliginiň mazmuny ........ 33
4.2. Zähmet öndürijiligini kesgitlemegiň usullary ........ 38
4.3. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna täsir edýän faktorlar ........ 43
4.4. Zähmet öndürijiliginiň ösüş mümkinçilikleri ........ 46


## V BAP
## KÄRHANALARDA ZÄHMET PROSESI


5.1. «Zähmet prosesi» hakynda düşünje, onuň düzümi we görnüşleri ........ 55
5.2. Zähmet prosesiniň ýönekeý pursatlary ........ 58
5.3. Zähmet prosesiniň önümçilik işine (operasiýasyna) bölünişi ........ 60


## VI BAP
## KÄRHANALARDA IŞ WAGTYNYŇ WE DYNÇ ALYŞ WAGTYNYŇ HUKUK TAÝDAN DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI


6.1. Kärhanalarda iş wagtynyň düzgünleşdirilişi ........ 64
6.2. Kärhanalarda dynç alyş wagtynyň düzgünleşdirilişi ........ 69


## VII BAP
## ZÄHMETE HAK TÖLEMEGIŇ BAZAR MEHANIZMI


7.1. Zähmet hakynyň mazmuny, ýerine ýetirýän wezipeleri ........ 72
7.2. Zähmete hak tölemegiň umumy düzgünleri ........ 76
7.3. Zähmete hak tölemegi guramagyň mehanizmi ........ 81
7.4. Zähmete hak tölemegiň görnüşleri we olaryň hasaplanylyşy ........ 84
7.5. Zähmete hak tölemegiň aýratyn şertleri ........ 99


## VIII BAP
## KEPILLIKLER WE ÖWEZINI DOLMALAR


8.1 Kepillikleriň we öwezini dolmalaryň mazmuny, görnüşleri hem-de olaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilişi ........ 107

145.0 x 215.0 mm


8.2. Gulluk iş saparlarynda berilýän
kepillikler we öwezini dolmalar ..... 109
8.3. Zähmete ukyplylyk wagtlaýyn ýitirilende,
işgäre berilýän kepillikler ..... 116
8.4. Donor bolup durýan işgärler üçin kepillikler ..... 117
8.5. Aýratyn zähmet şertleri bolan işlere
goşmaça hak bellemek ..... 118
8.6. Döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny ýerine
ýetirýän wagtynda işgärler üçin kepillendirmeler ..... 120

IX BAP
ZÄHMET GÖRKEZIJILERI WE OLARYŇ SELJERILIŞI

9.1. Zähmet görkezijileriniň ulgamy we olaryň ähmiýeti ..... 123
9.2. Zähmet görkezijileriniň seljerilişi ..... 125

X BAP
IŞÇI GÜÝJI, ZÄHMET BAZARY WE ILATYŇ IŞ BILEN MEŞGULLYGY. ZÄHMET GORUNYŇ GÖRKEZIJILERI

10.1. «Işçi güýji», «Zähmet bazary» we «Ilatyň
iş bilen meşgullygy» düşünjeleri we olaryň görnüşleri ..... 134
10.2. Zähmet gorunyň düzümi, onuň mukdar
we hil görkezijileri ..... 139
10.3. Türkmenistanyň zähmet bazaryny
düzgünleşdirýän kanunçylyk esaslary ..... 144

XI BAP
YKDYSADYÝETIŇ PUDAKLARYNDA IŞLEÝÄNLERIŇ DÜZÜMINIŇ WE SANYNYŇ GÖRKEZIJILERI

11.1. Ykdysadyýetiň pudaklarynda işleýänleriň düzümi ..... 147
11.2. Işgärleriň sanynyň görkezijileri ..... 152
11.3. Kärhanalarda işgärleriň hereketiniň görkezijileri ..... 155

XII BAP
BAZAR ŞERTLERINDE IŞGÄRLERI TAÝÝARLAMAGYŇ, GAÝTADAN TAÝÝARLAMAGYŇ WE OLARYŇ HÜNÄRINI ÝOKARLANDYRMAGYŇ HUKUK ESASLARY

12.1. Ykdysady ösüşi üpjün etmekde hünär biliminiň
orny we onuň mazmuny ..... 158

12.1.1. Başlangyç hünär taýýarlygynyň
maksady we amala aşyrylyş aýratynlyklary ............................159
12.1.2. Orta hünär biliminiň häsiýetli aýratynlyklary......................160
12.1.3.Ýokary hünär bilimini almagyň şertleri we tertibi ...............161
12.2. Ýokary okuw mekdebinden soňky
hünär biliminiň maksady we onuň ähmiýeti ...........................164
12.3. Hünär taýýarlygynyň maksady we
amala aşyrylyş aýratynlyklary ................................................166
12.4. Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň
we olary gaýtadan taýýarlamagyň maksady,
amala aşyrylyşynyň tertibi......................................................166
12.5. Iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmegiň tertibi.................169
12.6. Kärhanada şägirtlik şertnamasyny
baglaşmagyň tertibi ................................................................172
Peýdalanylan edebiýatlar ..................................................................174

145.0 x 215.0 mm

**Jeren Hanaýewa, Maýagözel Babaýewa,**
**Pirmuhammet Ekäýew**

# ZÄHMETIŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Aşyrowa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter işleri | *D. Piriýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *T. Üwdiýew* |

145.0 x 215.0 mm

Çap etmäge rugsat edildi 15.10. 2018. Ölçegi $60x90^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 11,5.
Hasap-neşir listi 10,77. Şertli reňkli ottiski 23,25.
Çap listi 11,5. Sargyt № 1975. Sany 1500.

145.0 x 215.0 mm

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.